| | | | | 49.50.12 | Tebigy gazy turbageçirijiler boýunça daşamak boýunça hyzmatlar <br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar*:** <br>*- tebigy gazy suwaltmak we ony gaz görnüşli ýagdaýa gaýtaryp getirmek boýunça hyzmatlary, 09.10.13 seret* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *- tebigy gazy ahyrky peýdalanyjylaryň arasynda paýlamak boýunça hyzmatlary, 35.22.10 seret* |
| | | | | 49.50.19 | Gaýry önümleri turbageçirijiler boýunça daşamak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar*:**<br>*- beýleki toparlara goşulmadyk beýleki himiki önümleri, kömür suspenziýalaryny we gaýry önümleri turba geçirijiler boýunça daşamak boýunça hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar*:**<br>*- bugy we suwy ahyrky peýdalanyjylaryň arasynda paýlamak boýunça hyzmatlary, 35.30.12, 36.00.20 seret* |
| **50** | | | | | **Suw ulagynyň hyzmatlary** |
| | 50.1 | 50.10 | 50.10.1 | 50.10.10 | Deňiz gämilerinde ýolagçylara umman gatnawlary we kabotaž gatnawlary boýunça hyzmatlar |
| | | | | 50.10.11 | Deňiz paromlarynda ýolagçylara umman gatnawlary we kabotaž gatnawlary boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- suwasty ganatly we howa ýassykly gämileri goşmak bilen, ýolagçy paromlarynda ýolagçylary umman gatnawlary we kabotaž gatnawlary boýunça gatnatmak hyzmatlary, yzygiderli ýa-da yzygiderli däl esasda*<br>*- ýolagçylaryň goşmaça çykdajysyz ýanlaryna alyp biljek goşlaryny, mallaryny we gaýry ýükleriň daşamak boýunça hyzmatlary* |
| | | | | 50.10.12 | Syýahatçylyk gämilerinde ýolagçylara umman gatnawlary we kabotaž gatnawlary boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- ýerine ýetirilýän deňiz syýahatçylygy hyzmatlary, olar üçin aýratynlykda hak tölenmeýän gatnatmagy, ýaşaýyş şertlerini üpjün etmegi, naharlamagy, dynç alyş hyzmatlaryny we tölege aýratyn hödürlenilmeýän göwün açyş babatynda gaýry hyzmatlary goşmak bilen* |
| | | | | 50.10.19 | Deňiz gämilerinde ýolagçylara umman gatnawlary we kabotaž gatnawlary boýunça gaýry hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- hyzmatlaryň derejesine (klas) garamazdan, deňiz gämilerinde yzygiderli ýa-da yzygiderli däl esasda ýolagçylara umman gatnawlary we kabotaž gatnawlary boýunça hyzmatlary*<br>*- ýük gämilerinde gatnatmagy goşmak bilen, ýolagçylary portdan porta çenli gatnatmak boýunça hyzmatlary*<br>*- ýolagçylaryň goşmaça çykdajysyz ýanlaryna alyp biljek goşlaryny, mallaryny we gaýry ýükleriň daşamak boýunça hyzmatlary* |
| | | | 50.10.2 | 50.10.20 | Ýolagçylary gatnatmak üçin umman gatnawlary we kabotaž gatnawlarda ýüzýän deňiz gämilerini ekipažy bilen kärendesine bermek boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje şeýle-de öz içine alýar:***<br>*- gezelenç katerlerini ekipažy bilen kärendesine bermek boýunça hyzmatlary (mysal üçin, balyk tutmak boýunça syýahatlar üçin)*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- ýük daşamak üçin umman gatnawlary we kabotaž* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bö-lüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *gatnawlarynda ýüzýän deňiz gämilerini ekipažy bilen kärendesine bermek boýunça hyzmatlary, 50.20.21 seret*<br>*- gezelenç katerlerini we ýeňil gämilerini ekipažsyz lizinge ýa-da kärendesine bermek boýunça hyzmatlary, 77.21.10. seret*<br>*- söwda gämileri ekipažsyz lizinge ýa-da kärendesine bermek boýunça hyzmatlary, 77.34.10. seret* |
| | 50.2 | 50.20 | | | Ýükleri deňiz gämilerinde umman gatnawlarynda we kabotaž gatnawlarynda daşamak boýunça hyzmatlar |
| | | | 50.20.1 | 50.20.10 | Ýükleri deňiz gämilerinde umman gatnawlarynda we kabotaž gatnawlarynda daşamak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar*:**<br>*- ýüklemek-düşürmek işleri, 52.24.1 seret* |
| | | | | 50.20.11 | Doňdurylan hem-de sowadylan ýükleri gämi-refrižeratorlarda umman gatnawlarynda we kabotaž gatnawlarynda daşamak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar*:**<br>*- doňdurylan hem-de sowadylan önümleri ýörite sowadylan jaýlarda umman gatnawlarynda we kabotaž gatnawlarynda daşamak boýunça hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- suwuklandyrylan gazy umman gatnawlarynda we kabotaž gatnawlarynda daşamak, 50.20.13 seret* |
| | | | | 50.20.12 | Çig nebiti deňiz gämilerinde-tankerlerde umman gatnawlarynda we kabotaž gatnawlarynda daşamak boýunça hyzmatlar |
| | | | | 50.20.13 | Beýleki suwuklyklary ýa-da gazlary deňiz gämilerinde-tankerlerde umman gatnawlarynda we kabotaž gatnawlarynda daşamak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar*:**<br>*- tebigy gazy, metany we nebiti gaýtadan işleýän önümleri ýaly, beýleki suwuklyklary ýa-da gazlary ýörite deňiz gämilerinde-tankerlerde umman gatnawlarynda we kabotaž gatnawlarynda daşamak boýunça hyzmatlary* |
| | | | | 50.20.14 | Konteýner ýüklerini konteýner daşaýan gämilerinde umman gatnawlarynda we kabotaž gatnawlarynda daşamak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar*:**<br>*- aýratyn önümleri we gatnadylanda ýüklemek-düşürmek işlerini ýeňilleşdirmek üçin niýetlenen, ýörite gurlan konteýnerlerde, ýygnalan we ugradylan ýükleriň paketlerini deňiz gämilerinde umman gatnawlarynda we kabotaž gatnawlarynda daşamak boýunça hyzmatlary* |
| | | | | 50.20.15 | Gury ürgün ýüklerini deňiz gämilerinde umman gatnawlarynda we kabotaž gatnawlarynda daşamak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar*:**<br>*- däne, un, sement, çäge, daş kömür ýaly gury ürgün ýükleri deňiz gämilerinde umman gatnawlarynda we kabotaž gatnawlarynda daşamak boýunça hyzmatlary* |
| | | | | 50.20.19 | Deňiz gämilerinde umman gatnawlarynda we kabotaž gatnawlarynda daşamak boýunça gaýry hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar*:**<br>*- poçta we kurýer gulluklarynyň tabşyrygy boýunça hatlary* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *we banderollary deňiz gämilerinde umman gatnawlarynda we kabotaž gatnawlarynda daşamak boýunça hyzmatlary*<br>*- beýleki toparlara goşulmadyk ýükleri deňiz gämilerinde umman gatnawlarynda we kabotaž gatnawlarynda daşamak boýunça hyzmatlary* |
| | | | 50.20.2 | 50.20.20 | Ekipažly ýükleri gatnatmak üçin umman gatnawlarynda we kabotaž gatnawlarynda ýüzýän deňiz gämilerini kärendesine bermek boýunça hyzmatlar; tirkege alma hyzmatlary we manýowr hyzmatlary |
| | | | | 50.20.21 | Ýükleri daşamak üçin umman gatnawlarynda we kabotaž gatnawlarda ýüzýän deňiz gämilerini ekipažy bilen kärendesine bermek boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- umman gatnawlarynda we kabotaž gatnawlarynda daşamak üçin tankerler, gury ürgün ýükleri daşamak üçin gämiler, ýük gämileri, tirkelýän gämiler we balyk tutulýan gämiler ýaly özi ýöreýän deňiz gämileriniň ähli görnüşlerini ekipažy bilen lizinge we kärendesine bermek boýunça hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- ýolagçylary gatnatmak üçin umman gatnawlarynda we kabotaž gatnawlarynda ýüzýän deňiz gämilerini ekipažy bilen kärendesine bermek boýunça hyzmatlary, 50.10.20 seret*<br>*- söwda gämilerini ekipažsyz kärendesine bermek we lizing boýunça hyzmatlary, 77.34.10 seret* |
| | | | | 50.20.22 | Umman gatnawlarynda we kabotaž gatnawlarynda ýüzýän gämilerine edilýän tirkege almak we manýowr hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- açyk deňizde we kenarýaka suwlarda edilýän tirkege almak we manýowr hyzmatlary*<br>*Bu hyzmatlar, adatça, özleri ýük daşamaýan we ýolagçylar gatnatmaýan gämiler tarapyndan ýerine ýetirilýär*<br>*- nebit buraw wyşkalaryny, ýüzüji kranlary, gum susguçlary, buýlary, şeýle hem gämileriň korpuslaryny we gurlup gutarylmadyk gämileri tirkemek boýunça hyzmatlary* |
| | 50.3 | 50.30 | 50.30.1 | 50.30.10 | Içerki suw ulaglarynda ýolagçylary gatnatmak boýunça hyzmatlar |
| | | | | 50.30.11 | Ýolagçylary içerki suw ulagynda paromlaryň kömegi bilen gatnatmak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- ýolagçylary derýalar, kanallar, köller we gaýry içerki suw ýollary boýunça paromlarda gatnatmak boýunça hyzmatlary, suwasty ganatly gämileri we howa ýassykly gämileri goşmak bilen, yzygiderli we yzygiderli däl esasda*<br>*- ýolagçylaryň goşmaça çykdajysyz ýanlaryna alyp biljek goşlaryny, mallaryny we gaýry ýüklerin daşamak boýunça hyzmatlary* |
| | | | | 50.30.12 | Syýahatçylyk gämileriniň kömegi bilen ýolagçylary içerki suw ulagynda gatnatmak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- içerki suw ýollarynda ýerine ýetirilýän syýahatçylyk hyzmatlary, aýratyn hak tölenmeýän gatnatmagy, ýaşaýyş şertlerini üpjün etmegi, naharlamagy goşmak bilen* |
| | | | | 50.30.13 | Gezelenç we ekskursiýa gämileriniň hyzmatlary |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | 50.30.19 | Ýolagçylary içerki suw ulagynda gatnatmak boýunça gaýry hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- paromlardan, syýahatçylyk gämilerinden , gezelenç we ekskursiýa gämilerinden başga gämilerde ýolagçylary derýalar, kanallar we gaýry içerki suwlar boýunça yzygiderli we yzygiderli däl esasda gatnatmak boýunça hyzmatlary*<br>*- suw taksileriniň hyzmatlary* |
| | | | 50.30.2 | 50.30.20 | Ýolagçylary gatnatmak üçin içerki suw ulagyny ekipažy bilen kärendesine bermek boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje şeýle-de öz içine alýar:***<br>*- içerki suwlar üçin gezelenç katerlerini ekipažy bilen kärendesine bermek boýunça hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- ýükleri daşamak üçin içerki suw ulagyny kärendesine bermek boýunça hyzmatlary, 50.40.21*<br>*- gezelenç gämilerini lizinge ýa-da kärendesine bermek boýunça hyzmatlary, 77.21.10 seret*<br>*- täjirçilik söwda gämileriniň lizinge ýa-da kärendesine bermek boýunça hyzmatlary, 77.34.10 seret* |
| | 50.4 | 50.40 | 50.40.1 | 50.40.10 | Ýükleri içerki suw ulagynda gatnatmak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- ýüklemek-düşürmek işleri, 52.24.01 seret* |
| | | | | 50.40.11 | Gämi-refrižeratorlaryň kömegi bilen içerki suw ulagynda doňdurylan we sowadylan önümleri daşamak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- ýörite refrižerator gaplarda doňdurylan ýa-da sowadylan önümleri içerki suw ulagynda daşamak boýunça hyzmatlary* |
| | | | | 50.40.12 | Tanker-gämileriň kömegi bilen çig nebiti içerki suw ulagynda daşamak boýunça hyzmatlar |
| | | | | 50.40.13 | Içerki suw ulagynda ýörite tanker-gämileriň kömegi bilen gaýry suwuklyklary ýa-da gazlary, metan we nebiti gaýtadan işlemekden alnan önümleri daşamak hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- tebigy gaz, metan we nebiti gaýtadan işlenen önümleri ýaly gaýry suwuklyklary ýa-da gazlary ýörite tanker-gämileriň kömegi bilen daşamak boýunça hyzmatlary* |
| | | | | 50.40.14 | Konteýner ýüklerini içerki suw ulagynda konteýner daşaýjy-gämileriň kömegi bilen daşamak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- ýüklemek-düşürmek işlerini ýeňilleşdirmek üçin niýetlenen, ýörite gurlan konteýnerlerde toplanan we iberilen aýry-aýry önümleri we ýük paketlerini içerki suw ulagynyň gämilerinde daşamak boýunça hyzmatlary* |
| | | | | 50.40.19 | Ýükleri içerki suw ulagynda daşamak boýunça gaýry hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- beýleki toparlara goşulmadyk ýükleri içerki suw ulagynyň gämilerinde daşamak boýunça hyzmatlary* |
| | | | 50.40.2 | 50.40.20 | Ýükleri daşamak üçin içerki suw ulagyny ekipažy bilen kärendesine bermek boýunça hyzmatlar; tirkeg boýunça |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | hyzmatlar we manýowr hyzmatlary |
| | | | | 50.40.21 | Ýükleri daşamak üçin içerki suw ulagynyň gämilerini ekipažy bilen kärendesine bermek boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- ýolagçylary gatnatmak üçin içki suw ulagyny ekipažy bilen kärendesine bermek boýunça hyzmatlary, 50.30.20 seret*<br>*- täjirçilik gämilerini lizinge ýa-da kärendesine bermek boýunça hyzmatlary, 77.34.10 seret* |
| | | | | 50.40.22 | Içerki suw ulagynda tirkege almak boýunça hyzmatlar we manýowr hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- içerki suw ýollarynda we kanallarda baržalary tirkege almak boýunça tirkeg gämileri tarapyndan amala aşyrylýan hyzmatlary*<br>*- nebit buraw wyşkalaryny, ýüzüji kranlary, gum susguçlary, galtgalary, gämi korpuslaryny we doly gurulmadyk gämileri tirkemek boýunça hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- gäminiň gelip durýan we ugraýan wagtynda tirkeg gämileriniň manýowr hyzmatlary, 52.22.14 seret* |
| **51** | | | | | **Howa ulagynyň hyzmatlary** |
| | 51.1 | 51.10 | 51.10.1 | 51.10.10 | Howa ulagynda ýolagçylary gatnatmak boýunça hyzmatlar |
| | | | | 51.10.11 | Howa ulaglary arkaly ýerli gatnawlarda ýolagçylary yzygiderli gatnatmak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- gündelik tertipde ýerli ugurlar boýunça we tertipli rejenama boýunça howa ulaglarynda amala aşyrylýan ýolagçylary gatnatmak boýunça hyzmatlary. Bu hyzmatlar islendik tipdäki howa gämileri bilen (dikuçarlary goşmak bilen) ýerine ýetirilýär*<br>*- ýolagçylara degişli, goşmaça çykdajysyz ýanlaryna alyp biljek goşlaryny we gaýry ýüklerini daşamak boýunça hyzmatlary* |
| | | | | 51.10.12 | Howa ulaglary arkaly ýerli gatnawlarda ýolagçylary yzygiderli däl gatnatmak boýunça hyzmatlar, howadan gözellikleri synlamak boýunça hyzmatlardan başga<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- howa ulaglarynda ýerli ugurlar boýunça yzygiderli däl esasda amala aşyrylýan ýolagçylary gatnatmak boýunça hyzmatlary. Bu hyzmatlar howa gämileriniň islendik görnüşinde (dikuçarlary goşmak bilen) ýerine ýetirilýär*<br>*- ýolagçylara degişli, goşmaça çykdajysyz ýanlaryna alyp biljek goşlaryny we gaýry ýükleri daşamak boýunça hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- howadan gözellikleri synlamak üçin ýolagçylary gatnatmak boýunça hyzmatlary, 51.10.15 seret*<br>*- ýolagçy howa gämilerini ekipažy bilen kärendesine bermek boýunça hyzmatlary, 51.10.20 seret* |
| | | | | 51.10.13 | Howa ulaglary arkaly halkara gatnawlarynda yzygiderli esasda amala aşyrylýan ýolagçylary gatnatmak boýunça hyzmatlar |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bö-lüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | ***Bu kiçi dereje öz içine alýar:*** *- yzygiderli halkara gatnaw ugurlary boýunça we tertipli rejenama boýunça howa ulaglarynda amala aşyrylýan ýolagçylary gatnatmak boýunça hyzmatlary. Bu hyzmatlar howa gämileriniň islendik görnüşinde (dikuçarlary goşmak bilen) ýerine ýetirilýär* *- ýolagçylara degişli, goşmaça çykdajysyz ýanlaryna alyp biljek goşlaryny we gaýry ýükleri daşamak boýunça hyzmatlary* |
| | | | | 51.10.14 | Howa ulaglary arkaly halkara gatnawlarynda yzygiderli däl esasda amala aşyrylýan ýolagçylary gatnatmak boýunça hyzmatlar ***Bu kiçi dereje öz içine alýar:*** *- yzygiderli däl esasda halkara gatnaw ugurlary boýunça we tertipli däl rejenama boýunça howa ulaglarynda amala aşyrylýan ýolagçylary gatnatmak boýunça hyzmatlary. Bu hyzmatlar howa gämileriniň islendik görnüşinde (dikuçarlary goşmak bilen) ýerine ýetirilýär* *- ýolagçylara degişli, goşmaça çykdajysyz ýanlaryna alyp biljek goşlaryny we gaýry ýükleri daşamak boýunça hyzmatlary* ***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:*** *- howadan gözellikleri synlamak üçin ýolagçylary gatnatmak boýunça hyzmatlary, 51.10.15 seret* *- ýolagçy howa gämilerini kärendesine bermek boýunça hyzmatlary, 51.10.20 seret* |
| | | | | 51.10.15 | Howa ulaglary arkaly howadan gözellikleri synlamak üçin yzygiriderli däl esasda ýolagçylary gatnatmak boýunça hyzmatlar |
| | | | 51.10.2 | 51.10.20 | Ýolagçy howa gämilerini ekipažy bilen kärendesine bermek boýunça hyzmatlar ***Bu kiçi dereje öz içine alýar:*** *- ýolagçy howa gämilerini ýa-da ýolagçylary we ýükleri daşamak üçin ýaramly howa gämilerini (dikuçarlary goşmak bilen) ekipažy bilen kärendesine we lizinge bermek boýunça hyzmatlary* *Bu hyzmatlar, esasan hem, wagt hasabyndan tölenýän tölegli amala aşyrylýar we köplenç birnäçe dürli ugurlary göz öňünde tutýar.* ***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:*** *- ýolagçy howa gämilerini ekipažsyz kärendesine bermek boýunça hyzmatlary, 77.35.10 seret* |
| | 51.2 | 51.21 | 51.21.1 | 51.21.10 | Howa ulaglarynda ýükleri daşamak boýunça hyzmatlar ***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:*** *- ýük howa gämilerini ekipažy bilen kärendesine bermek boýunça hyzmatlary, 51.21.20 seret* |
| | | | | 51.21.11 | Howa ulaglary arkaly konteýnerli ýükleri yzygiderli esasda daşamak boýunça hyzmatlar ***Bu kiçi dereje öz içine alýar:*** *-yzygiderli esasda ýük daşalanda ýüklemek-düşürmek işlerini ýeňilleşdirmek üçin niýetlenen, ýörite gurnalan konteýnerlere toplanan we iberilen aýry-aýry önümleri we* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *iberilen ýük paketlerini howa ulaglary arkaly daşamak boýunça hyzmatlary* |
| | | | | 51.21.12 | Howa ulagynda hatlary we banderollary daşamak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar*:**<br>*- poçta we kurýer gullugynyň tabşyrygy boýunça yzygiderli ýa-da yzygiderli däl esasda howa ulagynda hatlary we banderollary daşamak boýunça hyzmatlary* |
| | | | | 51.21.13 | Gündelik esasynda beýleki ýükleri howa ulagy arkaly daşamak hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- beýleki toparlara goşulmadyk ýükleri howa ulagynda yzygiderli esasda daşamak boýunça hyzmatlary* |
| | | | | 51.21.14 | Howa ulagynda gaýry ýükleri yzygiderli esasda daşamak boýunça hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- yzygiderli däl esasda ýük daşalanda ýüklemek-düşürmek işlerini ýeňilleşdirmek üçin niýetlenen, ýörite gurnalan konteýnerlere toplanan we iberilen aýry-aýry önümleri we iberilen ýük paketlerin howa ulaglary arkaly daşamak boýunça hyzmatlary*<br>*- beýleki toparlara goşulmadyk ýükleri howa ulagynda yzygiderli däl esasda daşamak boýunça hyzmatlary* |
| | | | 51.21.2 | 51.21.20 | Ýük daşaýan ýük howa gämilerini ekipažy bilen kärendesine bermek boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- ýük daşaýan ýük howa gämilerini (dikuçarlary goşmak bilen) ekipažy bilen kärendesine we lizinge bermek boýunça hyzmatlary*<br>*Bu hyzmatlar, esasan hem, wagt hasabyndan tölenýän tölegli amala aşyrylýar we köplenç birnäçe ugurlary göz öňünde tutýar.*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- howa gämilerini ekipažy bilen kärendesine bermek boýunça hyzmatlary, 77.35.10 seret* |
| | | 51.22 | 51.22.1 | 51.22.10 | Älem ulagynyň hyzmatlary |
| | | | | 51.22.11 | Älem ulagy arkaly ýolagçylary gatnatmak boýunça hyzmatlar |
| | | | | 51.22.12 | Älem ulagy arkaly ýükleri daşamak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- älem ulagy arkaly ýükleri daşamak boýunça hyzmatlary*<br>*- ýeriň emeli hemralaryny uçurmak we olary orbita çykarmak boýunça hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje şeýle-de öz içine alýar:***<br>*- älem barlaghanalary tarapyndan edilýän hyzmatlary* |
| **52** | | | | | **Ammara ýerleşdirmek boýunça hyzmatlar we kömekçi ulag hyzmatlary** |
| | 52.1 | 52.10 | 52.10.1 | 52.10.10 | Ammara ýerleşdirmek we saklamak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje şeýle-de öz içine alýar:***<br>*- daşarky söwda zolaklarynda önümleri saklamak boýunça hyzmatlary*<br>*- gümrük çägine getirilen ýa-da çykarmak üçin niýetlenen harytlary gümrük gözegçiligi astynda saklamak boýunça* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bö-lüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *hyzmatlary* |
| | | | | 52.10.11 | Doňdurylan we sowadylan ýükleri saklamak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- doňdurylan we sowadylan ýükleri saklamak we ammara ýerleşdirmek boýunça hyzmatlary, tiz zaýalanýan azyk önümlerini goşmak bilen*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- hak-heşdek tölemegiň ýa-da şertnamanyň esasynda görkezilen önümleri doňdurmak boýunça hyzmatlary, kömekçi potratçylaryň önümçilik prosesiniň bir bölegini düzýän degişli hyzmatlary klassifikasiýa bölünýän 10-njy bölümiň toparyna seret* |
| | | | | 52.10.12 | Suwuk we gaz görnüşindäki ýükleri gapsyz saklamak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- suwuk we gaz görnüşindäki ýükleri gapsyz saklamak we ammarlamak boýunça hyzmatlary, nebiti we nebit önümlerini, çakyry we ş.m. goşmak bilen* |
| | | | | 52.10.13 | Däne saklamak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- däne saklamak boýunça hyzmatlary*<br>*- silos däne saklanýan ýerleri ulanmak boýunça hyzmatlary* |
| | | | | 52.10.19 | Ammara ýerleşdirmek we saklamak boýunça gaýry hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje şeýle-de öz içine alýar:***<br>*wagtlaýyn saklanýan ammarlarda ýükleri ammara ýerleşdirmek we saklamak boýunça hyzmatlary, howply ýükleri saklamakdan başga*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- awtoulag serişdeleri üçin duralgalaryň hyzmatlary, 52.21.24 seret*<br>*- öz-özüňe hyzmat ediş ammarlarynyň hyzmatlary, 68.20.12 seret*<br>*- boş meýdany kärendesine bermek boýunça hyzmatlary, 68.20.12 seret* |
| | 52.2 | | | | Kömekçi ulag hyzmatlary |
| | | 52.21 | | | Gury ýer ulagy bilen bagly hyzmatlar |
| | | | 52.21.1 | 52.21.10 | Demir ýol ulagy bilen bagly hyzmatlar |
| | | | | 52.21.11 | Demir ýol manýowr we tirkeg hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- demir ýol manýowr hem-de tirkeg hyzmatlary, mysal üçin, wagonlary sortlaýyş stansiýalarynyň, zawodlara barýan ýollaryň arasynda ondan-oňa geçirmegi* |
| | | | | 52.21.19 | Demir ýol ulagy bilen bagly gaýry hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- demir ýol ýolagçy menzilleriniň hyzmatlary (petek satmak, önünden petek sargamak, goş saklanýan kameralar)*<br>*- demir ýol infrastrukturasyny dolandyrmak boýunça hyzmatlary*<br>*- beýleki toparlara goşulmadyk demir ýol ulaglary üçin gaýry kömekçi hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:*** |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *- manýowr hyzmatlary, 52.21.11 seret*<br>*- konteýnerleşdirilen ýükler babatynda, demir ýol ýüklerini işlemek boýunça hyzmatlary, 52.24.12 seret*<br>*- konteýnerleşdirilmedik ýolagçy ýükleri ýa-da goşlary babatynda, demir ýol ýüklerini işlemek boýunça hyzmatlary, 52.24.19 seret* |
| | | | 52.21.2 | 52.21.20 | Awtomobil ulagy bilen bagly hyzmatlar |
| | | | | 52.21.21 | Awtobus terminallarynyň hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- ýolagçylary şäher, şäher etegi boýunça we şäherara awtobusly gatnatmak bilen bagly ýolagçy terminallarynyň hyzmatlary (petek satmak, önünden petek sargamak, goş saklanýan kameralar)*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- goşlary we ýükleri işlemek boýunça hyzmatlary, 52.24.19 seret* |
| | | | | 52.21.22 | Awtomagistrallary ulanmak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- awtomagistrallary, awtomobil ýollaryny, köçeleri we daş düşelen köçeleri ulanmak boýunça hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- awtoulag serişdeleri üçin duralgalaryň hyzmatlary, 52.21.24 seret* |
| | | | | 52.21.23 | Köprüleri we ötükleri ulanmak boýunça hyzmatlar |
| | | | | 52.21.24 | Ulag serişdeleri üçin duralgalaryň hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- awtoulag serişdeleri, motosikller we welosipedler üçin - awtoulag serişdeleri, motosikller we welosipedler üçin awtomobil parklary, ýapyk ýa-da açyk garažlar tarapyndan ýerine ýetirilýän hyzmatlary*<br>*- köçelerde, awtomobil ýollarynda we jemgyýetçilik ýerlerinde durlandygy üçin tölegleri ýygnamak boýunça hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- ulag serişdeleri üçin gulplanýan garažlary ýa-da garaž jaýlaryny aýlyk ýa-da ýyllyk kärendesine bermek boýunça hyzmatlary, 68.20.12 seret*<br>*- ulag goýulýan ýerleriň maşyny müşderiniň bellän ýerine eltip bermek boýunça hyzmatlary, 96.09.19 seret* |
| | | | | 52.21.25 | Hususy we täjirçilik awtoulag serişdelerini tirkege almak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- heläkçilige sezewar bolan täjirçilik we hususy awtoulag serişdelerini tirkege almak boýunça hyzmatlary*<br>*- gaýry awtoulag serişdelerini tirkege almak boýunça hyzmatlary, mysal üçin, awtomobilleri parkda goýmagyň düzgünleri bozulandygy üçin* |
| | | | | 52.21.29 | Awtomobil ulagy bilen bagly gaýry hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- awtobuslary we gaýry gury ýer awtoulag serişdelerini ýuwmak boýunça hyzmatlary, 81.29.19 seret* |
| | | | 52.21.3 | 52.21.30 | Turbageçirijiler boýunça daşamak bilen bagly hyzmatlar |
| | | 52.22 | | | Suw ulagy bilen bagly hyzmatlar |
| | | | 52.22.1 | 52.22.10 | Suw ulagy bilen bagly hyzmatlar |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bö-lüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | 52.22.11 | Deňiz we kenarýaka suwlarynda portlary we suw ýollaryny (ýükleri işlemekden başga) ulanmak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- gämi duralgalaryny, gämileri abatlamak üçin port desgalaryny, gämiler durmak üçin gurlan damba gornüşli port desgalaryny, gämileriň porta girýän ýerindäki bentleri ulanmak ýaly portlary ulanmak boýunça hyzmatlary we deňiz terminallary tarapyndan ýerine ýetirilýän, şulara degişli gaýry hyzmatlar, terminallarda ýolagçylara edilýän deňiz we kenarýaka suwlar bilen bagly hyzmatlary goşmak bilen*<br>*- gämi geçirmek üçin iki ýany derwezeli ýörite suw desgasyny, gämi göterilýän desgalary, bentleri, basseýnleri ulanmak boýunça hyzmatlary*<br>*- maýaklaryň, ýüzüji maýaklaryň, signal gämileriniň, buýlaryň, kanal çelgileriniň we şoňa meňzeş kömekçi nawigasiýa serişdeleriniň hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- port ammarlarynyň we ammarlaryň (pakgauzlaryň) hyzmatlary, 52.10.1 seret*<br>*- doklarda gämileri goýmak we doklardan çykarmak bilen bagly losman hyzmatlary, 52.22.13 seret*<br>*- gämiler doklarda goýlanda we doklardan çykarylanda tirkeg gämileriniň hyzmatlary, 52.22.13 seret*<br>*- stiwidor hyzmatlary:*<br>• *konteýnerleşdirilen ýükler bilen bagly, 52.24.11 seret*<br>• *konteýnerleşdirilmedik ýükler bilen bagly, 52.24.13 seret*<br>*- ýeňil gämiler (ýahta) üçin gämi duralgasyny ulanmak boýunça hyzmatlary, 93.29.19 seret* |
| | | | | 52.22.12 | Içerki suw ýollaryny ulanmak boýunça hyzmatlar (ýükleri işlemekden başga)<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- gaýyklar, baržalar we gämiler üçin kannalary we kanallaşdyrylan derýalary we gaýry emeli ýa-da emeli däl içerki suw ýollary ulanmak boýunça we tehniki taýdan hyzmat etmek boýunça hyzmatlary*<br>*- gämi geçirmek üçin iki ýany derwezeli ýörite suw desgasyny, gämi göterilýän desgalary, bentleri, basseýnleri ulanmak boýunça hyzmatlary*<br>*- maýaklaryň, ýüzüji maýaklaryň, signal gämileriniň, buýlaryň, kanal çelgeleriniň we şoňa meňzeş kömekçi nawigasiýa serişdeleriniň edýän hyzmatlary*<br>*- gaýry serişdeler arkaly amala aşyrylýan kanallar boýunça gämileri tirkege almak boýunça hyzmatlary, tirkeg gämilerinden başga, mysal üçin, traktory ýa-da lokomotiwi ulanmak bilen*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- port ammarlarynyň we ammarlaryň (pakgauzlaryň) hyzmatlary, 52.10.1 seret*<br>*- doklarda gämileri goýmak we doklardan çykarmak bilen* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *bagly losman hyzmatlary, 52.22.13 seret*<br>*- gämiler doklarda goýlanda we doklardan çykarylanda tirkeg gämileriniň hyzmatlary, 52.22.13 seret*<br>*- stiwidor hyzmatlary:*<br>• *konteýnerleşdirilen ýükler bilen bagly, 52.24.11 seret*<br>• *konteýnerleşdirilmedik ýükler bilen bagly, 52.24.13 seret* |
| | | | | 52.22.13 | Losman hyzmatlary we deňiz we kenarýaka suwlarynda gämi duralgasynda gämileri goýmak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- deňiz we kenarýaka suwlarynda gämileri gämi duralgasyna getirmek ýa-da ondan çykarmak üçin ýa-da gämileri ýüzmek üçin howply bolan ýerlerden aýlap geçirmek üçin losman hyzmatlary, losman gämileriniň hyzmatlaryny goşmak bilen*<br>*- deňiz we kenarýaka suwlarynda gämileriň ähli görnüşleri doklara goýlanda we doklardan çykarylanda tirkeg gämileriniň hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- kenarýaka suwlarynda ýa-da açyk deňizde tirkege almak we manýowr hyzmatlary, 50.20.22. seret* |
| | | | | 52.22.14 | Losman hyzmatlary we içerki suwlarda gämi duralgalarynda gämileri goýmak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- gämileri gämi duralgasyna getirmek ýa-da ondan çykarmak üçin ýa-da içerki suwlarda ýüzmek üçin howply ýerlerden gämileri aýlap geçirmek üçin losman hyzmatlary, losman gämileriniň hyzmatlaryny goşmak bilen*<br>*- içerki suwlarda, gämileriň ähli görnüşleri doklara goýlanda we doklardan çykarylanda tirkeg gämileriniň hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- içerki suwlarda tirkege almak we manýowr hyzmatlary, 50.40.22 seret* |
| | | | | 52.22.15 | Deňiz we kenarýaka suwlarynda gark bolan gämileri halas etmek we çykarmak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- deňiz we kenarýaka suwlarynda gämileri halas etmek boýunça hyzmatlary*<br>*- deňiz we kenarýaka suwlarynda betbagtçylyga sezawar bolan gämileri tirkege almak boýunça hyzmatlary*<br>*Şeýle hyzmatlar betbagtçylyga sezewar bolan we gark bolan gämileri we olaryň ýüklerini halas etmegi öz içine alýar, gark bolan gämileri, düňderilen gämileri ýokary galdyrmagy we ýalpak ýerlerden aýyrmagy goşmak bilen*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- kenarýaka suwlarynda ýa-da açyk deňizde gämiler tarapyndan ýerine ýetirilýän tirkege almak boýunça hyzmatlary, 50.20.22 seret*<br>*- halas ediji gämileriň hyzmatlary, deňiz ýangyn söndüriji gämileriň we beýleki deňiz gözleg we halas ediş gulluklarynyň hyzmatlary:* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bö-lüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | • *polisiýa edaralarynyň hyzmatlary, 84.24.11 seret*<br>• *jemgyýetçilik tertibini goramak we howpsuzlygy üpjün etmek bilen bagly gaýry hyzmatlary, 84.24.19 seret*<br>• *deňiz ýangyn söndüriji gämileriniň hyzmatlary, 84.25.11 seret* |
| | | | | 52.22.16 | Içerki suwlarda gark bolan gämileri halas etmek we çykarmak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- içerki suwlarda gämileri halas etmek boýunça hyzmatlary*<br>*- içerki suwlarda betbagtçylyga sezewar bolan gämileri tirkege almak boýunça hyzmatlary*<br>*Şeýle hyzmatlar betbagtçylyga sezewar bolan gämileri we gark bolan gämileri we olaryň ýüklerini halas etmegi öz içine alýar, gark bolan gämileri, düňderilen gämileri ýokary galdyrmagy we ýalpak ýerlerden aýyrmagy goşmak bilen*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- içerki suwlarda gämileriň ýerine ýetirýän tirkege almak boýunça hyzmatlary, 50.40.22 seret*<br>*- halas ediji gämileriň hyzmatlary, deňiz ýangyn söndüriji gämileriň we beýleki deňiz gözleg we halas ediş gaýry gulluklarynyň hyzmatlary:*<br>• *polisiýa edaralarynyň hyzmatlary, 84.24.11 seret*<br>• *jemgyýetçilik tertibini goramak we howpsuzlygy üpjün etmek bilen bagly gaýry hyzmatlary, 84.24.19 seret*<br>• *deňiz ýangyn söndüriji gämileriniň hyzmatlary, 84.25.11 seret* |
| | | | | 52.22.17 | Deňiz agentirleme hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- gäminiň porta gelmegi, gäminiň portda bolmagy we gäminiň portdan çykmagy bilen baglanyşykly hyzmatlar we ş.m* |
| | | | | 52.22.19 | Suw ulagy bilen bagly gaýry hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- beýleki toparlara goşulmadyk we gämileri ulanmagyň buz döwmek işleri, gämileri bellige almak, gämileri gazyga baglamak we saklamak ýaly görnüşleri bilen gönüden-göni bagly bolmadyk, suw ulagy üçin kömekçi hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- gämileriň dezinfeksiýa we dezinseksiýa boýunça hyzmatlary, 81.29.11 seret*<br>*- gämileri arassalamak boýunça hyzmatlary, şol sanda ýangyç we nebit galyndyrylary bilen hapalan ýerleri arassalamak, 81.29.19 seret*<br>*- halas ediji gämileriň hyzmatlary, deňizde ýangyn söndüriji gämileriň hem-de beýleki deňizde gözleg we halas ediş gulluklarynyň hyzmatlary:*<br>• *nebitiň dökülmegi bilen göreşmek boýunça hyzmatlary, 39.00 seret*<br>• *polisiýa edaralarynyň hyzmatlary, 84.24.11 seret* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | • *jemgyýetçilik tertibini goramak we howpsuzlygy üpjün etmek bilen bagly gaýry hyzmatlary, 84.24.19 seret*<br>• *deňiz ýangyn söndüriji gämileriň hyzmatlary, 84.25.11 seret* |
| | | 52.23 | | | Howa ulagy bilen bagly hyzmatlar |
| | | | 52.23.1 | 52.23.10 | Aeroportlary ulanmak boýunça hyzmatlar (ýükleri işlemekden başga), howa hereketini dolandyrmak boýunça hyzmatlar we howa ulagy bilen bagly gaýry hyzmatlar |
| | | | | 52.23.11 | Aeroportlary ulanmak boýunça hyzmatlar, ýükleri işlemekden başga<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- ýolagçy aerowokzallaryň hyzmatlary we aerodromlaryň ýerüsti hyzmatlary, uçuş-gonuş zolaklaryny ulanmagy goşmak bilen*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- howa ýük terminallarynyň ýüklerini işlemek boýunça hyzmatlary:*<br>• *konteýnerleşdirilen ýükler babatynda, 52.24.12 seret*<br>• *konteýnerleşdirilmedik ýükleriň ýa-da ýolagçylaryň el goşlary babatynda, 52.24.19 seret* |
| | | | | 52.23.12 | Howa hereketlerini dolandyrmak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- uçuşlary dolandyrmak boýunça aeroportyň dispetçer nokatlary tarapyndan ýerine ýetirilýän hyzmatlary, howa gämileriniň golaýlamagyny, gonmagyny we uçuşyny dolandyrmagy goşmak bilen*<br>***Bu kiçi dereje şeýle-de öz içine alýar:***<br>*- aeroportlarda ýerleşen radiolokasion stansiýalaryň hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- kömekçi radiolokasion serişdeleriň hyzmatlary, 84.13.14 seret* |
| | | | | 52.23.19 | Howa ulagy bilen bagly gaýry kömekçi hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*howa ulagy üçin gaýry kömekçi hyzmatlar, ýagny:*<br>*- uçarlarda ýangyn söndürmek we ýangyna garşy göreş hyzmatlary*<br>*- howa gämilerine tehniki taýdan hyzmat etmegi we gowy ýagdaýda saklamagy (abatlamagy aýyrmak bilen)*<br>*- angar hyzmatlary*<br>*- howa gämilerini tirkege almak*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- dezinfeksiýa boýunça hyzmatlary we howa gämilerini dezinfeksiýalamagy, 81.29.11 seret*<br>*- uçuş-gonuş zolaklaryny arassalamagy we garlary aýyrmak boýunça hyzmatlary, 81.29.12 seret*<br>*- howa gämilerini arassalamak boýunça hyzmatlary, 81.29.19 seret*<br>*- deňizde howa gämilerini halas etmek boýunça hyzmatlary, 84.24.11, 84.25.19 seret*<br>*- uçarmanlary taýýarlaýan mekdepleriň täjirçilik däl hyzmatlary, 85.53.12 seret* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** | **6** |
| | | | 52.23.2 | 52.23.20 | Älem ulagy bilen bagly hyzmatlar |
| | | 52.24 | | | Ýükleri işlemek boýunça hyzmatlar |
| | | | 52.24.1 | 52.24.10 | Ýükleri işlemek boýunça hyzmatlar |
| | | | | 52.24.11 | Portdaky konteýnerleri işlemek boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- portlarda ýörite konteýnerlerdäki ýükler üçin ýerine ýetirilýän ýükleri işlemek boýunça hyzmatlary*<br>*- portlarda ýük konteýner terminallarynyň hyzmatlary, ýagny stiwidor hyzmatlary (ýagny portlarda gämileriň konteýnerleşdirilen ýüklerini ýüklemek-düşürmek işleri we düşürmegi)* |
| | | | | 52.24.12 | Konteýnerleri işlemek boýunça gaýry hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- portlardan başga ýerde ýörite konteýnerlerdäki ýükler üçin ýerine ýetirilýän ýükleri işlemek boýunça hyzmatlary*<br>*- ýük daşamagyň ähli görnüşleri üçin ýük konteýner terminallarynyň (portlarda ýerleşmeýän) hyzmatlary, ýük wagonlaryna ýüklemek we düşürmek boýunça işleri goşmak bilen* |
| | | | | 52.24.13 | Portlarda ýükleri işlemek boýunça gaýry hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- portlarda ýük konteýner terminallarynyň hyzmatlary, stiwidor hyzmatlary (ýagny ýüklemek-düşürmek işlerini we portlarda gämileriň konteýnerleşdirilen ýüklerini düşürmegi)goşmak bilen* |
| | | | | 52.24.19 | Ýükleri işlemek boýunça gaýry hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- konteýnerleşdirilmedik ýüklere ýa-da ýolagçylaryň el goşlaryna degişli ýükleri işlemek boýunça hyzmatlary*<br>*- beýleki toparlara goşulmadyk ýüklere degişli ýükleri işlemek boýunça hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje şeýle-de öz içine alýar:***<br>*- aeroportlarda, awtobuslaryň ahyrky nokatlarynda, demir ýol ýa-da awtoýol ulaglarynda el goşlary işlemek boýunça hyzmatlary* |
| | | 52.29 | | | Gaýry kömekçi ulag hyzmatlary |
| | | | 52.29.1 | 52.29.10 | Ýük ulag-ekspedisiýa agentliginiň hyzmatlary |
| | | | | 52.29.11 | Gämi dellallygynyň hyzmatlary |
| | | | | 52.29.12 | Ýük daşamak üçin gämileri kireýine almak boýunça gaýry hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- howa gämilerinde ýük daşamak üçin gämileri kireýine almak boýunça hyzmatlary*<br>*- gämileri ýük daşamak üçin kireýine almak boýunça beýleki toparlara goşulmadyk gaýry hyzmatlary* |
| | | | | 52.29.13 | Deňiz ulaglarynda ýükleri ugratmak (ekspedisiýa) boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- deňiz ulaglary bilen ýük daşamagy guramak, deňiz ulaglarynda ýükleriň kabul edilmegini we ugradylmagyny guramak hyzmatlary*<br>*- deňiz menzillerinde ýüklere hyzmat etmek, gümrük amallaryny ýerine ýetirmegi guramak, ulag* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *resminamalaryny resmileşdirmek hyzmatlary*<br>*- ýükleriň ýüklenilmegini, düşürilmegini, ammarlarda saklanmagyny guramak, ýükleriň ahyrky barmaly nokadyna ugradylmagyny guramak, ýükleri ulaglar üçin işläp taýýarlamagy guramak hyzmatlary* |
| | | | | 52.29.19 | Ýük ulag-ekspedisiýa agentliginiň gaýry hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- ýükleri ugratmak boýunça hyzmatlary (esasan hem, ýük iberijiniň ýa-da ýük alyjynyň adyndan daşamagy guramak we amala aşyrmak boýunça hyzmatlary)*<br>*- ýükleri jemlemek we sortlamak boýunça hyzmatlary* |
| | | | 52.29.2 | 52.29.20 | Beýleki toparlara goşulmadyk gaýry kömekçi ulag hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- uçaryň görnüşiniň klassifikasiýasy boýunça hyzmatlary (howa gämisiniň belli bir görnüşini dolandyrmak üçin ygtyýarnama)*<br>*- harytlary işlemek boýunça hyzmatlary, mysal üçin,harytlary goramak maksady bilen ýükleri wagtlaýyn gaplamak, gabyndan çykarmak, seçimleýin barlamak, çekmek boýunça hyzmatlary* |
| | | | | 52.29.21 | Gümrük dellalynyň (agentiniň) hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- deklarantyň adyndan ýa-da başga gyzyklanýan şahslaryň tabşyrygy boýunça gümrük amallaryny amala aşyrmak boýunça hyzmatlary* |
| **53** | | | | | **Poçta we kurýer aragatnaşygynyň hyzmatlary** |
| | 53.1 | 53.10 | | | Milli operatoryň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan poçta hyzmatlary |
| | | | 53.10.1 | 53.10.10 | Milli operatoryň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan poçta hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- hususy kurýerçilik gulluklary tarapyndan ýerine ýetirilýän hyzmatlary, 53.20.1 seret*<br>*– poçta-süýşürintgi banklary tarapyndan edilýän maliýe araçylygy we poçta arkaly nagt däl hasaplaşyklar (žiro hasaplaşyklar boýunça hyzmatlary), 64.19. seret* |
| | | | | 53.10.11 | Milli operatoryň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan gazetler we gaýry döwürleýin neşirler bilen bagly poçta hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- milli operatoryň ýolbaşçylygynda gazetleri, žurnallary we gaýry döwürleýin neşirleri ýygnamak, içerki hem-de halkara daşamak we eltip bermek boýunça hyzmatlary* |
| | | | | 53.10.12 | Milli operatoryň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan ýazmaça hat-habarlar bilen bagly poçta hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- milli operatoryň ýolbaşçylygynda hatlary, broşýuralary, listowkalary we şoňa meňzeş çap edilen materiallary kabul etmek, içerki hem-de halkara daşamak we eltip bermek boýunça hyzmatlary* |
| | | | | 53.10.13 | Milli operatoryň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan uly gaply ýollamalar bilen bagly poçta hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:*** |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *- banderollary we paketleri kabul etmek, içerki hem-de halkara daşamak we eltip bermek boýunça milli poçta gullugy tarapyndan ýerine ýetiriilýän hyzmatlary* |
| | | | | 53.10.14 | Poçta bölümlerinde ýerine ýetirilýän hyzmatlar |
| | | | | | ***Bu kiçi dereje öz içine alýar:*** |
| | | | | | *- poçta bölümlerinde ýerine ýetirilýän hyzmatlar, mysal üçin, poçta markalaryny satmak, sargyt edilen hatlara we banderollara ýa-da gowşuralandygy habar berilmeli hatlara we banderollara hyzmat etmek we poçta bölümlerinde ýerine ýetirilýän gaýry hyzmatlary* |
| | | | | 53.10.19 | Milli operatoryň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan gaýry poçta hyzmatlary |
| | | | | | ***Bu kiçi dereje öz içine alýar:*** |
| | | | | | *- abonement ýaşşiklerini ulanmaga bermegi, talap edilýänçä hat-habarlar bilen bagly hyzmatlary we beýleki toparlara goşulmadyk umumy poçta hyzmatlaryny* |
| | | | | | ***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:*** |
| | | | | | *- telekommunikasiýa hyzmatlaryny, 61 bölüme seret* |
| | 53.2 | 53.20 | 53.20.1 | 53.20.10 | Poçta we kurýer aragatnaşygynyň gaýry hyzmatlary |
| | | | | 53.20.11 | Ulagyň dürli görnüşinde kurýerleriň eltip bermegi boýunça hyzmatlar |
| | | | | 53.20.12 | Öýe iýmit eltip bermek boýunça hyzmatlar |
| | | | | 53.20.19 | Beýleki toparlara goşulmadyk gaýry poçta we kurýerçilik hyzmatlary |
| | | | | | ***Bu kiçi dereje öz içine alýar:*** |
| | | | | | *- iýmitden başga satyn alnan zatlary ýerli eltip bermek boýunça hyzmatlary* |
| | | | | | *- ýük taksilerinde satyn alnan zatlary ýerli eltip bermek boýunça hyzmatlary* |
| | | | | | ***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:*** |
| | | | | | *- kurýerçilik hyzmatlary, eltip bermek boýunça welokurýerçilik hyzmatyny goşmak bilen, 53.20.11 seret* |
| **I seksiýa** | | | | | **WAGTLAÝÝN ÝAŞAMAK WE JEMGYÝETÇILIK IÝMITI HYZMATLARY** |
| **55** | | | | | **Wagtlaýyn ýaşamak hyzmatlary** |
| | 55.1 | 55.10 | | | Myhmanhanalaryň hyzmatlary we wagtlaýyn ýaşaýyş jaýyny bermek boýunça şoňa meňzeş hyzmatlar |
| | | | 55.10.1 | 55.10.10 | Otaglary gündelik süpürmegi üpjün etmek bilen, gelýän adamlar üçin wagtlaýyn ýaşaýyş jaýyny bermek boýunça hyzmatlar (ýylyň kesgitli wagtynda eýeçilikde bolýan jaýlary hasaba almazdan) |
| | | | | | ***Bu kiçi dereje öz içine alýar:*** |
| | | | | | *- otaglary gündelik süpürmegi üpjün etmek bilen, ýaşamak üçin otaglary ýa-da ýerleri bermekden ybarat bolan hyzmatlary we özüniň ýaşaýan ýerinden daşda bolýan adamlara, mysal üçin, myhmanhanalar, şypahana myhmanhanalary, motellerde, öý (kwartira) görnüşli myhmanhanalar, sagaldyş merkezleri ýa-da maslahat zallary bolan myhmanhanalar we şoňa meňzeş edaralar tarapyndan adatça gündizine ýa-da hepdelik esasda edilýän gaýry hyzmatlary* |
| | 55.2 | 55.20. | 55.20.1 | 55.20.10 | Dynç alyş ýerlerinde we gysga wagtlyk ýaşalýan gaýry |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | ýerlerde ýaşaýyş jaýyny bermek boýunça hyzmatlar |
| | | | | 55.20.11 | Gelýän adamlara ýaşlar üçin umumy ýaşaýyş jaýlarynda we dynç almak üçin jaýjagazlarda wagtlaýyn ýaşaýyş jaýyny bermek boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- otaglary süpürmek boýunça çäkli hyzmatlar bilen ýa-da şeýle hyzmatlary etmezden ýaşamak üçin otaglary ýa-da ýerleri bermekden ybarat bolan, ýaşlar üçin umumy ýaşaýyş jaýlarynda daglardaky gonalgalarda we dynç almak üçin jaýjagazlarda wagtlaýyn ýaşaýyş jaýyny bermek boýunça hyzmatlary* |
| | | | | 55.20.12 | Ýylyň kesgitli wagtynda eýeçilikde bolýan jaýlary gelýän adamlara wagtlaýyn ýaşaýyş jaýyny bermek boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- öz adaty ýaşaýan ýerinden daşda bolýan gelýän adamlara ýylyň kesgitli wagtynda eýeçilikde bolýan jaýlarda wagtlaýyn ýaşaýyş jaýyny bermek boýunça hyzmatlary* |
| | | | | 55.20.19 | Otaglary gündelik süpürmegi üpjün etmezden gelýän adamlara wagtlaýyn ýaşaýyş jaýyny bermek boýunça gaýry hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- gündelik däl esasda edilýän süpürmek hyzmaty üpjün etmek bilen, ýaşamak üçin otaglary ýa-da ýerleri bermekden ybarat bolan, wagtlaýyn ýaşaýyş jaýyny bermek boýunça hyzmatlary, mysal üçin, özüniň adaty ýaşaýan ýerinden daşda bolýan adamlar üçin dynç alyş öýlerinde, kireýine alnan öýlerde, tomusky jaýlarda öýler we kottejlerde* |
| | 55.3 | 55.30 | 55.30.1 | 55.30.10 | Kempingleriň, göçme daçalar we ýaşalýan awtotirkegler üçin duralgalaryň hyzmatlary |
| | | | | 55.30.11 | Kemping hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje şeýle-de öz içine alýar:***<br>*- gorag bukalgalarynda ýa-da ýönekeý goşun düşelgelerinde çadyrlary we/ýa-da ýatylýan haltalary ýerleşdirmek üçin ýer bermek boýunça hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- dagdaky gonalgalarynyň, dynç alyş öýleriniň we ýaşlar üçin umumy ýaşaýyş jaýlarynyň hyzmatlary, 55.20.11 seret* |
| | | | | 55.30.12 | Göçme daçalar we ýaşalýan awtotirkegler üçin duralgalaryň hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- iýmit bilen üpjün etmek boýunça hyzmatlary we ähli hasaplap ýazmalar bilen umumy töleg bellenýän, ulular, ýaşlar we çagalar üçin dynç alyş öýlerinde bir toplumda berilýän dynç alyş ýa-da okatmak hyzmatlary bilen utgaşdyrylan ýatmak üçin ýaşaýyş jaýyny bermek boýunça hyzmatlary* |
| | | 55.90 | 55.90.1 | 55.90.10 | Wagtlaýyn ýaşaýyş jaýyny bermek boýunça gaýry hyzmatlar |
| | | | | 55.90.11 | Talyplar üçin umumy ýaşaýyş jaýlarynda we mekdeplerdäki köpçülikleýin ýatylýan ýerlerde talyplar üçin wagtlaýyn ýaşaýyş jaýyny bermek boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:*** |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *- talyplar üçin umumy ýaşaýyş jaýlarynda we mekdepleriň we uniwersitetleriň ýanyndaky köpçülikleýin ýatylýan ýerlerde talyplar üçin wagtlaýyn ýaşaýyş jaýyny bermek boýunça hyzmatlar*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- maslahatlara gatnaşyjylara ýa-da zähmet rugsady döwründe gelýän adamlara talyplar üçin umumy ýaşaýyş jaýlarynda wagtlaýyn ýaşaýyş jaýyny bermek boýunça hyzmatlary, 55.20.19 seret* |
| | | | | 55.90.12 | Işçiler üçin umumy ýaşaýyş jaýlarynda ýa-da lagerlerinde işçilere wagtlaýyn ýaşaýyş jaýyny bermek boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- işçiler üçin umumy ýaşaýyş jaýlarynda ýa-da lagerlerinde işçilere adatça gysga möhletleýin ýa-da döwürleýin esasda wagtlaýyn ýaşaýyş jaýyny bermek boýunça hyzmatlar* |
| | | | | 55.90.13 | Ýatylýan wagonlaryň hyzmatlary we gaýry ulag serişdelerinde şoňa meňzeş hyzmatlar |
| | | | | 55.90.19 | Beýleki toparlara goşulmadyk wagtlaýyn ýaşaýyş jaýyny bermek boýunça gaýry hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- mebelleşdirilen otaglarda ýa-da pansionatlarda ýa-da ýaşaýyş toplumlarynda ýarym-hemişelik ýaşaýjylar üçin wagtlaýyn ýaşaýyş jaýyny bermek boýunça hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- ýaşlar üçin umumy ýaşaýyş jaýlarynyň hyzmatlary, 55.20.11 seret*<br>*- talyplar üçin umumy ýaşaýyş jaýlarynyň, mekdeplerdäki köpçülikleýin ýatylýan ýerleriň hyzmatlary, 55.90.11 seret* |
| **56** | | | | | **Jemgyýetçilik iýmiti hyzmatlary** |
| | 56.1 | 56.10 | 56.10.1 | 56.10.10 | Restoranlaryň hyzmatlary we hereketlenýän serişdeleleri ulanmak bilen iýmit bilen üpjün etmek boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- taýýarlanmadyk iýmit bolmazdan içgileri getirip bermek boýunça hyzmatlary, 56.30.10 seret* |
| | | | | 56.10.11 | Doly restoran hyzmatlary bilen iýmit bilen üpjün etmek boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- göwün açyş maksatnamasy bilen utgaşykly ýa-da olarsyz stolyň başynda (şol sanda stoýkalarda ýa-da kabinetlerde) oturan özbaşdak müşderilere ofisiant tarapyndan hyzmat edilmeginden ybarat bolan, doly hyzmat bilen üpjün edýän restoranlar, kafeler we şoňa meňzeş jemgyýetçilik iýmiti kärhanalary tarapyndan ýerine ýetirilýän nahar taýýarlamak we degişli içgileri getirip bermek boýunça hyzmatlary*<br>*- myhmanhanalarda ýa-da gaýry wagtlaýyn ýaşalýan ýerlerde naharlary taýýarlamak we degişli içgileri getirip bermek boýunça hyzmatlary*<br>*Adatça, stolyň başynda (şol sanda stoýkalarda ýa-da kabinetlerde) oturan özbaşdak müşderilere ofisiant tarapyndan hyzmat edilmegini öz içine alýan, doly hyzmat* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *- telewideniýeden başga, ýaýlymda gündelik alyp eşitdirmek üçin taýýarlanan we üçünji tarapyň ýaýratmagy üçin niýetlenen, diňe ýazylmak esasynda elýeter teleýaýlymlaryň we telegepleşikleriň bukjasy* |
| | | | 60.20.4 | 60.20.40 | Telewideniýede mahabat üçin wagt |
| **61** | | | | | **Telekommunikasiýa hyzmatlary** |
| | 61.1 | 61.10 | | | Simli telekommunikasiýa hyzmatlary |
| | | | 61.10.1 | 61.10.10 | Maglumatlary we habarlary bermek boýunça hyzmatlar |
| | | | | 61.10.11 | Kesgitli telefon hyzmatlary – elýeterliligi we peýdalanylyşy |
| | | | | | ***Bu kiçi dereje öz içine alýar:*** |
| | | | | | *- ses arkaly habarlary, maglumatlary we peýdalanyjynyň kesgitli ýerinden, jemgyýetçilik ýa-da ýarym jemgyýetçilik şaýy pul oklanýan we kartly telefon-awtomatlaryndan bermek üçin kommutirlenýän jemgyýetçilik telefon ulgamlaryny elýeter etmegi we peýdalanmagy* |
| | | | | | *- ýurduň içinde we onuň çäklerinden daşarda gelýän we gidýän telefon jaňlaryny* |
| | | | | | *- elýeter etmek boýunça hyzmatlar bilen bagly telefon habarlarynyň görkezijilerini* |
| | | | | | ***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:*** |
| | | | | | *- aýratyn töleg bilen telefon habarlarynyň görkezijilerini üpjün etmegi, 61.10.12 seret* |
| | | | | | *- hususy liniýalaryň hyzmatlaryny bermegi, 61.10.13 seret* |
| | | | | | *- simli telekommunikasiýa hyzmatlary bilen beýleki üpjün edijilere ýerli aragatnaşyk liniýasyny bermegi, 61.10.20 seret* |
| | | | | | *- çetki apparaturalaryň kärendesi, 77.39.14 seret* |
| | | | | 61.10.12 | Kesgitli telefon hyzmatlary – telefon habarlarynyň görkezijileri (parametr) |
| | | | | | ***Bu kiçi dereje öz içine alýar:*** |
| | | | | | *- aýratyn töleg bilen peýdalanyjynyň kesgitli ýerinden müşderileriň çagyryşyny dolandyrmak boýunça hyzmatlary* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *Şeýle hyzmatlary etmek ýörite programma üpjünçiliginden we telekommunikasiýa ulgamlary bilen bagly amaly programmalardan peýdalanmak arkaly mümkin bolýar. Ol aşakdaky görkezijileri öz içine alýar:*<br>*• saklamak düzgünindäki liniýa geçirmek, jaňy gaýtadan gönükdirmek, telefon boýunça jaň edýäni kesgitlemek, üçtaraplaýyn aragatnaşyk, çagyryşyň indikatory, jaňyň sesi, çagyryşlary filtrlemek, çagyryşlary böwetlemek, awtomat jogap jaňy, çagyryşa jogap, ses arkaly habar we ses menýusy* |
| | | | | 61.10.13 | Simli telekommunikasiýa ulgamlarynda hususy ulgamlaryň hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- diňe müşderiniň peýdalanmagy üçin anyk nokatlaryň arasynda simli telekommunikasiýa liniýalaryny bermek*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- telekommunikasiýa kompaniýasy tarapyndan simli telekommunikasiýa prowaýderlerine simli aragatnaşygy bermegi, 61.10.20 seret* |
| | | | 61.10.2 | 60.10.20 | Simli telekommunikasiýa ulgamlarynda aragatnaşyuk operatorlarynyň hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- telekommunikasiýa kompaniýasy tarapyndan simli telekommunikasiýa hyzmatlarynyň prowaýderlerine telefon jaňlaryny kabul etmegi, kesmegi ýa-da geçirmek üçin simli aragatnaşyk serişdesini bermegi*<br>*- ulgamara aragatnaşyk üçin, içerki we halkara telefon jaňlaryny işlemek, kesmek üçin tölegi hasaplamak boýunça hyzmatlary*<br>*- uzak aralyklara aragatnaşyk hyzmatlaryny üpjün edijilere tölegli taksofondan telefon jaňlary üçin ýa-da beýleki ýerli aragatnaşyk prowaýderleriniň liniýasy üçin tölegleri hasaplamak boýunça hyzmatlary*<br>*- elektrogeçiriji liniýalaryň enjamlary ýaly enjamlardan bilelikde peýdalanandygy üçin hyzmatlary*<br>*- liniýadan aýratyn peýdalanandygy üçin tölegleri hasaplamak boýunça hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- Internet boýunça maglumaty sim arkaly alyşmagyň trafigini, internetiň hyzmatlaryny bir prowaýderden beýlekä geçirmegi, 61.10.41 seret* |
| | | | 61.10.3 | 61.10.30 | Maglumatlary simli telekommunikasiýa ulgamlary boýunça geçirmek boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- peýdalanylyşyna görä töleg ulgamynyň esasynda maglumatlaryň netijeli berilmegi üçin ýörite niýetlenilen simli serişdeleri we hyzmatlary elýeter etmegi*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- müşderiniň aýratyn peýdalanmagy üçin anyk nokatlaryň arasynda simli telekommunikasiýa liniýalaryny bermegi, 61.10.13 seret* |
| | | | 61.10.4 | 61.10.40 | Internet ulgamynda simli telekommunikasiýa hyzmatlary |
| | | | | 61.10.41 | Internet boýunça magistral hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- Internet arkaly habarlary, hyzmatlary bir üpjün edijiden* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bö-lüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *beýlekä bermek boýunça (adatça, senagatda deň derejeli we tranzit ýygymlar diýlip atlandyrylýan) hyzmatlaryň edilmegi* |
| | | | | 61.10.42 | Simli ulgamlar boýunça dar zolakly elýeterlilik boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- 256 kbit/sek. tizlikde Internete göni simli birikdirmäni üpjün etmek Internet hyzmatlary bilen üpjün ediji Interneti elýeter etmek bilen bir wagtda elektron poçta, web-sahypa üçin ýer bermek peýdalanyjynyň ýönekeý web-sahypasyny işläp taýýarlamak, çat we tehniki goldaw ýaly mugt hyzmatlary edip biler*<br>*Bu hyzmat şeýle hem uzakdan elýeterliligi ýa-da Internetiň elýeterliliginiň gaýry görnüşini, peýdalanyjylara goşmaça töleg bilen edilýän halkara roumingi, elektron poçta üçin goşmaça ýaşşikler ýaly hyzmatlaryň giňeldilen bukjasyny öz içine alyp biler.* |
| | | | | 61.10.43 | Simli ulgamlar boýunça giň zolakly elýeterlilik boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- 256 kbit/sek. we ondan uly tizlikde Internete göni simli birikdirmäni üpjün etmek*<br>*Internet hyzmatlary bilen üpjün ediji Internetiň elýeter etmek bilen bir wagtda elektron poçta, web-sahypa üçin ýer bermek peýdalanyjynyň ýönekeý web-sahypasyny işläp taýýarlamak, çat we tehniki goldaw ýaly mugt hyzmatlary edip biler*<br>*Bu hyzmat şeýle hem uzakdan elýeterliligi ýa-da Interneti elýeter etmegiň gaýry görnüşini, peýdalanyjylara goşmaça töleg bilen edilýän halkara roumingi, elektron poçta üçin goşmaça ýaşşikler ýaly hyzmatlaryň giňeldilen bukjasyny öz içine alyp biler.* |
| | | | | 61.10.49 | Internet ulgamynda gaýry simli telekommunikasiýa hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- Interneti elýeter etmekden başga Internet arkaly simli telekommunikasiýa hyzmatlary*<br>*Bu hyzmat şeýle hem faks, telefon we Internetiň üsti bilen wideokanal arkaly hyzmatlary öz içine alýar* |
| | | | 61.10.5 | 61.10.50 | Kabel infrastrukturasyndan peýdalanmak bilen ahyrky sarp edijileriň arasynda programmalary ýaýratmak boýunça hyzmatlar |
| | | | | 61.10.51 | Kabel infrastrukturasyndan, programmanyň esasy bukjasyndan peýdalanmak bilen ahyrky sarp edijileriň arasynda programmalary ýaýratmak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- adatça, aýlyk töleg bilen kabel infrastrukturasyndan peýdalanmak bilen ýazylyjylara Internet elýeterliligini üpjün etmek boýunça hyzmatlary*<br>*Bu bukja ýazylyjylara we kabel telewideniýesiniň aýratyn operatorlaryna elýeterli kanallaryň iň az möçberini öz içine alýar we ol has ýokary derejeli islendik programma bukjasyny almak üçin alynmaly. Muňa tora başlangyç birikdirmek we gaýtadan birikdirmek goşulýar* |
| | | | | 61.10.52 | Kabel infrastrukturasyndan, garaýşyna görä düzülen |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | programmanyň bukjasyndan peýdalanmak bilen ahyrky sarp edijileriň arasynda programmalary ýaýratmak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- abunaçylara esasy aýlyk tölegden başga aýratyn töleg bilen esasy bukja goşulan programmalara goşmaça kabel infrastrukturasyndan peýdalanmak bilen programmalary üpjün etmek boýunça hyzmatlary*<br>*Programmalaryň bu bukjasy kabel telewideniýesiniň operatory tarapyndan kesgitlenilýän bukjalarda berlip bilner* |
| | | | | 61.10.53 | Kabel infrastrukturasyndan peýdalanmak bilen ahyrky sarp edijileriň arasynda programmalary ýaýratmak boýunça hyzmatlar, seredilendigi üçin töleg<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- abunaçylara kabel infrastrukturasyndan peýdalanmak bilen aýratyn töleg bilen esasy bukja üçin aýlyk tölegden başga öýde belli bir programma seretmegi (kinofilmler, çäreleriň göni alnyp görkezilmegi) ýa-da garaýşyna görä, düzülen programmanyň bukjasyndan peýdalanmak mümkinçiligini bermegi* |
| | 61.2 | 61.20 | | | Simsiz telekommunikasiýa hyzmatlary |
| | | | 61.20.1 | 61.20.10 | Ykjam telekommunikasiýa hyzmatlary we simsiz telekommunikasiýa ulgamlarynda hususy torlaryň hyzmatlary |
| | | | | 61.20.11 | Ykjam telekommunikasiýa hyzmatlary, elýeterliligi we peýdalanylyşy<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- çagyryşyň öýjükli telefon, şahsy aragatnaşyk ulgamy, giňeldilen mümkinçilikler bilen hereket edýän aragatnaşygyň ýörite radiostansiýasy, hemra arkaly telefonlar, peýjerler we göçme radiostansiýalar ýaly göçme telefon apparatyndan ýa-da enjamyndan gelip gowuşýan mahalynda ses arkaly habarlary, habarlary we wideohabarlary geçirmek üçin kommutatiw ýa-da kommutatiw däl torlary elýeter etmegi we peýdalanmagy*<br>*- elýeterliligi üpjün etmek boýunça hyzmatlar bilen bagly çagyryşlaryň görkezijileri*<br>*- gysga habarlary geçirmek ulgamynyň we multimedia habarlaryny alyşmak ulgamynyň hyzmatlaryny*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- aýratyn töleg bilen ykjam aragatnaşyk hyzmatlaryny, 61.20.12 seret*<br>*- müşderiniň aýratyn ulanmagy üçin simsiz aragatnaşyk hyzmatlaryny, 61.20.13 seret*<br>*- telekommunikasiýa hyzmatlarynyň beýleki üpjün edijisine çagyryşlary geçirmek, kabul etmek, gaýtadan ugratmak üçin simsiz aragatnaşyk hyzmatlaryny etmegi, 61.20.20 seret*<br>*- kesgitli ýerinden maglumatlary geçirmek üçin peýdalanylyşyna görä töleg ulgamynyň esasynda simsiz aragatnaşyk hyzmatlaryny etmegi, 61.20.30 seret*<br>*- ykjam gurluşlar bilen utgaşdyrylýan internet hyzmatlar bilen birleşdirmegi, 61.20.4 seret* |
| | | | | 61.20.12 | Ykjam telekommunikasiýa aragatnaşygynyň hyzmatlary – çagyryşlaryň parametrleri<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:*** |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bö-lüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *- göçme telefon apparaty ýa-da enjamy üçin niýetlenen elýeterlilik üçin tölegden başga aýratyn töleg bilen müşderiniň çagyryşlaryny dolandyrmak boýunça hyzmatlary. Telekommunikasiýa torlary bilen bagly ýörite programma üpjünçiligini we amaly programmalary peýdalanmak netijesinde şeýle kömek berip bolar.*<br>*Ol aşakdaky parametrleri öz içine alýar:*<br>*• jaňy saklamak, gaýtadan ugrukdyrmak düzgünindäki liniýa geçirmek, telefon boýunça jaň edýäni kesgitlemek, üçtaraplaýyn aragatnaşyk, çagyryşyň indikatory, jaň edilmegi, çagyryşlary filtrlemek, çagyryşlary böwetlemek, awtomat jogap jaňy, çagyryşa jogap, ses arkaly habar bermek, ses menýusy* |
| | | | | 61.20.13 | Simsiz telekommunikasiýa ulgamlarynda hususy torlaryň hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- müşderiniň aýratyn ulanmagy üçin anyk nokatlaryň arasynda simsiz telekommunikasiýa liniýalaryny bermegi*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- telekommunikasiýa kompaniýasy tarapyndan kommunikasiýa prowaýderlerine hususy liniýalaryň simsiz aragatnaşygyny bermegi, 61.20.20 seret* |
| | | | 61.20.2 | 61.20.20 | Simsiz telekommunikasiýa ulgamlarynda aragatnaşyk operatorlarynyň hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- telekommunikasiýa kompaniýasy tarapyndan telefon jaňlaryny geçirmek, kabul etmek, kesmek üçin simsiz aragatnaşyk serişdeleriniň berilmegi*<br>*- ulgamara aragatnaşyk üçin, içerki we halkara telefon jaňlaryny işlemek, kesmek üçin tölegi hasaplamak boýunça hyzmatlary*<br>*- uzak aralyklara aragatnaşyk hyzmatlaryny üpjün edijilere tölegli taksofondan telefon jaňlary üçin ýa-da beýleki ýerli aragatnaşyk prowaýderleriniň liniýasy üçin tölegleri hasaplamak boýunça hyzmatlary*<br>*- elektrogeçiriji liniýalaryň enjamlary ýaly enjamlardan bilelikde peýdalanandygy üçin hyzmatlary*<br>*- liniýadan bilelikde peýdalanandygy üçin tölegleri hasaplamak boýunça hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- Internet boýunça maglumaty simsiz alyşmagyň trafigini Internetiň hyzmatlarynyň bir prowaýderinden beýlekä geçirmegi, 61.20.4 seret* |
| | | | 61.20.3 | 61.20.30 | Maglumatlary simsiz telekommunikasiýa ulgamlary arkaly geçirmek boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- peýdalanylyşyna görä töleg ulgamynyň esasynda maglumatlaryň netijeli berilmegi üçin ýörite niýetlenen simsiz serişdeleri we hyzmatlary elýeter etmegi*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- müşderiniň aýratyn peýdalanmagy üçin anyk nokatlaryň arasynda simsiz telekommunikasiýa liniýalaryny bermegi, 61.20.13 seret* |
| | | | 61.20.4 | 61.20.40 | Internet ulgamynda simsiz telekommunikasiýa hyzmatlary |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | 61.20.41 | Simsiz ulgamlar boýunça dar zolakly elýeterlilik boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- 256 kbit/sek tizlikde Internete göni simsiz birikdirmäni üpjün etmek, Internet hyzmatlary bilen üpjün ediji Interneti elýeter etmek bilen bir wagtda elektron poçta, web-sahypa üçin ýer bermek, peýdalanyjynyň ýönekeý web-sahypasyny işläp taýýarlamak, çat we tehniki goldaw ýaly mugt hyzmatlary edip biler*<br>*Bu hyzmat şeýle hem uzakdan elýeterliligi ýa-da Interneti elýeter etmegiň gaýry görnüşini, peýdalanyjylara goşmaça töleg bilen edilýän halkara roumingi, elektron poçta üçin goşmaça ýaşşikler ýaly hyzmatlaryň giňeldilen bukjasyny öz içine alyp biler.* |
| | | | | 61.20.42 | Simsiz ulgamlar boýunça giň zolakly elýeterlilik boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- 256 kbit/sek we ondan ýokary tizlikde Internete göni simsiz birikdirmäni üpjün etmegi*<br>*Internet hyzmatlary bilen üpjün ediji Interneti elýeter etmek bilen bir wagtda elektron poçta, web-sahypa üçin ýer bermek, peýdalanyjynyň ýönekeý web-sahypasyny işläp taýýarlamak, çat we tehniki goldaw ýaly mugt hyzmatlary edip biler*<br>*Bu hyzmat şeýle hem uzakdan elýeterliligi ýa-da Interneti etmegiň gaýry görnüşini, peýdalanyjylara goşmaça töleg bilen halkara roumingi, elektron poçta üçin goşmaça ýaşşikler ýaly hyzmatlaryň giňeldilen bukjasyny öz içine alyp biler.* |
| | | | | 61.20.49 | Internet ulgamynda gaýry simsiz telekommunikasiýa hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- Interneti elýeter etmekden başga Internet arkaly simsiz telekommunikasiýa hyzmatlary*<br>*Bu hyzmat şeýle hem faksyň, telefonyň we Internetiň üsti bilen, konferension aragatnaşyk, wideokanal arkaly hyzmatlary hem öz içine alýar.* |
| | | | 61.20.5 | 61.20.50 | Simsiz torlardan peýdalanmak bilen ahyrky sarp edijileriň arasynda programmalary ýaýratmak boýunça hyzmatlar |
| | 61.3 | 61.30 | | | Hemra arkaly aragatnaşyk hyzmatlary |
| | | | 61.30.1 | 61.30.10 | Hemra arkaly aragatnaşykdan peýdalanmak bilen, ahyrky sarp edijileriň arasynda programmalary ýaýratmak boýunça hyzmatlardan başga hemra arkaly aragatnaşyk hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- hemra arkaly aragatnaşykdan peýdalanmak bilen, ses arkaly habarlary, maglumatlary, tekst üsti bilen habarlary, audio we wideo habarlary bermek serişdelerini dolandyrmagy, üpjün etmegi ýa-da bermegi*<br>***Bu kiçi dereje şeýle-de öz içine alýar:***<br>*- hemra arkaly aragatnaşykdan infrastrukturanyň operatory Internet ulgamyny elýeterli etmegi* |
| | | | 61.30.2 | 61.30.20 | Hemra arkaly aragatnaşykdan peýdalanmak bilen, ahyrky sarp edijileriň arasynda programmalary ýaýratmak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- hemra arkaly aragatnaşykdan peýdalanmak bilen,* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bö-lüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *abunaçylara adatça, aýlyk töleg bilen programmalaryň esasy assortimentini elýeter etmek boýunça hyzmatlary* <br> *Bu bukja ýazylyjylara we hemra arkaly aragatnaşyk operatory tarapyndan kesgitlenen kanallaryň iň az möçberini öz içine alýar we ol has ýokary derejedäki islendik programma bukjasyny almak üçin satyn alynmalydyr. Muňa tora başlangyç birikdirmek we gaýtadan birikdirmek goşulýar.* <br> *- abunaçylara esasy bukja goşulan esasy tölegden başga aýratyn töleg bilen hemra arkaly aragatnaşykdan peýdalanmak bilen programmalary üpjün etmek boýunça hyzmatlary* <br> *Programmalaryň bu bukjasy kabel telewideniýesiniň hemra arkaly aragatnaşygyň ýa-da köp ýaýlymly paýlaýyş ulgamynyň operatory tarapyndan kesgitlenilýän bukjalarda taýýar programma bloklary görnüşinde berlip bilner* <br> *- abunaçylara kabel infrastrukturasyndan peýdalanmak bilen aýratyn töleg bilen esasy bukja üçin aýlyk tölegden başga öýde belli bir programma seretmek (kinofilmler, çäreleri alyp görkezmek) ýa-da garaýşyna görä düzülen programma bukjasyndan peýdalanmak mümkinçiligini bermegi* |
| | 61.9 | 61.90 | 61.90.1 | 61.90.10 | Gaýry telekommunikasiýa hyzmatlary <br> ***Bu kiçi dereje öz içine alýar:*** <br> *- hemra arkaly treking, kommunikasiýa telemetriýasy we radiolokasiýa stansiýalaryny ulanmak ýaly ýöriteleşdirilen telekommunikasiýa goşundylaryny bermegi* <br> *- bu ýa-da ondan köp ýerüsti kommunikasiýa ulgamlary bilen operasion bagly hemra terminallary we ugurdaş enjamlary dolandyrmak we hemra ulgamlaryndan maglumatlary almagy* <br> *- müşderi bilen Internet hyzmatlarynyň prowaýderleriniň arasynda bellenen torlar arkaly, Internet hyzmatlarynyň prowaýderlerine degişli bolmadyk ýa-da onuň gözegçiligi astynda bolmadyk telefon liniýasy boýunça Internet ulgamyny elýeter etmek ýaly Internet ulgamyny elýeter etmegi* <br> *- jemgyýetçilik jaýlarynda telefon aragatnaşygyny, Internet ulgamyny elýeter etmegi* <br> *- bar bolan telekommunikasiýa birleşmeleri arkaly telekommunikasiýa hyzmatlaryny etmek:* <br> *• VoIP – Ip teswirnama boýunça sesi geçirmegi* <br> *- goşmaça hyzmatlary etmezden, geçirijilik ukybyndan peýdalanmak mümkinçiligini bermegi* <br> *- telegraf, teleks, telefon kanaly boýunça konferension aragatnaşyk hyzmatlary ýaly beýleki toparlara goşulmadyk telekommunikasiýa hyzmatlaryny etmegi* |
| **62** | | | | | **Kompýuter programmasyny düzmek, maslahat hyzmatlary we özara bagly hyzmatlar** |
| | 62.0 | | | | Kompýuter programmasyny düzmek, maslahat hyzmatlary we özara bagly hyzmatlar |
| | | 62.01 | | | Kompýuter programmasyny düzmek hyzmatlary |
| | | | 62.01.1 | 62.01.10 | Maglumat tehnologiýalarynyň taslamasyny düzmek we işläp taýýarlamak boýunça hyzmatlar |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | 62.01.11 | Amaly meseleler üçin maglumat tehnologiýalarynyň taslamasyny düzmek we işläp taýýarlamak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- gurluş düzümini işläp taýýarlamak we ýa-da buýruklaryň ulgamyny ýazmak boýunça hyzmatlary, döretmek üçin we ýa-da goşundyny amala aşyrmak üçin zerur bolan täzelemegi we düzetmegi goşmak bilen, aşakdaky ýaly hyzmatlary:*<br>*• gurluş düzümini işläp taýýarlamak we web-saýtlary saklamak, we/ýa-da maglumatlar binýadyny (maglumat saklanylýan ýeri) döretmek üçin zerur bolan buýruklaryň ulgamyny ýazmagy*<br>*• gurluş düzümini işläp taýýarlamak we web-saýtlary saklamak, we/ýa-da maglumatlar binýadyny (maglumat saklanylýan ýeri) döretmek we ornaşdyrmak üçin zerur bolan buýruklaryň ulgamyny ýazmagy*<br>*• amaly programmalaryň taslamasyny düzmek we işläp taýýarlamak üçin zerur bolan gurluş düzümini işläp taýýarlamak, buýruklaryň ulgamyny ýazmak web-saýtlary maglumatlar binýadyny, işläp taýýarlamagy we programma üpjünçiliginiň bukjalaryny integrirlemegi hasaba almazdan*<br>*• bar bolan goşundyny ol müşderiniň maglumat ulgamynyň çäklerinde hereket eder ýaly özbaşdaklaşdyrmagy we goşulyşmagy, düzmegi (modifikasiýa, konfigurasiýa we ş.m.) we ornaşdyrmagy*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- şertnama boýunça amala aşyrylýan hyzmatlary, oňa laýyklykda web-saýtyň taslamasyny düzmek we işläp taýýarlamak, onuň ýerleşdirilmegi bilen bagly, 63.11.13 seret*<br>*- şertnama boýunça amala aşyrylýan hyzmatlary, oňa laýyklykda web-saýtyň taslamasyny düzmek we işläp taýýarlamak onuň ýerleşdirilmegi we hemişelik esasda dolandyrylmagy bilen bagly, 63.11.19 seret*<br>*- şertnama boýunça amala aşyrylýan hyzmatlary, oňa laýyklykda web-saýtyň taslamasyny düzmek we işläp taýýarlamak onuň saklanýan maglumatlarynyň hemişelik dolandyrylmagy bilen bagly, 63.11.19 seret* |
| | | | | 62.01.12 | Torlar we ulgamlar üçin maglumat tehnologiýalarynyň taslamasyny düzmek we işläp taýýarlamak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- müşderiniň korporatiw içerki tory, ekstraset we wirtual hususy torlar ýaly torlaryň taslamasyny düzmegi, işläp taýýarlamagy we ornaşdyrmagy*<br>*- toruň howpsuzlyk serişdeleriniň taslamasyny düzmek we işläp taýýarlamak boýunça, ýagny enjamyň we maglumatlaryň, programmalaryň elýeterliligne gözegçilik etmek üçin we tor boýunça maglumatlary howpsuz alyşmak üçin düzgünleriň taslamasyny düzmek we işläp taýýarlamak boýunça we ornaşdyrmak boýunça hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- şertnama boýunça amala aşyrylýan hyzmatlary, oňa laýyklykda bu hyzmat müşderiniň torunyň operatiw* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bö-lüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *dolandyrylmagy bilen bagly, 62.03.12 seret* |
| | | | | 62.01.13 | EHM-ler we maglumat binýatlary (programma serişdeleri we hasaplaýyş tehnikasynyň maglumat önümleri) üçin programma üpjünçiliklerini işläp düzmek, olary ornaşdyrmak, kämilleşdirmek boýunça hyzmatlary ýerine ýetirmek işlerini amala aşyrmak |
| | | | 62.01.2 | 62.01.20 | Programma üpjünçiliginiň asyl nusgalary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- gaýragoýulmasyz nagt hasaplaşmak bilen satmak üçin şertnamasyz öndürilen awtorlyk hukugy bilen goralýan intellektual eýeçiligi (ýagny kompýuter programma üpjünçiligi)*<br>*- açyk ýa-da gytaklaýyn awtorlyk hukugy bilen goralýan, satmak üçin niýetlenen intellektual eýeçiligi (mysal üçin, kompýuter programma üpjünçiligi)*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- üçünji taraplar üçin şertnama boýunça öndürilen programma üpjünçiligi, 62.01.11 seret*<br>*- lomaý we bölek satuw söwda boýunça programma üpjünçiligi hyzmatlary, 46.14.11, 46.51.10, 47.19.1 seret* |
| | | | | 62.01.21 | Kompýuter oýunlarynyň programma üpjünçiliginiň asyl nusgalary |
| | | | | 62.01.29 | Programma üpjünçiliginiň gaýry asyl nusgalary |
| | | 62.02 | | | Kompýuterler bilen bagly maslahat hyzmatlary<br>***Bu klas öz içine almaýar:***<br>*- şertnama boýunça amala aşyrylýan hyzmatlary, oňa laýyklykda maslahat hyzmatlary maglumat tehnologiýalary ulgamynda (web-saýt, maglumatlar binýady, anyk goşundy we ş.m.) çözgütleriň taslamasyny düzmek we işläp taýýarlamak bilen bagly, 62.01.1 toparda degişli maglumat tehnologiýalarynyň taslamasyny düzmek we işläp taýýarlamak boýunça hyzmatlara seret*<br>*- işewürlik strategiýasy bilen bagly meseleler boýunça maslahat bermek, elektron söwdanyň strategiýasyny işläp taýýarlamak boýunça maslahatlary, 70.22.11 seret* |
| | | | 62.02.1 | 62.02.10 | Kompýuter enjamlary boýunça maslahat hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- kompýuter enjamlary bilen bagly maglumat tehnologiýalary meseleleri boýunça maslahat hyzmatlaryny we bilermeniň netijenamalaryny bermek, mysal üçin, enjama bildirilýän talap, şeýle enjamy satyn almak ýaly meseleler boýunça maslahat hyzmatlary*<br>*- kompýuter enjamlary bilen bagly meseleler boýunça bilermeniň netijenamalaryny bermegi*<br>*- guramalaryň kompýuterlere bolan zerurlygyny bahalandyrmak, kompýuter enjamlaryny satyn almak we programma üpjünçiligi, ulgamyň spesikasiýasyny işläp taýýarlamak we täze ulgamy ornaşdyrmak meseleleri boýunça maslahat hyzmatlary*<br>*- kompýuter ulgamlaryny integrirlemek boýunça hyzmatlary, ýagny müşderiniň hereket edýän kompýuter ulgamyny, hasaplaýyş resurslaryna häzirki we geljekki talaplaryny seljermek, täze enjamlary we programma üpjünçiligini* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| **Bölüm** | **To-par** | **Klas** | **Dereje** | **Kiçi dereje** | **Ady** |
|---|---|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** | **6** |
| | | | | | *almak, täze integrirlenen ulgamy döretmek üçin täze we köne ulgamlaryň böleklerini goşmagy* |
| | | | 62.02.2 | 62.02.20 | Programma üpjünçiligi we ulgamlary meseleleri boýunça maslahat hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- programma üpjünçiligini, kompýuter enjamlary we maglumat tehnologiýalary ulgamlary bilen bagly maglumat tehnologiýalary meseleleri boýunça aşakdaky ýaly maslahat hyzmatlaryny we bilermeniň netijenamalaryny bermegi*<br>*• programma üpjünçiligine we ony satyn almaga bildirilýän talaplar ýaly meseleler boýunça maslahatlary*<br>*• ulgamyň howpsuzlygy meseleleri boýunça maslahatlary* |
| | | | 62.02.3 | 62.02.30 | Maglumat tehnologiýalaryny tehniki taýdan goldamak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- müşderiniň programma üpjünçiliginden, enjamyndan ýa-da tutuş kompýuter ulgamyndan peýdalanmak bilen bagly meseleleri çözmek üçin aşakdakylar ýaly tehniki kömekleri bermegi:*<br>*- programma üpjünçiliginden peýdalanylanda, onuň gurat däldigi ýüze çykarylanda we näsazlygy aradan aýyrmakda tehniki kömek bermegi*<br>*- täzelemek boýunça hyzmatlary*<br>*- enjamdan peýdalanylanda, onuň gurat däldigi ýüze çykarylanda we näsazlygy aradan aýyrmakda tehniki kömek bermek, oňy iş tertibinde barlamak we arassalamak, maglumat tehnologiýalarynyň enjamlaryny bejermek girýär*<br>*- müşderiniň kompýuter ulgamy täze ýere geçirilende tehniki kömegi*<br>*- programma üpjünçiligi bilen utgaşykly apparat enjamyndan peýdalanylanda, ýa-da onuň gurat däldigi ýüze çykarylanda we näsazlygy aradan aýyrmakda tehniki kömek bermegi*<br>*- müşderiniň kompýuter ulgamyndan peýdalanmak bilen bagly ýöriteleşdirilen meselelerini çözmek boýunça serwer, tory ýa-da komponentler babatda proses üçin, häsiýetnamalaryň, hereket etmegiň ýa-da howpsuzlygyň hili babatda resminamalary barlamak, bahalandyrmak we düzmek hyzmatlaryny goşmak bilen, tehniki hyzmat etmegi*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- awariýa bolan ýagdaýynda programma üpjünçiligini gaýtadan dikeltmek boýunça hyzmatlary, 62.09.20 seret* |
| | | 62.03 | | | Kompýuter enjamlaryny dolandyrmak boýunça hyzmatlar |
| | | | 62.03.1 | 62.03.10 | Kompýuter enjamlaryny dolandyrmak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*müşderiniň maglumat tehnologiýalarynyň infrastrukturasyny dolandyrmak we gözegçilik etmek boýunça hyzmatlary, oňa enjamlaryň, programmanyň üpjünçiligi we tor goşulýar* |
| | | | | 62.03.11 | Torlary dolandyrmak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- toruň we statistiki maglumatlary ýygnamagy çaklamak üçin, toruň sygymlylygyny, tor boýunça akymy dolandyrmak we ony takyk sazlamak üçin kommunikasiýa torlaryny we özara* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bö-lüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *bagly enjamlary dolandyrmak we gözegçilik etmek boýunça hyzmatlary. Bu hyzmatlar, şeýle hem howpsuzlyk ulgamlaryny aralykdan dolandyrmagy ýa-da howpsuzlyk bilen bagly hyzmatlary etmegi öz içine alýar* |
| | | | | 62.03.12 | Kompýuter ulgamlaryny dolandyrmak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- müşderiniň kompýuter ulgamyny operatiw dolandyrmak we ulanmak boýunça hyzmatlary* |
| | | 62.04 | 62.04.1 | 62.04.10 | Maglumat ulgamlaryny kiber hüjümlerinden goralyşyny (howpsuzlygyny) synagdan geçirmek, barlamak, howpsuzlygy bahalandyrmak işlerini amala aşyrmak |
| | | 62.09 | | | Kompýuter tehnologiýalary ulgamynda gaýry hyzmatlar we kompýuter hyzmatlary |
| | | | 62.09.1 | 62.09.10 | Kompýuterleri we periferiýa enjamlaryny oturtmak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- köptaraply elektron hasaplaýjy maşynlary oturtmak boýunça hyzmatlary, 33.20.39 seret* |
| | | | 62.09.2 | 62.09.20 | Maglumat tehnologiýalary ulgamynda gaýry hyzmatlar we beýleki toparlara goşulmadyk kompýuter hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- maglumatlary dikeltmek boýunça hyzmatlary, ýagny müşderiniň magnit disklerde ýa-da gaýry göterijilerde zyýan ýeten ýa-da durnuksyz toplaýjylardan maglumatlaryny gaýtadan dikeltmek ýa-da ätiýaçlyk kompýuter enjamyny, ýangyn ýa-da müşderä suw basmak ýaly adatdan daşary ýagdaýlarda gündelik kompýuterleşdirilen işleri gaýtadan dikeltmek we goldamak üçin hemişelik şahsy göçürmek mümkinçiligini bermek maksady bilen, aýratyn ýerde programma üpjünçiliginiň öwezligini bermegi*<br>*- programma üpjünçiligini oturtmak boýunça hyzmatlary*<br>*- maglumat tehnologiýalary ulgamynda tehniki goldaw boýunça gaýry hyzmatlary, beýleki toparlara goşulmadyk*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- kompýuter programmasyny düzmek ulgamynda hyzmatlary, 62.01.1 seret*<br>*- maglumat tehnologiýalary ulgamynda maglumat hyzmatlary, 62.02 seret*<br>*- maglumatlary işlemek we ýerleşdirmek boýunça hyzmatlary, 63.11.1 seret* |
| **63** | | | | | **Maglumatlaşdyrmak boýunça hyzmatlar** |
| | 63.1 | | | | Maglumatlary işlemek we ýerleşdirmek boýunça hyzmatlar, özara bagly hyzmatlar; Internet ulgamyndaky portallar |
| | | 63.11 | | | Maglumatlary işlemek we ýerleşdirmek boýunça hyzmatlar, özara bagly hyzmatlar |
| | | | 63.11.1 | 63.11.10 | Maglumatlary işlemek we ýerleşdirmek boýunça hyzmatlar, özara bagly hyzmatlar; maglumat tehnologiýalarynyň goşundylaryny we gaýry infrastrukturasyny bermek boýunça hyzmatlar |
| | | | | 63.11.11 | Maglumatlary işlemek boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- müşderiler tarapyndan berlen ýöriteleşdirilen hasabatlary işlemek we düzmek boýunça toplumlaýyn hyzmatlar ýa-da* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *awtomatlaşdyrylan işlemek we maglumatlar binýadyny dolandyrmak boýunça hyzmatlary hasaba alyp, maglumatlary girizmek boýunça hyzmatlary* |
| | | | | 63.11.12 | Internet ulgamynda ýerleşdirmek boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- müşderiniň web-saýtynda ýerleşdirmek üçin, Internet bilen ýokary tizlikli ygtybarlygy birleşdirmegi üpjün edýän aşakdaky infrastrukturany bermek:*<br>*• hyzmat edýän prowaýderiň amaly programma üpjünçiligini dolandyrmak ýa-da integrirlemek boýunça hyzmatlary etmeýän halatynda, umumy ýa-da bölünip berlen sygymda bir serwerde saklamak bilen çäklendirilip bilner (serwerde ýerleşdirilen programma üpjünçiligi üçin müşderi jogapkärçilik çekýär we hyzmatyň derejesiniň kepilligi standart bolup durýar we ulanylýan ulgamyna görä çäklendirilendir)*<br>*• web-saýty ýerleşdirmekden, dolandyrmakdan ybarat bolan we özara bagly goşundylar bilen toplumlaýyn hyzmatlaryň bukjasy*<br>*Bu hyzmatyň möhüm häsiýetli aýratynlygy – bu akymy peýdalanmakdaky üýtgemelere çalt uýgunlaşmak üçin çalt üýtgedip bolýan howpsuz we ygtybarly saýty üpjün etmek we Internet ulgamyna birikdirmek bolup durýar. Goşundylar, köplenç, elektron täjirçilik bilen bagly we elektron dükanlaryň hereket etmegi üçin mümkinçilik berýär*<br>*Sargytlary ýerine ýetirmek, işlemek. Goşundylar, köplenç, elektron täjirçili bilen bagly we üpjün etmek, hasap-fakturany bermek, amallary taýýarlamak, müşderi bilen özara gatnaşygy dolandyrmak, serwer maglumatlar binýadyny integrirlemek we özara geçirmek üçin maglumatlary saklamak boýunça hyzmatlar ýaly gowulandyrylan we çylşyrymly häsiýetnamalar bilen satyn alyş sebetleriniň we kataloglarynyň işlemegi üçin elektron dükanlaryň hereket etmegi üçin mümkinçilik berýär* |
| | | | | 63.11.13 | Goşundylary käredä bermek boýunça hyzmatlary etmek<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- aşakdaky ýaly üpjünçiligi ýerleşdirmek üçin peýdalanylýan kärendesine alnan we dolandyrylýan hasaplaýyş gurşawyndan merkezleşdirilen amaly programma üpjünçiligi:*<br>*• müşderiniň ulgamy we infrastrukturasy bilen ugurdaş integrirlemek bilen (goşundyny ýerleşdirmek we dolandyrmagyň bukjasynda, köplenç, maslahat hyzmatlary, ulgamlary özbaşdaklaşdyrmak we integrirlemek boýunça hyzmatlary)*<br>*• kärendesine alnan goşundy müşderiniň talaplaryna laýyklykda, uýgunlaşmaýan we gaýry goşulmalar bilen integrirlenmeýän ýagdaýlarynda (goşundynyň elýeterliligi bütindünýä Internet tory arkaly üpjün edilýär. Umumy mysal hökmünde programma üpjünçiliginiň edara bukjasynyň goşundysyny aýtmak bolar)* |
| | | | | 63.11.19 | Maglumat tehnologiýalarynyň infratsrukturasyny ýerleşdirmek we bermek boýunça gaýry hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:*** |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *- söýget giňişliginiň kärendesi boýunça, ýagny serwerleri we serwer platformalaryny ýerleşdirmek üçin goragly ýerde söýget giňişligini bermek (hyzmat müşderiniň enjamy we programma üpjünçiligi üçin söýget giňişliginiň berilmegini, Internet ulgamyna, gaýry kommunikasiýa ulgamlaryna birikdirmegi, şeýle hem serwerlere gündelik gözegçiligi öz içine alýar. Amal ulgamyny dolandyrmak enjamy, programma üpjünçiligi üçin müşderi jogapkärçilik çekýär*<br>*- maglumatlary saklamak boýunça hyzmatlary, ýagny saklamagy dolandyrmak ýa-da ony administrirlemek boýunça hyzmatlary, maglumatlary ätiýaçlyk nusga almak boýunça hyzmatlary, ätiýaçlyk nusgalary aralykdan döretmek, ýatda saklaýan gurluşlary saklamak we basgançaklaýyn dolandyrmak (maglumatlary geçirmek) hyzmatlary*<br>*- maglumatlary dolandyrmak boýunça hyzmatlary, ýagny guramaçylyk serişdesi hökmünde maglumatlary hemişe dolandyrmak ýa-da ony administrirlemek boýunça hyzmatlary (hyzmatlara şular degişli bolup biler: maglumatalry modelirlemek, maglumatlary jemlemek, maglumatlary rejeli etmek, maglumatlardan habar almak, ulgamlaýyn arhitekturany döretmek)* |
| | | | 63.11.2 | 63.11.20 | Wideo we audio materiallary toplumlaýyn bermek boýunça hyzmatlar |
| | | | | 63.11.21 | Wideo materiallary toplumlaýyn bermek boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- Internet ulgamy arkaly iberilýän toplumlaýyn wideomaglumatlar* |
| | | | | 63.11.22 | Audio materiallary toplumlaýyn bermek boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- Internet ulgamy arkaly iberilýän toplumlaýyn audiomaglumatlar* |
| | | | 63.11.3 | 63.11.30 | Internet ulgamynda mahabat üçin ýer ýa-da wagt<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- Internet ulgamynda kitaplarda, gazetlerde, žurnallarda, döwürleýin neşirlerde mahabat üçin ýeri, 58.11.42, 58.13.32, 58.14.32 seret* |
| | | 63.12 | | | Internet ulgamynda portallaryň materiallary |
| | | | 63.12.1 | 63.12.10 | Internet ulgamynda portallaryň materiallary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- Internet ulgamynda gözleg portallarynda berilýän materiallary, ýagny salgylaryň giňişleýin maglumat binýady we Internet ulgamyny gözlemek üçin ýeňil formatda saklamagy*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- çap edilen elektron salgynamalary we salgylaryň sanawyny, 58.12.20 seret* |
| | 63.9 | | | | Maglumat ulgamynda gaýry hyzmatlar |
| | | 63.91 | | | Maglumat gulluklarynyň hyzmatlary |
| | | | 63.91.1 | 63.91.10 | Maglumat gulluklarynyň hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- garaşsyz fotohabarçylar tarapyndan edilýän hyzmatlary, 74.20.2 seret*<br>*- garaşsyz žurnalistler tarapyndan edilýän hyzmatlary, 90.03.11 seret* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | 63.91.11 | Gazetler we döwürleýin neşirler tarapyndan berilýän maglumat gulluklarynyň hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- kitaplary, gazetleri, žurnallary, döwürleýin neşirler ýaly çap edýän habar beriş serişdeleri kärhanalaryna golýazma ýa-da hronikal suratlar görnüşinde maglumatlary ýygnamak, öwrenmek we üpjün etmek boýunça hyzmatlary* |
| | | | | 63.91.12 | Maglumat gulluklarynyň audiowizual köpçülikleýin habar beriş serişdelerine edýän hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- radio ýa-da telewizion stansiýalara we kinokompaniýalara maglumatlary ýygnamak, öwrenmek we üpjün etmek boýunça hyzmatlary (golýazmalar, suratlar we şekiller)* |
| | | 63.99 | | | Maglumat ulgamynda beýleki toparlara goşulmadyk gaýry hyzmatlar |
| | | | 63.99.1 | 63.99.10 | Maglumat ulgamynda beýleki toparlara goşulmadyk gaýry hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- hak-heşdek tölemek ýa-da şertnama esasynda maglumat gözlemek boýunça hyzmatlary*<br>*- döwürleýin neşirden täzelikleri, bölekleri saýlap almak boýunça hyzmatlary*<br>*- salgylaryň sanawyny hasaba almazdan, faktlary we maglumatlary ýygnamak we jemlemek boýunça hyzmatlary*<br>*- beýleki toparlara goşulmadyk awtomatlaşdyrylan kompýuter maglumat hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- edaranyň kömekçi hyzmatlaryna goşulan salgylaryň sanawyny düzmek boýunça hyzmatlary, 82.19.12 seret*<br>*- çagyryşlara hyzmat etmek merkezleriniň hyzmatlary, 82.20.10 seret* |
| | | | 63.99.2 | 63.99.20 | Faktlaryň/maglumatlaryň asyl nusga ýygyndylary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- salgylaryň sanawyny goşmak bilen, maglumatlara ýazylmak üçin faktlaryň/maglumatlaryň asyl nusgadaky ýygyndylary*<br>*Bu ýygyndylar mazmuny babatda däl-de, berlişiniň görnüşi babatda goralýar*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- salgynamalary we salgylaryň sanawlaryny neşir etmek boýunça hyzmatlary, 58.12.10 seret*<br>*- faktlary, maglumatlary ýygnamak we jemlemek boýunça hyzmatlary, 63.99.10 seret*<br>*- edaranyň kömekçi hyzmatlaryna goşulan salgylaryň sanawyny düzmek boýunça hyzmatlary, 82.19.12 seret* |
| **K seksiýa** | | | | | **MALIÝE WE ÄTIÝAÇLANDYRYŞ HYZMATLARY** |
| **64** | | | | | **Maliýe hyzmatlary, ätiýaçlandyryş we pensiýa üpjünçiligi boýunça hyzmatlaryndan başga** |
| | 64.1 | | | | Pul-karz ulgamynda dellalçylyk boýunça hyzmatlar |
| | | 64.11 | 64.11.1 | 64.11.10 | Merkezi bankyň hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- tölegler we gaýry maliýe geleşikleri boýunça özara* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bö-lüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *hasaplaşyk we hasaplaşygyň ýurtda hereket edýän ulgamlaryny goldaýan hyzmatlary*<br>*- esasy maliýe edaralary we merkezi häkimiýet üçin depozit hasaplaryny saklaýjynyň hyzmatlary*<br>*- pul-karz syýasatyny amala aşyrmak boýunça hyzmatlary*<br>*- daşary ýurt pulunyň hökümete degişli ätiýaçlygyny dolandyrmak boýunça hyzmatlary*<br>*- puluň bahasyna täsir etmek boýunça hyzmatlary*<br>*- merkezi bankyň ýolbaşçylygy bilen pul goýbermek boýunça ýerine ýetirilýän hyzmatlary, pullaryň goýberilişini meýilnamalaşdyrmak we guramak, paýlamagy we çalyşmagy goşmak bilen*<br>*- fiskal agentiniň hyzmatlary, şol sanda döwlet bergisi, bergi borçnamalaryny goýbermek, obligasiýalary saklaýjylaryň hasaba alnyşyny ýöretmek we hökümetiň adyndan göterimleri tölemegi geçirmek we bergi borçnamalaryny yzyna satyn almak bilen bagly meseleler boýunça hökümete geňeş hyzmatlary*<br>*- merkezi bank tarapyndan amala aşyrylýan bank we/ýa-da bank däl edaralaryna gözegçilik etmek boýunça işi*<br>*- merkezi bankyň beýleki toparlara goşulmadyk gaýry hyzmatlary* |
| | | 64.19 | | | Pul-karz ulgamynda dellalçylyk boýunça gaýry hyzmatlar |
| | | | 64.19.1 | 64.19.10 | Goýumlar boýunça hyzmatlar |
| | | | | 64.19.11 | Korporatiw goýumçylara we goýumçy edaralara goýumlar boýunça berilýän hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- öňünden habar bermek bilen, goýumlar boýunça, şol sanda talap edilýänçä goýumlary we iri kärhanalar we edaralar ýaly müşderiler, şol sanda hökümet üçin öňünden duýdurmak möhletli goýumlar boýunça hyzmatlary* |
| | | | | 64.19.12 | Gaýry goýumçylara goýumlar boýunça berilýän hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- öňünden habar bermek bilen, goýumlar boýunça, şol sanda talap edilýänçä goýumlary we korporatiw kärhana ýa-da edara bolup durmaýan goýumçylar üçin möhletli goýumlar boýunça hyzmatlary*<br>*- çekler bilen amallar boýunça hyzmatlary*<br>*- çekleri tassyklamak boýunça hyzmatlary*<br>*- tölegleri bes etmek boýunça hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- inkassasiýa tertibinde alnan, nagt ýa-da goýuma alnan çykdajylaryň, çekleriň we gaýry alyş-çalyş orderleriniň inkassasiýasy boýunça hyzmatlary, 82.91.12 seret*<br>*- tabşyryga laýyklykda hasaplar ýa-da şertnamalar boýunça gelýän hasaplaryň ýa-da pullaryň inkassasiýasy boýunça hyzmatlary, 82.91.12 seret*<br>*- gaplamak, dolamak, poçta boýunça ibermek ýa-da müşderiniň tabşyrygy boýunça banknotlar we şaýy pullar bilen gaýry amallary, 82.92.10 seret* |
| | | | 64.19.2 | 64.19.20 | Karz edaralarynyň karz bermek boýunça hyzmatlary |
| | | | | 64.19.21 | Karz edaralarynyň karz bermek boýunça pudagara |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- karz edaralary tarapyndan maliýe dellallaryna berilýän karzlar*<br>*Bu hyzmatlar maliýe dellallarynyň arasynda amala aşyrylýan amallar bilen bagly karzlaryň berilmegini öz içine alýar (karz bermek boýunça lomaý hyzmatlar, ýagny 64.1 we 64.9 toparlara degişli edilen karhanalaryň arasynda YIGDK) we şeýle karzlary we hakujylary dolandyrmak. Ýerli we daşary ýurt maliýe dellallaryna karzlar we hakujylar, düzgün bolşy ýaly, gysga möhlete berilýär, talap edilmegi boýunça ýa-da habar berlenden soň gysga möhletden soň üzülýär* |
| | | | | 64.19.22 | Sarp ediş karzlaryny bermek boýunça karz edaralarynyň hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- möhletlere bölüp üzmek bilen şahslara berilýän şahsy ipoteka däl nesýe bermek boýunça hyzmatlary*<br>*- karz berýäniň karz alyja belli bir möçbere çenli bermek borçnamasyny aňladýan karz liniýasy görnüşli hyzmatlary*<br>*- sarp ediş karzlaryny bermek boýunça hyzmatlary, ýagny alnan harytlar, adatça goşmaça üpjünçilik hökmünde ulanylanda sarp edijiniň harytlary we hyzmatlary almagyny maliýeleşdirmek üçin berilýän karzlary* |
| | | | | 64.19.23 | Karz edaralarynyň ýaşaýyş jaýy üçin ipoteka nesýesini bermek boýunça hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- karz edaralarynyň ýaşaýyş jaýyny gurmak üçin ýer ýa-da ýaşaýyş jaýyny almak maksatlary üçin nesýe bermek boýunça hyzmatlary, ýer ýa-da jaý girew bolup hyzmat edýär*<br>*- müşderä degişli ýaşaýyş jaýy üçin nesýe*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- bahalandyrmak boýunça hyzmatlary, 68.31.16 seret* |
| | | | | 64.19.24 | Karz edaralarynyň ýaşaýyş däl jaýlar üçin ipoteka nesýesini bermek boýunça hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- karz edaralarynyň ýaşaýyş jaýynyň gurluşygy üçin niýetlenmedik ýer ýa-da ýaşaýyş jaýyny almak maksatlary üçin nesýe bermek boýunça hyzmatlary, ýer ýa-da jaý girew bolup hyzmat edýär*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- bahalandyrmak boýunça hyzmatlary, 68.31.16 seret* |
| | | | | 64.19.25 | Karz edaralarynyň telekeçilik maksatlary üçin ipoteka däl nesýeleri bermek boýunça hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- karz edaralarynyň maýa goýumlary bilen meşgullanýan birža dellallaryna, resmi maliýe edaralaryna, merkezi, sebitleýin we ýerli dolandyryş edaralaryna ýa-da mekdep korporasiýalaryna, daşary ýurt hökümetlerine we beýleki işewür toparlara nesýe bermek boýunça hyzmatlary*<br>*- hususy şahslara telekeçilik maksatlary üçin nesýe bermek boýunça hyzmatlary*<br>*- karzyň ýokarlandyrylmagy bilen bagly hyzmatlary goşmak bilen, ätiýaçlykda goýma, borçnamalar we hyzmatlaryň gaýry görnüşleri*<br>*- akkreditiwleri kepillendirmek we bermek boýunça hyzmatlary* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *- akseptasiýa boýunça hyzmatlary, ýagny bankyň ýa-da gaýry maliýe edarasynyň belli bir edara tarapyndan tölemek üçin çek ýa-da karz resminamasyny kabul etmäge razylygy* |
| | | | | 64.19.26 | Karz edaralarynyň karz kartoçka üpjünçiligi boýunça hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- karz bermek boýunça karz edaralarynyň hyzmatlary, şunda karz kartoçkasynyň hereket edýän möhletiniň ahyryna çenli kartoçkada serişdeleriň galyndysynyň bardygyna ýa-da ýokdugyna garamazdan, karz kartoçkasynyň eýesi ondan peýdalanýar* |
| | | | | 64.19.29 | Karz edaralarynyň karz bermek boýunça gaýry hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- karz edaralarynyň karz bermek boýunça gaýry toparlara goşulmadyk hyzmatlary*<br>*- arzan bahadan satuwy maliýeleşdirmek boýunça hyzmatlary* |
| | | | 64.19.3 | 64.19.30 | Pul-karz ulgamynda dellalçylyk boýunça gaýry toparlara goşulmadyk gaýry hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- merkezi bankdan başga, karz berýän we goýumlary kabul edýän edaralar tarapyndan ýerine ýetirilýän, pul-karz ulgamynda araçylyk boýunça ähli gaýry hyzmatlar (karz bermek boýunça hyzmatlardan we goýumlar boýunça hyzmatlardan başga)*<br>*Bu hyzmatlar, esasan, gymmatly kagyza öwrülýän maýa goýumlary bilen baglydyr (geçirilýän gymmatly kagyzlara guramalaryň kollektiwleýin maýa goýmak hyzmatlary), karz gurallaryny, paýnamalary we gatnaşmagy we ş.m. goşmak bilen, şeýle hem emele getirilen maliýe gurallary bilen bagly hyzmatlary öz içine alýar* |
| 64.2 | 64.20 | 64.20.1 | | 64.20.10 | Holding kompaniýalarynyň hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- paýnamalaryň gözegçilik bukjasyna eýeçilik etmek maksady bilen, kompaniýalaryň we kärhanalaryň gymmatly kagyzlaryna artykmaçlyk bilen eýeçilik edýän (ýa-da paýdarçylyk serişdesine gatnaşýan) holding kompaniýalarynyň hyzmatlary* |
| 64.3 | 64.30 | 64.30.1 | | 64.30.10 | Trestleriň, gaznalaryň, şoňa meňzeş maliýe guramalarynyň hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- paýdarlaryň ýa-da benefisiarlaryň adyndan dolandyrmazdan, gymmatly kagyzlary we gaýry maliýe aktiwlerini birleşdirmek üçin döredilen ýuridik şahslar tarapyndan edilýän hyzmatlary*<br>*Bukjalar diwersifikasiýa, töwekgelçilik, girdejililigiň möçberi (stawka) we nyrhlaryň derejesiniň üýtgemegi ýaly belli bir maýa goýum häsiýetnamalaryny gazanmak maksady bilen, aýratyn talaplara laýyklykda düzülýär. Bu ýuridik şahslar emläkden göterim, diwidend we gaýry girdejileri alýarlar, ýöne olarda hakyna tutma işgär ýok diýen ýaly ýa-da asla ýokdur we olar hyzmatlaryň satuwyndan hiç hili girdeji almaýarlar.* |
| 64.9 | | | | | Gaýry maliýe hyzmatlary, ätiýaçlandyryş we pensiýa üpjünçiligi boýunça hyzmatlardan başga |
| | 64.91 | 64.91.1 | | 64.91.10 | Maliýe lizingi boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:*** |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *- kärendesine berýän tarapyň enjamlar ýa-da desgalar üçin töleg töleýän we olara bolan hukuklary alýan, ýöne hususyýetçiniň kadaly jogapkärçiliginiň diňe ujypsyz bir bölegini özünde saklap galmak bilen, olary kärendeçä kärendesine berýän mahalynda, sarp ediji tarapyndan maýa goýmazdan, enjamlaryň ýa-da başga emlägi sarp edijiniň ygtyýaryna berilmeginden ybarat bolan* |
| | | | | | ***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:*** |
| | | | | | *- dessin (operatiw) lizing boýunça hyzmatlary, 77 bölüm* |
| | | 64.92 | | | Karz bermek boýunça gaýry hyzmatlar |
| | | | 64.92.1 | 64.92.10 | Karz bermek boýunça gaýry hyzmatlar, karz edaralary tarapyndan berilýän hyzmatlardan başga |
| | | | | 64.92.11 | Karz bermek boýunça pudagara hyzmatlar, karz edaralary tarapyndan berilýän hyzmatlardan başga |
| | | | | | ***Bu kiçi dereje öz içine alýar:*** |
| | | | | | *- maliýe dellallary tarapyndan berilýän zaýomlar, karz edaralary tarapyndan berilýän hyzmatlardan başga* |
| | | | | | *Bu hyzmatlar maliýe dellallarynyň arasynda amala aşyrylýan amallar bilen bagly karzlaryň berilmegini (karz bermek boýunça lomaý hyzmatlar, ýagny 64.1 we 64.9 toparlara degişli edilen karhanalaryň arasynda KDES) we şeýle zaýomlary we hakujylary dolandyrmagy öz içine alýar. Ýerli we daşary ýurt maliýe dellallaryna zaýomlar we hakujylar, düzgün bolşy ýaly, gysga möhlete berilýär, talap edilmegi boýunça ýa-da habar berlenden soň gysga möhletden soň üzülýär* |
| | | | | 64.92.12 | Sarp ediş karzlaryny bermek boýunça hyzmatlar, karz edaralarynyň hyzmatlaryny hasaba almazdan |
| | | | | 69.20.13 | Maliýe hasabatlylygyny kabul etmek we jebislendirmek boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- müşderiniň garamagyndaky kärhanalardan maliýe hasabatlylygyny kabul etmek boýunça, jebislendirilen maliýe hasabatlylygyny düzmek boýunça hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- maglumatlary gaýtadan işlemek boýunça hyzmatlary (63.11.11 koda seret), buhgalterçilik hasaba alnyşyny alyp barmak (dikeltmek) boýunça hyzmatlary (69.20.11 koda seret), zähmet hakyny hasaplamak we degişli sanawlary düzmek boýunça hyzmatlary (69.20.14 koda seret), aýratyn hyzmat hökmünde ýerine ýetirilýän salgyt hasaplamalaryny we deklarasiýalaryny düzmek boýunça hyzmatlary (69.20.2 koda seret), hasaplar boýunça tölegleri ýygnamak hyzmatlary (82.91.12 koda seret)* |
| | | | | 69.20.14 | Zähmet hakyny hasaplamak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- zähmet hakyny hasaplamak we ony hasaba almak, tölemek boýunça degişli birinji hasaba alyş resminamalary düzmek, şol sanda zerur bolan salgyt we beýleki hasaplamalary düzmek bilen şahsy taraplaryň girdejilerinden alynýan salgytlary we býujetden daşary gaznalara geçirmeleri hasaplamak boýunça hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- aýratyn hyzmat hökmünde ýerine ýetirilýän salgyt hasaplamalaryny we deklarasiýalaryny düzmek boýunça hyzmatlary (69.20.2 koda seret)* |
| | | | | 69.20.19 | Buhgalterçilik hasaba alnyşy ulgamynda gaýry hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- içerki gözegçiligi guramak hasaba alyş syýasatyny saýlamak we düzmek we buhgalterçilik hasaba alnyşy ulgamynda gaýry hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- buhgalterçilik hasaba alnyşyny alyp barmak (dikeltmek) boýunça hyzmatlary (69.20.11 koda seret)* |
| | | | 69.20.2 | 69.20.20 | Salgyt maslahaty ulgamynda hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- salgyt maslahatlaryny bermek we müşderileriň adyndan salgyt edaralarynda wekilçilik etmek, şol sanda salgyt deklarasiýalaryny taýýarlamak hyzmatlary* |
| | | | | 69.20.21 | Ýuridik şahslar üçin salgyt maslahatlaryny bermek we salgyt resminamalaryny taýýarlamak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- ýuridik şahslar üçin salgyt maslahatlaryny bermek, ýuridik* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *şahslara salgyt edaralarynda wekilçilik etmek, şol sanda ýuridik şahslar üçin salgyt deklarasiýalaryny taýýarlamak boýunça işi* |
| | | | | 69.20.22 | Fiziki şahslar üçin salgyt maslahatlaryny bermek we salgyt resminamalaryny taýýarlamak boýunça hyzmatlar.<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- fiziki şahslar üçin salgyt maslahatlaryny bermek, fiziki şahslara salgyt edaralarynda wekilçilik etmek, şol sanda fiziki şahslar üçin salgyt deklarasiýalaryny taýýarlamak boýunça işi* |
| | | | | 69.20.23 | Buhgalterçilik hasaba alnyşy ulgamynda hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- buhgalterçilik kitaplarynda pul görnüşinde ýa-da başga birlikde ölçelýän täjirçilik amallarynyň klassifikasiýasyndan we bellige alnyşyndan ybarat bolan buhgalterçilik hasaba alyş ulgamyndaky hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- iş hakyny tölemek boýunça hyzmatlary, şol sanda töleg resminamalaryny hasaplamak we baş buhgalterçilik kitabyny ýöretmek, 69.20.24 seret*<br>*- salgyt beýannamalaryna degişli buhgalterçilik hasaba alyş hyzmatlary, 69.20.3 seret*<br>*- wekselleriň inkassasiýasy boýunça hyzmatlary, 82.91.12 seret* |
| | | | | 69.20.24 | Zähmet hakyny tölemek boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- zähmet hakyny tölemek boýunça hyzmatlary, şol sanda töleg resminamalaryny hasaplamagy we baş buhgalterçilik kitabyny ýöretmegi* |
| | | | | 69.20.29 | Hasaplary düzmek boýunça gaýry hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- resmi hasabatlary barlamak, bahalandyrmak, taýýarlamak boýunça hyzmatlar ýaly hasaplary düzmek boýunça gaýry hyzmatlary we ş.m.* |
| | | | 69.20.3 | 69.20.30 | Maliýe auditini geçirmek boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- maliýe hasabatlylygynyň ygtybarlydygy barada pikiri beýan etmek maksady bilen, onuň garaşsyz auditini geçirmek hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- buhgalterçilik hasaba alnyşyny alyp barmak (dikeltmek) boýunça hyzmatlary (69.20.11 koda seret), dolandyryşyň audit barlagyny (70.22.11 koda seret)* |
| | | | | 69.20.31 | Korporatiw salgytlary meýilnamalaşdyrmak boýunça we maslahat hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- korporatiw salgytlar meseleleri boýunça maslahat hyzmatlary we salgytlaryň ähli görnüşleri boýunça beýannama taýýarlamagy (mysal üçin, GBS)* |
| | | | | 69.20.32 | Hususy salgytlary taýýarlamak we meýilnamalaşdyrmak boýunça hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- korporasiýa bolup durmaýan kärhananyň salgytlaryny* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *tölemegi üçin harajatlary taýýarlamak we meýilnamalaşdyrmak boýunça hyzmatlary* |
| | | | | | *- şahsy adamlar üçin salgytlary tölemäge harajatlary taýýarlamak we meýilnamalaşdyrmak boýunça hyzmatlary* |
| | | | 69.20.4 | 69.20.40 | Tölege ukypsyzlyk we bergileri töletmek bilen bagly hyzmatlar |
| | | | | | ***Bu kiçi dereje öz içine alýar:*** |
| | | | | | *- tölege ukypsyz kärhananyň ýolbaşçylary we/ýa-da karz berijiler üçin maslahatlar we kömek we/ýa-da tölege ukyply däl kärhanany ýatyryjy ýa-da emlägini dolandyryjy hökmünde çäreleri görmegi* |
| **70** | | | | | **Merkezi ofisleriň hyzmatlary; dolandyryş meseleleri boýunça maslahat hyzmatlary** |
| | 70.1 | 70.10 | 70.10.1 | 70.10.10 | Merkezi ofisleriň hyzmatlary |
| | | | | | ***Bu kiçi dereje öz içine alýar:*** |
| | | | | | *- şol kompaniýanyň ýa-da kärhananyň gaýry bölümçelerine merkezi ofisler tarapyndan berilýän dolandyryş meseleleri boýunça hyzmatlary* |
| | | | | | ***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:*** |
| | | | | | *- dolandyrmaga gatnaşmaýan holding kompaniýalaryň hyzmatlary, 64.20.10 seret* |
| | 70.2 | | | | Dolandyryş meselleri boýunça maslahat hyzmatlary |
| | | 70.21 | | | Jemgyýetçilik bilen aragatnaşyk we kommunikasiýa boýunça hyzmatlar |
| | | | 70.21.1 | 70.21.10 | Jemgyýetçilik bilen aragatnaşyk we kommunikasiýa boýunça hyzmatlar |
| | | | | | ***Bu kiçi dereje öz içine alýar:*** |
| | | | | | *- guramanyň ýa-da şahsy tarapyň jemgyýetçilik, hökümet, saýlawçylar, paýçylar we ş.m. bilen aragatnaşygyny gowulandyrmak, guramanyň abraýyny ýokarlandyrmagyň usullaryna degişli lobbirlemäni goşmak bilen, maslahat, dolandyryş we dessin kömegi bermek boýunça hyzmatlary* |
| | | | | | ***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:*** |
| | | | | | *- mahabaty meýilnamalaşdyrmak we döretmek boýunça hyzmatlary, 73.11.11seret* |
| | | | | | *- bazar şertlerini we jemgyýetçiligiň pikirini öwrenmek boýunça hyzmatlary, 73.20 seret* |
| | | 70.22 | | | Telekeçilik ulgamynda maslahat hyzmatlary we dolandyryş meseleleri boýunça gaýry hyzmatlar |
| | | | 70.22.1 | 70.22.10 | Kärhananyň işini dolandyrmak meseleleri boýunça maslahat hyzmatlary |
| | | | | 70.22.11 | Strategik dolandyryş meseleleri boýunça maslahat hyzmatlary |
| | | | | | ***Bu kiçi dereje öz içine alýar:*** |
| | | | | | *- telekeçiligiň strategiýasy, umumy meýilnamalaşdyryş, kärhananyň düzümini emele getirmek we gözegçilik etmek babatda maslahat, dolandyryş we dessin kömek bermek boýunça hyzmatlary. Dolandyryş ulgamynda maslahatlar boýunça umumy çäreler hyzmatlaryň bir görnüşi ýa-da aşakdaky görnüşleriniň jemi bilen has anyk bagly bolup biler:* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |

*• syýasaty işläp taýýarlamak*
*• guramanyň maksatlaryna has netijeli laýyk geljek guramaçylyk düzümini (kararlary kabul etmek ulgamy) kesgitlemek*
*• hukuk taýdan resmileşdirmek*
*• strategik işewürlik-meýilnamasy*
*• birleşmek, satyn almak, bilelikdäki kärhanalar, strategik birleşmeler, diwersifikasiýa, hususylaşdyrma ýaly hojalyk işlerini ösdürmek we düzümini üýtgetmek meseleleri boýunça maslahat hyzmatlary*
*• maglumaty dolandyryş ulgamyny saýlamak*
*• dolandyryş nutuklaryny taýýarlamak we gözegçilik*
*• telekeçilik işini üýtgetmegiň meýilnamalary*
*• dolandyryşa derňew geçirmek*
*• düşewüntliligi ýokarlandyrmagyň maksatnamasyny işläp taýýarlamak*
*• guramanyň ýokary dolandyryş bölümi üçin aýratyn gyzykly bolan gaýry meseleleri*

***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***
*- hukuk taýdan maslahatlar we wekilçilik boýunça hyzmatlary, 69.10.1 seret*
*- birleşmegi, satyn almagy guraýan geňeşçileriň we araçylaryň hyzmatlary, 66.19.21 seret*

70.22.12 Maliýe dolandyryşy boýunça maslahat hyzmatlary (korporatiw salgyt salmak meselelerinden başga)

***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***
*- maliýe häsiýetli çözgütlere degişli maslahat, dolandyryş we dessin kömek bermek boýunça aşakdaky ýaly:*
*• dolanyşyk serişdesini we geçginliligi dolandyrmak, serişdäniň degişli düzümini kesgitlemek*
*• teklip edilýän maýa goýumlaryny seljermek*
*• aktiwleri dolandyrmak*
*• hasabat we býujet ulgamyny, şeýle hem býujet gözegçiligini işläp taýýarlamak*
*• birleşmek, satyn almak we ş.m. bilen bagly bahalandyrmagyň usullary, tölegiň usullary, gözegçiligiň usullary, halkara maliýesi ýaly maliýe maslahat hyzmatlary*

***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***
*- buhgalterçilik hasaba alnyşy ulgamy üçin kompýuter programma üpjünçiligini taslamak we işläp taýýarlamak boýunça hyzmatlary, 62.01.1 seret*
*- gymmatly kagyzlar bilen bagly dellalçylyk amallary, 66.12.11seret*
*- bukjany we gaznalary dolandyrmak boýunça hyzmatlary, 66.30.11seret*
*- hasaplary düzmek, buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe derňewi ulgamynda hyzmatlary, 69.20 seret*

70.22.13 Harytşynaslygy dolandyrmak boýunça maslahat hyzmatlary

***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***
*- harytşynaslyk we harytşynaslyk amallary ulgamlarynda guramagyň strategiýasyna degişli maslahat, dolandyryş we ýerine ýetiriji (operatiw) kömek boýunça hyzmatlar. Harytşynaslygy*

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bö-lüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *dolandyrmak meseleleri boýunça maslahatlar hyzmatlaryň bir görnüşi ýa-da aşakdaky görnüşleriniň jemi bilen bagly bolup biler:*<br>*• harytşynaslyk strategiýasyny seljermek we işläp taýýarlamak*<br>*• sarp edijilere hyzmat etmek, nyrh emele getirmek maksatnamalaryny, mahabat we ýaýratmak kanallaryny işläp taýýarlamak*<br>*• önümi ýerleşdirmek üçin dolandyryş düzümini we işgärleri taýýarlamak*<br>*• harytşynaslyk kanallaryny guramak (lomaý satyjylara ýa-da gönüden-göni bölek satyjylara ýerleşdirmek, poçta boýunça göni ibermek, ýörite ýeňillikleri bermek we ş.m. ), gaplama dizaýny, harytşynaslyk strategiýasy we guramaçylyk amallary bilen bagly gaýry meseleler*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- jemgyýetçilik bilen aragatnaşyk we kommunikasiýa boýunça hyzmatlary, 70.21.10 seret*<br>*- mahabat ulgamynda hyzmatlary, 73.11seret* |
| | | | | 70.22.14 | Zähmet serişdelerini dolandyrmak meseleleri boýunça maslahat hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- guramanyň onuň zähmet serişdeleri bilen bagly bolan strategiýa, syýasat, tejribe ulgamlarynda maslahat, dolandyryş we dessin kömek boýunça hyzmatlary*<br>*Zähmet serişdeleri meseleleri boýunça maslahatlar hyzmatlaryň bir görnüşi ýa-da aşakdaky görnüşleriniň birnäçesi bilen bagly bolup biler:*<br>*• işgärleri hakyna tutmak, iş haky, kepillikler we öwezini dolmak, işgäriň işini barlamak we bahalandyrmak*<br>*• guramaçylyk ösüşi (toparlarda we olaryň arasynda özara gatnaşygy gowulandyrmak)*<br>*• işgärlere iş öwretmek we olaryň ösüş zerurlyklaryny kanagatlandyrmak*<br>*• işden çykarylanlary işe ýerleşdirmek boýunça düzgün-tertipler we işgärlere kömek bermek meýilnamalary*<br>*• yzygiderliligi meýilnamalaşdyrmak*<br>*• işçi güýjüniň saglygy, howpsuzlygy, zähmet haky ýaly ulgamlarda hökümetiň kadalaşdyryjy talaplaryny berjaý etmek we işe ýerleşdirmekde deňlik*<br>*• işçi güýji bilen ýolbaşçylaryň arasynda gatnaşyk*<br>*• zähmet serişdelerirni derňemek*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- işe ýerleşdirmek boýunça ýa-da ýolbaşçy işgäri gözlemek boýunça maslahat hyzmatlary , 78.10.1 seret*<br>*- bilim ulgamynda maslahat hyzmatlary, 85.60.10 seret* |
| | | | | 70.22.15 | Önümçiligi dolandyrmak boýunça maslahat hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- önümçiligi dolandyrmak meseleleri boýunça aşakdaky ýaly maslahat hyzmatlary*<br>*- ulgamlary we düzgün-tertipleri kämilleşdirmek*<br>*- aşakdaky ýaly administratiw işleri we hyzmatlary* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *kämilleşdirmek:*<br>*• ofisiň meýilnamasy*<br>*• iş prosesini meýilnamalaşdyrmak we zähmet standartlarynyň berjaý edilmegi*<br>*- bölümleriň işini awtomatlaşdyrmak, meselem, awtomatlaşdyrylan ulgamlary saýlap almak we gurmak*<br>*- önümleri işläp taýýarlamak, hile gözegçilik etmek we hili dolandyrmak*<br>*- kärhanada howpsuzlyk, gorag*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- üpjün etmek ulgamy boýunça maslahat hyzmatlary, 70.22.16 seret*<br>*- inženerçilik maslahat hyzmatlary we enjamy ýerleşdirmegi meýilnamalaşdyrmak, önümçilik prosesini taslamalaşdyrmak boýunça hyzmatlary, 71.12.17 seret*<br>*- oba hojalygy ulgamynda agronomlar we ykdysatçylar tarapyndan berilýän hyzmatlary, 74.90.19 seret* |
| | | | | 70.22.16 | Üpjün etmek ulgamyny dolandyrmak meseleleri boýunça maslahat hyzmatlary we dolandyryş meseleleri boýunça gaýry hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- üpjün etmegiň integrirlenen ulgamyny dolandyrmak meseleleri boýunça maslahat*<br>*- üpjün etmegiň integrirlenen ulgamyny dolandyrmak meseleleri boýunça maslahat – bu maddy-tehniki üpjünçiligi, ammarlara ýerleşdirmegi we saklamagy, distribusiýany dolandyrmak meseleleri boýunça hyzmatlary öz içine alýan önümiň toplumy.*<br>*- logistikany dolandyrmak meseleleri boýunça aşakdaky ýaly maslahat hyzmatlary:*<br>*• maddy-tehniki üpjünçiligi dolandyrmak meseleleri boýunça hyzmatlar, ýagny müşderi üçin maddy-tehniki üpjünçilgiň has netijeli talaplaryny kesgitlemek üçin bar bolan maddy-tehniki üpjünçilige gözegçilik etmek bilen bagly meseleler boýunça maslahatlary*<br>*• harytlary müşderiden sarp edijä ýetirmek üçin guramanyň çäklerinde harytlary saklamak, gaýtadan ýüklemek üçin müşderi tarapyndan peýdalanylýan prosesleri hasaba alyp, distribusiýa we ugratmak bilen bagly logistika meseleleri boýunça maslahatlary*<br>*• predmeti almak, saklamak we bermek işlerini hasaba alyp, ammarlara ýerleşdirmek we saklamak bilen bagly, tehniki hyzmatlar bilen bagly logistika meseleleri boýunça maslahatlary*<br>*- dolandyryş meseleleri bilen bagly, beýleki toparlara goşulmadyk gaýry maslahat hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- binagärlik ulgamynda maslahat hyzmatlary, 71.11.24 seret*<br>*- inženerçilik maslahat hyzmatlary, 71.12.11seret*<br>*- daşky gurşawy goramak meseleleri boýunça maslahat hyzmatlary, 74.90.13seret*<br>*- beýleki toparlara goşulmadyk gaýry ylym we tehniki* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *maslahat hyzmatlary, 74.90.19 seret* |
| | | | | 70.22.17 | Işewürlik işlerini dolandyrmak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- maglumat tehnologiýalaryndan ýygjam peýdalanmagy talap edýän hyzmatlary işçi güýji bilen (çözgüde baglylykda hünär derejesi bolan ýa-da bolmadyk işçiler), enjamlar bilen, müşderi üçin işewürlik prosesini goldamak, ýerleşdirmek we dolandyrmak üçin jaýlar bilen utgaşdyrýan toplumlaýyn hyzmatlary etmek:*<br>*- tranzaksiýalary işlemek, kredit kartoçkalary boýunça maglumatlary işlemek, tölegler bilen bagly hyzmatlar, nesýe bermek bilen bagly hyzmatlar ýaly maliýe işewürlik prosesleri*<br>*- iş beriji tarapyndan berilýän ýeňillikleri dolandyrmak, zähmet hakyny hasaplamagy ýerine ýetirmek, işgärleri dolandyrmak ýaly zähmet serişdeleri bilen bagly işewürlik prosesleri*<br>*- maddy-tehniki üpjünçiligi dolandyrmak ýaly üpjün etmegiň ulgamlaryny dolandyrmak boýunça işewürlik prosesleri, satyn almak boýunça hyzmatlar, logistika ulgamynda hyzmatlar, önümçiligi meýilnamalaşdyrmak we sargytlary işläp taýýarlamak*<br>*- kömek gulluklary, telefon maglumat merkezleri, satyn alyjylara hyzmat etmek ýaly sarp edijiler bilen gatnaşygy dolandyrmak boýunça işewürlik prosesleri*<br>*- energetika, himiýa, nebit senagaty ýaly belli bir senagat pudaklary tarapyndan amala aşyrylýan dikleýin (wertikal) bazar işewürlik prosesleri*<br>*- müşderi üçin gaýry işewürlik prosesleri* |
| | | | 70.22.2 | 70.22.20 | Gurluşyk taslamalaryna ýolbaşçylykdan başga, taslamalara ýolbaşçylyk etmek meseleleri boýunça gaýry hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- müşderiniň tabşyrygy boýunça taslamany taýýarlamak, amala aşyrmak we tamamlamak işinde serişdeleri utgaşdyrmak we olaryň peýdalanylyşyna gözegçilik etmek boýunça hyzmatlary*<br>*- býujede gözegçiligi, hasabata, çykdajylara, satyn alşa işiň tertibiniň meýilnamalaşdyrylmagyna we işleriň gaýry şertlerine, kömekçi potratçylaryň işleriniň utgaşdyrylyşyna, hili barlamak we gözegçilik etmegi öz içine alýan taslamalara ýolbaşçylyk boýunça hyzmatlary*<br>*- dolandyryş meseleleri boýunça hyzmatlary öz içine alýan taslamalara ýolbaşçylyk boýunça hyzmatlary*<br>*we öz işgärini bermek ýa-da bermezlik bilen administratiw hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- gurluşyk taslamalaryna ýolbaşçylyk boýunça hyzmatlary, 71.12.20 seret* |
| | | | 70.22.3 | 70.22.30 | Telekeçilik ulgamynda gaýry maslahat hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- sebitleýin ösüş, senagat taýdan ösüş ýa-da syýahatyň ösüşi boýunça hyzmatlary* |
| | | | 70.22.4 | 70.22.40 | Haryt belgileri we franşizler<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:*** |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *- asyl nusga haryt belgileri we franşizler, ýagny anyk haryt belgisiniň resmi bellige alnan eýeçiligi*<br>*- bu önümler gaýry taraplara şu asyl nusga haryt belgilerinden we franşizlerden peýdalanmaga rugsat bermek arkaly peýda almak niýeti bilen öz hasabyna öndürilýär*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- haryt belgilerinden we franşizlerden peýdalanmaga hukuk berýän ygtyýarnamalary bermek boýunça hyzmatlary, 77.40.12 seret*<br>*- netijede, önüm ýa-da haryt belgisi bilen üpjün edilen düşünje döredilýän ylmy barlaglar we synag işläp taýýarlamalary, 72 bölüme seret*<br>*- ýerleşdiriş kanallaryny guramak bilen bagly maslahat hyzmatlary (franşizleri goşmak bilen), 70.22.13 seret*<br>*- haryt belgilerini we franşizleri hukuk bilen bagly dolandyrmak boýunça hyzmatlary, 74.90.20 seret* |
| **71** | | | | | **Binagärçilik ulgamynda hyzmatlar we inženerçilik hyzmatlary; tehniki synaglar we seljeriş ulgamynda hyzmatlar** |
| | 71.1 | | | | Binagärlik ulgamynda hyzmatlar we inženerçilik hyzmatlary we olar bilen bagly tehniki maslahat hyzmatlary<br>***Bu topar öz içine alýar:***<br>*- taslama düzmek boýunça hyzmatlar (jikme-jik çyzgylar, jaýlaryň, konstruksiýalaryň, ulgamlaryň ýa-da komponentleriň binagär-konstruktorlar ýa-da inžener-tehniki işgärler tarapyndan inženerçilik we binagärlik aýratynlyklaryna laýyklykda döredilen eskizler we suratlar)*<br>*- seýsmiki ýagdaýa durnukly gurluşyk boýunça ylmy-barlag hyzmatlary we onuň bilen bagly tehniki maslahat hyzmatlary*<br>*- kadalaşdyrmak we usulyýet hyzmatlary* |
| | | 71.11 | | | Binagärlik ulgamynda hyzmatlar<br>***Bu klas öz içine alýar:***<br>*- gurluşyk babatda taslamadan öňki we taslama resminamalarynyň hem-de çykdajy sanawlarynyň döwlet seljeriş hyzmatlary;*<br>*- şähergurluşyk işini kämilleşdirmek, şäherlerde şäherçelerde we obalarda gurluşyk işleri geçirilende ulanyş hem-de gözellik görkezijilerini milli aýratynlyklara hem-de ýerli tebigy-howa şertlerine laýyklykda ýokarlandyrmak hyzmatlary;*<br>*- binagärlik, taslama we gurluşyk babatda kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny işläp taýýarlamak hyzmatlary;*<br>*- gurluşyk baradaky kadalary we beýleki ölçegleri bellenen tertipde işläp taýýarlamak hyzmatlary;*<br>*- ylmy işläp taýýarlamalary gurluşyga ornaşdyrmak hyzmatlary;*<br>*- binägärlik we gurluşyk taslamalary babatdaky döwlet hem-de döwletara maksatnamalaryny bellenen tertipde işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek şeýle hem ylmy- barlag hyzmatlary;*<br>*- taslama resminamalary taýýarlananda seljerişiň tekliplereniň durmuşa geçirilişine gözegçilik hyzmatlary;* |
| | | | 71.11.1 | 71.11.10 | Binagärlik maksatlary üçin grafiki işler |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | 71.11.2 | 71.11.20 | Binagärlik ulgamynda binalar we desgalar bilen bagly hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- interýeri taýýarlamak boýunça hyzmatlary, 74.10.11 seret* |
| | | | | 71.11.21 | Binagärçilik ulgamynda binalar we ýaşaýyş jaý gurluşygynyň taslamalary bilen bagly hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- binagärlik ulgamynda aşakdakylar bilen bagly hyzmatlary:*<br>*- bir öýli ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygynyň taslamalary*<br>*- köpöýli ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygynyň taslamalary* |
| | | | | 71.11.22 | Binagärlik ulgamynda binalar we ýaşaýyş däl jaý gurluşygynyň taslamalary bilen bagly hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*Binagärlik ulgamynda aşakdakylar bilen bagly hyzmatlary:*<br>*- ofis binalarynyň gurluşygynyň taslamalary*<br>*- bölek söwda we restoranlar üçin binalarynyň we desgalaryň gurluşygynyň taslamalary*<br>*- myhmanhanalaryň we konferens-merkezleriň gurluşygynyň taslamalary*<br>*- saglygy goraýyş edaralarynyň binalarynyň gurluşygynyň taslamalary*<br>*- şowhun, rekreasion we medeni maksatly binalaryň we desgalaryň gurluşygynyň taslamalary*<br>*- okuw jaýlaryň gurluşygynyň taslamalary*<br>*- senagat binalarynyň we desgalaryň gurluşygynyň taslamalary*<br>*- ulag we paýlaýyş ulgamynda obýektleriň gurluşygynyň taslamalary*<br>*- ýaşamak üçin niýetlenmedik gaýry binalarynyň we desgalaryň gurluşygynyň taslamalary* |
| | | | | 71.11.23 | Binagärlik ulgamynda taryhy binalaryň restawrasiýasy bilen bagly hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- binagärlik ulgamynda taryhy häsiýetli binalary saklamak ýa-da gaýtadan dikeltmek üçin kanuny talaplara goşulan hyzmatlary* |
| | | | | 71.11.24 | Binagärlik ulgamynda maslahat hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- kazyýetde ýa-da administratiw edarada binagärlik ulgamynda şu ulgam ýa-da predmet bilen bagly meseleler boýunça esaslandyrylan nukdaýnazar üçin degerli hasaplanylýan, binagärlik ulgamynda tejribäniň, okuwyň, başarnygyň we bilimiň esasynda şaýatlyk görkezmesini beren şaýat-bilermeniň hyzmatlary*<br>*- binagärlik ulgamynda meseleler boýunça maslahat bermek, barlag geçirmek we hasabat düzmek*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- şeýle hyzmatlar anyk taslamanyň çäklerinde berilýän beýleki binagäilik hyzmatlary bilen toplumlaýyn edilýän bolsa, binagärlik ulgamynda meseleler boýunça maslahat bermek, barlag geçirmek we hasabat düzmek, 71.11.21, 71.11.22, 71.11.23 toparlarynda taslamanyň görnüşine laýyklykda klassifikasiýa seret* |
| | | | 71.11.3 | 71.11.30 | Şäherleri we çäkleri meýilnamalaşdyrmak boýunça hyzmatlar |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | 71.11.31 | Şäher gurluşygyny meýilnamalaşdyrmak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- ýerden peýdalanmak, ýerleşjek ýerini saýlamak, gözegçilik we ulanmak, ýol ulgamy, şäherleri utgaşdyryp ösdürmek ulgamyny döretmek we goldamak maksatlary bilen ýer uçastoklaryna hyzmat etmek bilen bagly meýilnamalary düzmek boýunça aşakdakylar ýaly hyzmatlary:*<br>*• toplumlaýyn şähergurluşyk meýilnamalary*<br>*• aýratyn guramalar üçin şähergurluşyk meýilnamalary*<br>*• ulag, jemagat gulluklary ýaly anyk jemagat amatlyklary ýa-da maksatlar üçin şähergurluşyk meýilnamalarynyň aýratyn elementleri*<br>*• şäherleriň durkuny täzelemek we gaýtadan dikeltmek işleri bilen bagly barlaglar we meýilnamalar*<br>*• şäher jemgyýetçilik we hususy ulag we elýeterlilik bilen bagly barlaglar we meýilnamalar*<br>*• şäherleriň durnukly ösüşiniň ykdysady we durmuş faktorlary bilen bagly barlaglar we meýilnamalar*<br>*- taslamanyň amala aşyryp bolujylygyny seljermek*<br>*- bilermeniň pikiri, strategiýany we maksatnamalary bahalandyrmak ýaly şäher gurluşygy ulgamynda maslahat hyzmatlary we şäher gurluşygyny meýilnamalaşdyrmak bilen bagly gaýry hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje şeýle-de öz içine alýar:***<br>*- şäheri ösdürmegiň meýilnamalarynyň ekologiýa edýän täsiri, ykdysady bahalandyrma babatda barlaglar goşulýar*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- ýaşaýyş üçin niýetlenilmedik jaýlaryň taslamasy bilen bagly ösüş boýunça hyzmatlary, 41.00.20 seret* |
| | | | | 71.11.32 | Oba ýerlerinde meýilnamalaşdyrmak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- infrastrukturany, ýaşaýyş jaý gurluşygyny, senagaty, söwda desgalaryny, rekreasion we beýleki obýektleri ösdürmek ulgamynda oba ýerlerini abadanlaşdyrmagyň uzak möhletli maksatlary beýan edilýän meýilnamalary işläp taýýarlamagy*<br>*- uly geografik çägi we uzak möhleti öz içine alýan toplumlaýyn meýilnamalary* |
| | | | | 71.11.33 | Taslama obýekti üçin baş meýilnamany düzmek boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*Binanyň, ýollaryň, awtoulaglaryň duralgalarynyň ýerleri we beýleki detallar görkezilýän gurluşyk meýdany üçin meýilnamany düzmek boýunça hyzmatlary:*<br>*- ýaşaýyş jaý gurluşygynyň taslamalary*<br>*- ýaşaýyş üçin niýetlenmeýän binalaryň we desgalaryň gurluşygynyň taslamalary*<br>*- rekreasion häsiýetli taslamalar we açyk ýerleriň taslamalary* |
| | | | 71.11.4 | 71.11.40 | Landşaft binagärligi ulgamynda hyzmatlar we binagärlik ulgamynda maslahat hyzmatlary |
| | | | | 71.11.41 | Landşaft binagärligi ulgamynda hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*aşakdakylar üçin lanşaft binagärligi ulgamynda hyzmatlary:*<br>*- ýaşaýyş jaý gurluşygynyň taslamalary:*<br>*• biröýli ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygynyň taslamalary*<br>*• köpöýli ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygynyň* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bö-lüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *taslamalary*<br>• *ýaşaýyş jaý toplumlarynyň gurluşygynyň taslamalary*<br>- *ýaşaýyş üçin niýetlenmeýän binalaryň taslamalary:*<br>• *korporatiw jaýlar*<br>• *myhmanhanalar, konferens merkezler, stadionlar, merkezi arenasy bolan tomaşa-sport desgalary*<br>• *okuw binalary*<br>• *saglygy goraýyş, düzediş edaralary*<br>• *ýaşaýyş üçin niýetlenmeýän gaýry binalary*<br>- *rekreasion häsiýetli we açyk ýerleriň taslamasy:*<br>• *şäherleriň we şäher meýdanlarynyň merkezi bölekleri*<br>• *jaýlaryň daşynda şowhun we dynç almak üçin ýerler, seýilgähler we tebigy çäkler*<br>• *ulag ýollary*<br>• *şypahanalar*<br>• *rekreasion häsiýetli we açyk ýerleriň taslamasy*<br>***Bu kiçi dereje şeýle-de öz içine alýar:***<br>*lanşaft binagärligi ulgamynda aşakdakylar bilen bagly hyzmatlary:*<br>- *ýerleri arassalamagyň we tekizlemegiň meýilnamasy, drenažyň shemasy, eroziýanyň we syrgynyň garşysyna göreşiň taslamalary, daşky emeli ýagyş ulgamynyň meýilnamalary ýaly meýdany taýýarlamagy we kämilleşdirmegi*<br>- *meýdanyň elýeterliligini ýeňilleşdirmek; bu, meselem, yşyklandyrmagyň we görkezijileri ýerleşdirmegiň meýilnamalary, ýollary we ýodalary ýerleşdirmegiň meýilnamalary, umumy elýeterliligi üpjün etmek üçin taslamalary* |
| | | | | 71.11.42 | Landşaft binagärligi ulgamynda maslahat hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>- *kazyýetde ýa-da administratiw edarada landşaft binagärligi ulgamynda şu ulgam ýa-da predmet bilen bagly meseleler boýunça esaslandyrylan nukdaýnazar üçin degerli hasaplanylýan, binagärlik ulgamynda tejribäniň, okuwyň, başarnygyň we bilimiň esasynda şaýatlyk görkezmesini beren şaýat-bilermeniň hyzmatlary*<br>- *landşaft binagärligi ulgamynda meseleler boýunça maslahat bermek, barlag geçirmek we hasabat düzmek*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>- *şeýle hyzmatlar anyk taslamanyň çäklerinde berilýän beýleki landşaft binagärligi hyzmatlary bilen toplumlaýyn edilýän bolsa, binagärlik ulgamynda meseleler boýunça maslahat bermek, barlag geçirmek we hasabat düzmek, 71.11.41 seret* |
| | | 71.12 | | | Inženerçilik hyzmatlary we özara bagly tehniki maslahat hyzmatlary |
| | | | 71.12.1 | 71.12.10 | Inženerçilik hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>- *tehniki ylymlar ulgamynda ylmy barlaglar we synag edilýän* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *işläp taýýarlamalar boýunça hyzmatlary, 72.19.2 seret* |
| | | | | 71.12.11 | Inženerçilik maslahat hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- strategiýanyň, barlaglaryň kanuny düzgünleşdirmek we barlag bilen bagly seljermesini hasaba alyp, inženerçilik taslamasyna garamazdan, inženerçilik ýörelgeleri we usullary meseleleri boýunça müşderilere maslahat we görkezme bermek*<br>*- inženerçilik ulgamynda şeýle meseleler boýunça esaslandyrylan nukdaýnazar üçin degerli hasaplanylýan, tejribäniň, okuwyň, başarnygyň we bilimiň esasynda şaýatlyk görkezmesini bermek*<br>*- sebäp faktorlaryny kesgitlemek üçin gurat däl inženerçilik ulgamynyň ýa-da gurnamalarynyň inženerçilik barlagy*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- aýratyn taslamalar bilen baglylykda berlen maslahatlar, barlaglar we hasabatlar 71.12.12-71.12.19 toparlarda taslamanyň görnüşine laýyklykda klassifikasiýa seret* |
| | | | | 71.12.12 | Gurluşyk taslamalary bilen bagly inženerçilik hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- ýaşaýyş jaý gurluşygynyň taslamalary bilen baglanyşykly çyzgylary, meýilnamalary döretmek we barlaglary geçirmek:*<br>*• täze we bar bolan jaýlary*<br>*• hatar jaýlaryň, öýleriň gurluşygy*<br>*• esasan ýaşaýyş üçin peýdalanylýan köp funksiýaly binalary*<br>*- esasan söwda, jemgyýetçilik ýa-da edara maksatlary we aşakda görkezilen maksatlar üçin ulanylýan köp funksiýaly binalary goşmak bilen, täze we bar bolan söwda, jemgyýetçilik ýa-da edara jaýlarynyň gurluşygy bilen bagly çyzgylary, meýilnamalary döretmek we barlag geçirmek:*<br>*• ofis jaýlary*<br>*• söwda merkezleri*<br>*• myhmanhanalary we restoranlary*<br>*• hyzmat ediş stansiýalary we ammarlary*<br>*• awtobus we ýük maşyn terminallary*<br>*• hassahanalary, mekdepleri, ybadathanalary*<br>*• tussaghanalar, stadionlar we merkezi arenasy bolan tomaşa-sport desgalary*<br>*• kitaphanalar we muzeýler*<br>***Bu kiçi dereje şeýle-de öz içine alýar:***<br>*- ýaşaýyş jaýy, täjirçilik, jemgyýetçilik ýa-da edara jaýlarynyň gurluşygynyň anyk taslamasy bilen bagly inženerçilik maslahat hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- anyk taslamasy bilen bagly bolmadyk inženerçilik maslahat hyzmatlary, 71.12.11* |
| | | | | 71.12.13 | Energetika ulgamynda taslamalar bilen bagly inženerçilik hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- aşakda görkezilen önümleriň öndürilýän obýektleri bilen bagly inženerçilik hyzmatlary:*<br>*• kömürden elektrik energiýasy we ýangyjyň nebit we* |

| Bö-lüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *gaz ýaly gaýry görnüşleri*<br>*• ýadro ýangyjyndan elektrik energiýasy*<br>*• ýokardan aşaklygyna akýan suwuň energiýasy*<br>*• gün energiýasy, ýel energiýasy, geotermal energiýa ýaly gaýry energiýalar, ýylylyk elektrik merkezlerinde öndürilýän energiýany hasaba alyp*<br>*- ýerüsti we ýerasty elektrik ýollary bilen, elektrik energiýasyny paýlamak bilen bagly inženerçilik hyzmatlary* |
| | | | | 71.12.14 | Ulag ulgamynda taslamalar bilen bagly inženerçilik hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*Aşakdakylar bilen bagly ähli inženerçilik hyzmatlary (çyzgylary, meýilnamalary we barlaglary geçirmegi hasaba alyp):*<br>*- awtomagistrallary, ýollary we köçeleri, awtoulag serişdeleriniň hereket etmegi üçin peýdalanylýan ýerüsti awtomagistrallary*<br>*- köprüleri we ötükleri*<br>*- ýoluň gyrasynda dynç almak üçin meýdançalary, agramy çekmek üçin stansiýalary, ýol puluny tölemek üçin nokatlar ýaly kömekçi ýol-ulag desgalary*<br>*- ýeňil rels ulagy ýa-da metropoliten ulgamy ýaly jemgyýetçilik ulag ulgamlary*<br>*- demir ýollar we olar bilen bagly gurnamalary*<br>*- demir ýol köprüleri we ötükleri*<br>*- deňiz we içerki portlary*<br>*- esasan, ugratmak maksatlary bilen ulanylýan portlary, şlýuzlary, kanallary we gatlalary*<br>*- aeroportlary, uçuş-gonuş zolaklary, angarlary*<br>*- gaýry awiasion desgalary*<br>*- älem ulagy ulgamynda taslamalary*<br>*- nebiti we gazy daşamak boýunça taslamalary*<br>*- ulag ulgamynda beýleki toparlara goşulmadyk gaýry taslamalary* |
| | | | | 71.12.15 | Galyndylary işlemek we aýyrmak boýunça taslamalar bilen bagly inženerçilik hyzmatlary (howply we howpsuz)<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- durmuş galyndylaryny ýygnamak we ýok etmek ulgamlary bilen bagly inženerçilik hyzmatlary:*<br>*• galyndylary gaýtadan işlemek üçin gurluş*<br>*• galyndylary kompostirlemek üçin gurluş*<br>*• geçirip ýüklemek üçin stansiýalar*<br>*• rekperasion gurluşlar*<br>*• zir-zibil taşlanýan ýer*<br>*- atmosferany, suwy hapalaýan senagat çeşmelerini, gaty galyndylary bu galyndylaryň akymyny türkgelçiliksiz tebigy gurşawa ýa-da munisipal ulgamlara goýberip boljak derejä çenli ýygnamak, arassalamak, gaýtadan işlemek we aýyrmak boýunça maksatnamalar bilen bagly inženerçilik hyzmatlary*<br>*- aşakdaky ýaly howply galyndylary arassalamagyň maksatnamalary bilen bagly inženerçilik hyzmatlary:*<br>*• radioaktiw galyndylary işlemek we ýok etmek boýunça* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *maksatnamalary*<br>*• zäherleýji maddalary aýyrmak boýunça maksatnamalary*<br>*• köne senagat etrabyny gaýtadan meýilnamalaşdyrmak we täze gurluşyk boýunça maksatnamalary*<br>*• toprak suwlaryny modelirlemek boýunça maksatnamalary*<br>*• hapalanan ýerleri gaýtadan bejermek maksatnamalary* |
| | | | | 71.12.16 | Suw üpjünçiligi, lagym we drenaž ulgamlarynda taslamalar bilen bagly inženerçilik hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- suwy ýygnamak, paýlamak, arassalamak we aýyrmak ulgamlary bilen bagly aşakdaky ýaly inženerçilik hyzmatlary:*<br>*•agyz suwuny paýlamak ulgamy, nasos stansiýalary, rezerwuarlar, suw saklanýan desgalar, suw bermek we paýlamak üçin magistral turba geçirijileri, agyz suwuny ýerlerde paýlamak we suwy süýjediji gurluşlar üçin peýdalanylýan böwetleri goşmak bilen*<br>*• çabga suwlaryny dolandyrmak üçin ulgamlar, esasan, daşgyn suwlarynyň akymlaryny düzgünleşdirmek üçin ulanylýan bentleri hasaba alyp, drenaž ulgamlary we daşgyn suwlaryna garşy suw howdanlary ulgamlary*<br>*• hapa suwlary ýygnamak, arassalamak we aýyrmak ulgamlary*<br>*• esasan suwarmak üçin ulanylýan bentleri goşmak bilen, suwaryş ulgamlary* |
| | | | | 71.12.17 | Senagat taslamalary we işläp bejeriji senagat ulgamynda taslamalar bilen bagly inženerçilik hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- senagat obýektleri we prosesleri bilen bagly inženerçilik hyzmatlary:*<br>*• desgalary we prosesleri birleşdirýän inžener-tehniki toplumlary goşmak bilen, şahtalar, metallurgiýa kombinatlary, metal sozujy sehler, mineral serişdeleri gaýtadan işleýän zawodlar ýaly dag-gazyp alyş we metallurgiýa senagatynyň obýektleri*<br>*• gyryndylary aýyrmazdan metaly işlemek, mineral peýdaly magdanlary gazyp almak, eretmek, gaýtadan işlemek ýaly dag-gazyp alyş we metallurgiýa senagaty ulgamynda prosesleri*<br>*• desgalary we prosesleri birleşdirýän toplumlaýyn inžener-tehniki taslamalary goşmak bilen, nebit we gaz platformalary, nebiti gaýtadan işleýän zawodlary, geçiriji turbalary, nebithimiýa zawodlary ýaly nebit we nebithimiýa desgalary*<br>*• düzümleri taýýarlamak, gaýtadan işlemek, gazyp almak, garmak ýaly nebit we nebithimiýa önümlerini öndürmek prosesleri*<br>*• mikroelektronika ulgamynda mikroprosessorlary, kremniniň kristallaryny we plastinalary, integral shemalary we ýarym geçirijileri öndürmek üçin obýektleri we prosesleri*<br>*• dokma önümçiligi we egin-eşik öndürmek üçin* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bö-lüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *obýektleri we prosesleri*<br>*• gara metallary öndürmek üçin obýektleri we prosesleri*<br>*• beýleki toparlara goşulmadyk gaýry senagat obýektleri we prosesleri*<br>*- senagat önümlerini we fabrikde öndürilen önümleri taslamak bilen bagly inženerçilik hyzmatlary:*<br>*• oba hojalygy, gurluşyk, dag-gazyp alyş, metaly gaýtadan işlemek, söwda enjamlary we hyzmat etmek üçin enjamlar, ýyladyş, wentilýasiýa enjamlary we howany salkynlatmak üçin enjam, energiýany geçirmek üçin enjam ýaly senagat enjamlary*<br>*• kompýuter we periferiýa enjamlary, aragatnaşyk enjamlary, audio we wideo enjamlar, ýarym geçirijiler we gaýry elektron komponentler ýaly elektron enjamlary*<br>*• yşyklandyryjy enjamlar, durmuşda ulanylýan uly we kiçi elektrik enjamlary*<br>*• awtoulag serişdeleri, howa gämileri, otlular, deňiz gämileri, älem gämileri ýaly ulag enjamlary*<br>*• beýleki toparlara goşulmadyk fabrikde öndürilen senagat önümleri*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- senagat dizaýn ulgamynda hyzmatlary, 74.10.12 seret* |
| | | | | 71.12.18 | Telekommunikasiýa we alyp eşitdiriş ulgamynda taslamalar bilen bagly inženerçilik hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- mis simler, süýümli kabeller, koaksial kabeller we gibrid optiko-koaksial kabeller boýunça ses arkaly habar bermegi, setleriň tamamlanýan punktlarynyň arasynda maglumatlary bermek ulgamlary bilen bagly inženerçilik hyzmatlary*<br>*- gysga tolkunlaryň we mikrotolkunlaryň kömegi bilen ses arkaly habar bermegi, torlaryň tamamlanýan nokatlarynyň arasynda maglumatlary we programmalary bermek ulgamlary bilen bagly aşakdaky ýaly inženerçilik hyzmatlary:*<br>*• radiotelefon aragatnaşyk ulgamlary*<br>*• hemra arkaly radioaragatnaşyk ulgamlary*<br>*• hemra arkaly göni alyp eşitdiriş ulgamy*<br>*- radio we telewizion signallary bermek ulgamy bilen bagly inženerçilik hyzmatlary*<br>*- beýleki toparlara goşulmadyk ses arkaly habar bermegi, torlaryň tamamlanýan nokatlarynyň arasynda maglumatlary we programmalary bermek ulgamlary bilen bagly inženerçilik hyzmatlary* |
| | | | | 71.12.19 | Gaýry taslamalar bilen bagly inženerçilik hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- aşakdakylar bilen bagly inženerçilik hyzmatlary:*<br>*• tebigy gazy we bugy paýlamak boýunça taslamalary*<br>*• beýleki toparlara goşulmadyk gaýry jemagat taslamalary*<br>*- beýleki toparlara goşulmadyk, olar bilen bagly taslamalary, meýilnamalary we barlaglary goşmak bilen, ulgamlar, prosesler, serişdeler ýa-da önümler bilen bagly inženerçilik* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| **Bölüm** | **To-par** | **Klas** | **Dereje** | **Kiçi dereje** | **Ady** |
|---|---|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** | **6** |
| | | | | | *hyzmatlary* |
| | | | 71.12.2 | 71.12.20 | Gurluşyk taslamalaryna ýolbaşçylyk boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- müşderiniň tabşyrygy boýunça gurluşyk taslamasynyň üstünlikli ýerine ýetirilmegine umumy jopgapkärçiligi almak bilen bagly hyzmatlary, oňa maliýeleşdirmegi we taslama düzmegi guramak,bäsleşik bildirişini bermek we dolandyryş we gözegçilik wezipeleri, inženerler we binagärler tarapyndan berilýän taslamalara ýolbaşçylyk boýunça hyzmatlar hem goşulýar*<br>*- inženerler we binagärler tarapyndan berilýän taslamalara ýolbaşçylyk boýunça hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- umumy gurluşyk işleri, 41, 42-nji bölümlere seret* |
| | | | 71.12.3 | 71.12.30 | Geologiýa, geofizika we özara bagly barlag ulgamlarynda hyzmatlar we maslahat hyzmatlary |
| | | | | 71.12.31 | Geologiýa, geofizika boýunça maslahat hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- ýerastynyň özboluşlylygyny, dag jynslarynyň emele gelşini we düzümini öwrenmek arkaly mineral çig malyň, nebitiň, gazyň we ýerasty suwlaryň gorlarynyň ýerleşýän ýerini kesgitlemek meseleleri boýunça geologiýa maslahat hyzmatlary*<br>*- mineral gorlary, nebitiň we tebigy gazyň gorlaryny barlamak we işläp taýýarlamak meseleleri boýunça maslahat hyzmatlary*<br>*- geologiýa, geofizika, geohimiýa anomaliýalary bahalandyrmak meselesi boýunça maslahat hyzmatlary*<br>*- ýeriň üstünde ýa-da ýeriň astynda geologiýa kartasyny düzmek boýunça maslahat hyzmatlary ýa-da barlaglary* |
| | | | | 71.12.32 | Geofizika hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- aşakdaky dürli usullardan peýdalanmak bilen ýerüsti formasiýalar barada maglumat bermek boýunça hyzmatlar:*<br>*• seýsmografiýa, grawimetriýa, magnitometriýa usullary*<br>*• üstki gatlaklaryň aşagyny barlamagyň gaýry usullary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- düzüm-agtaryş buraw boýunça işleri, 43.13.10 seret* |
| | | | | 71.12.33 | Peýdaly magdanlary barlamak we olaryň ýataklaryny bahalandyrmak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- nebit we tebigy gaz gazyp almak bilen bagly barlag buraw işleri, 09.10.11 seret*<br>*- düzüm-agtaryş buraw boýunça işleri, 43.13.10 seret* |
| | | | | 71.12.34 | Ýer üstüni öwrenmek boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- dürli usullar bilen ýer üstüniň uçastogynyň formasy, ýerleşişi we/ ýa-da serhedi barada maglumaty ýygnamak boýunça hyzmatlar, oňa kartalary taýýarlamak maksady bilen fotogrammetrik we gidrografik barlaglar hem goşulýar*<br>*- ýeriň emeli hemralarynyň kömegi bilen maglumatlary ýygnamak*<br>*- ýer ölçemek we topografik hyzmatlar, meselem,* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bö-lüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *eýeçilikdäki ýeriň serhedini bellemek, serhetleriň demarkasiýasy)*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- aerofoto surata düşürmek boýunça hyzmatlary, 74.20.24 seret* |
| | | | | 71.12.35 | Kartografiýa ulgamynda hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- ýerleri, beýleki kartalary we gaýry maglumat çeşmelerini barlamak boýunça işleriň netijelerinden peýdalanmak bilen, kartalaryň ähli görnüşleriniň döredilmegini we täzelenmegini öz içine alýan kartalary düzmek boýunça hyzmatlary (meselem, ýol, kadastr, topografik, planimetrik, gidrografik)*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- çap görnüşinde kartalaryň we atlaslaryň neşir edilmegi, 58.11.15 we 58.11.16 seret* |
| | 71.2 | 71.20 | | | Tehniki synag we seljerme ulgamynda hyzmatlar |
| | | | 71.20.1 | 71.20.10 | Tehniki synag we seljerme ulgamynda hyzmatlar |
| | | | | 71.20.11 | Maddalaryň düzümini we arassalygyny synag etmek we seljermek ulgamynda hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- howa, suw, galyndylar (durmuş we senagat galyndylary), ýangyç, metallar, toprak, minerallar, azyk önümleri we himikatlar ýaly dürli substansiýalaryň himiki we biologik aýratynlyklaryny synag etmek we seljermek ulgamynda hyzmatlary*<br>*- mikrobiologiýa, biohimiýa, bakteriologiýa ýaly özara bagly ylmy ulgamlarda synag etmek we seljermek boýunça hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- weterinar hyzmatlary we gözegçilik bilen bagly synaglary geçirmek boýunça hyzmatlary, 86.90.15 seret* |
| | | | | 71.20.12 | Fiziki alamatlary synag etmek we seljermek ulgamynda hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- metallar, plastmassalar, matalar, agaç, aýna, beton we gaýry metallar ýaly dürli materiallaryň berkligini, sozulaganlygyny, elektrik geçirijiligini we radioaktiwligi ýaly fiziki alamatlary synag etmek we seljermek ulgamynda hyzmatlar*<br>*-materiallaryň sozulaganlygyny, berkligini, urga garşylyk görkezijilik ukybyny, ýokary temperatura çydamlylygyny we durnuklylygyny synag etmek* |
| | | | | 71.20.13 | Bitewi mehaniki we elektrik ulgamlaryny synag etmek we seljermek ulgamynda hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- mehaniki we elektrik komponentleri özünde saklaýan maşynlaryň, hereketlendirijileriň, awtomobilleriň, stanoklaryň, aragatnaşyk priborlarynyň, apparatlaryň we gaýry toplumlaýyn enjamlaryň mehaniki we elektrik häsiýetnamalaryny synag etmek we seljermek ulgamynda hyzmatlar*<br>*Synagyň we seljermäniň netijeleri, düzgün bolşy ýaly, öwrenilýän obýektiň hereket etmegini, özüni alyp barşynyň häsiýetnamasyny bahalandyrmak görnüşinde görkezilýär.* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *Synaglar korabllaryň, uçujy apparatlaryň, bentleriň maketlerinden ýa-da modellerinden peýdalanmak arkaly geçirilip bilner* |
| | | | | 71.20.14 | Awtoulag serişdelerine tehniki gözegçilik boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- ýeňil awtomobillere, motosikllere, awtobuslara, ýük ulaglaryna we gaýry awtoulag serişdelerine döwürleýin tehniki gözegçilik boýunça hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- awtoulag serişdelerine, motosikllere tehniki hyzmat etmek we bejermek boýunça hyzmatlary, 45.20 seret*<br>*- ýeten zyýany bahalandyrmak boýunça hyzmatlary, 66.21.10 seret* |
| | | | | 71.20.19 | Tehniki synag we seljerme boýunça gaýry hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- öwrenilýän obýekti üýtgetmeýän tehniki we ylmy häsiýetli synag we seljerme ulgamynda hyzmatlary*<br>*- kemçilikleri ýüze çykarmak üçin maşynlaryň şaýlaryny we gurnamalaryň radiografik, magnit we ultrases synaglary. Bu synaglar, köplenç, ýerinde geçirilýär.*<br>*- gämileriň, uçujy apparatlaryň, bentleriň we ş.m. sertifikasiýasy*<br>*- sungat eserleriniň sertifikasiýasy we asyl nusgadygyny ýüze çykarmagy*<br>*- kebşirleýiş sepleriniň radiologik barlagy*<br>*- polisiýa laboratoriýalary tarapyndan ýerine ýetirilýän seljerme babatynda hyzmatlary*<br>*- synag we seljermek babatynda beýleki toparlara goşulmadyk ähli gaýry hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň bähbitleri üçin ýetirilen zyýany bahalandyrmak boýunça hyzmatlary, 66.21.10 seret*<br>*- awtoulag serişdelerine tehniki gözegçilik boýunça hyzmatlary, 71.20.14 seret*<br>*- saglygy goraýyş derňewi we gözegçilik görnüşinde hyzmatlary, 86.90.15 seret* |
| **72** | | | | | **Ylmy barlaglar we synag işläp taýýarlamalary bilen bagly hyzmatlar** |
| | 72.1 | | | | Tebigy we tehniki ylymlar ulgamynda ylmy barlaglar we synag işläp taýýarlamalary bilen bagly hyzmatlar |
| | | 72.11 | | | Biotehnologiýa ulgamynda ylmy barlaglar we synag işläp taýýarlamalary bilen bagly hyzmatlar |
| | | | 72.11.1 | 72.11.10 | Saglyk, daşky gurşaw, oba hojalygy we gaýry biotehnologiýalar ulgamynda ylmy barlaglar we synag işläp taýýarlamalary bilen bagly hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- bilim almak, önüm öndürmek, hyzmatlary etmek maksatlary bilen janly we jansyz maddalary üýtgetmek üçin janly organizmleri, şeýle hem olaryň böleklerini, önümleri ýa-da modelleri öwrenmek üçin ylymdan we tehnologiýadan peýdalanmak ulgamynda ylmy barlaglar we synag işläp taýýarlamalary bilen bagly hyzmatlar*<br>*olara goşulýar:* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | 82.91.12 | Tölegleri ýygnaýan agentligiň hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>- *hasaplar, çekler, şertnamalar ýa-da wekseller boýunça pul almakdan we olary müşderä geçirmekden durýan hyzmatlary*<br>- *gündelik hasaplary inkassirleme hyzmatlary (mysal üçin, jemagat hyzmatlary üçin hasaplar) we möhleti geçirilen tölegler boýunça pul töletdirmek hyzmatlary*<br>- *soňundan pul töletdirmek bilen tölenmedik hasaplary we bergi borçnamalary satyn almak boýunça hyzmatlary* |
| | | 82.92 | 82.92.1 | 82.92.10 | Gaplamak boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>- *gaplamagyň dürli görnüşdäki awtomatlaşdyrylan ýa-da elde ýerine ýetirilýän tehnologiýalaryny, şol sanda forma emele getirmek, ýel bermegiň kömegi bilen gaplamak, daşyna deri çekmek ýa-da dolamak görnüşleri doldurmak tehnologiýalaryny peýdalanmak bilen, beýleki şahslar üçin azyk önümleri, derman preparatlary, jaýlarda ýygnaşdyrmak we arassalamak üçin durmuşda ulanylýan serişdeler, hajathana esbaplary we ownuk demir şaýlary ýaly harytlary gaplamakdan we möhürlemekden, haltalary doldurmakdan, çüýşeleri doldurmakdan ýa-da gabyň daşyna möhür basmakdan durýan hyzmatlary*<br>- *ýollamalary (posylka) we sowgatlary gaplamak hyzmatlary*<br>- *teňňeleri we kagyz pullary gaplamak hyzmatlary*<br>- *içgileri we iýmit önümleri bilen bilelikde suwuklyklary çüýşelere guýmak hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>- *gaplamak materiallarynda eksklýuziw maglumatlary neşir etmek, 18.12.16, 18.12.19 seret*<br>- *daşamakda zeper çekmekden goramak üçin sebetlere gaplap ýerleşdirmek hyzmatlary, 52.29.20 seret*<br>- *gaplary bezemek (dizaýn) hyzmatlary, 74.10.19 seret*<br>- *müşderiniň sargan materiallaryny gaýtadan işläp başga* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *önüme öwrüp gaplamak hyzmatlary (mysal üçin, sowuk içgileri öndürmekde suw bilen konsentratlary garmak, balygy konserwirlemäge taýýarlamak, kosmetiki serişdeleri taýýarlamakda kremleri we boýag serişdelerini garmak) kömekçi işgär tarapyndan edilýän önümçilik prosesiniň aýry-aýry amallaryna degişli toparlara seret, C bölümde* |
| | | 82.99 | 82.99.1 | 82.99.10 | Telekeçilik işi bilen bagly, beýleki toparlara goşulmadyk gaýry kömekçi hyzmatlar |
| | | | | 82.99.11 | Stenografiýa we stenotipiýa hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- kazyýetde stenografiýa ýazgysyny geçirmek ýaly ýöriteleşdirilen stenografiki hyzmatlar*<br>*- jemgyýetçilik stenografiýa hyzmatlary* |
| | | | | 82.99.12 | Telefonistleriň goşmaça hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- telefonist kätipleriň hyzmatlary*<br>*- sargydyna görä abonenti çagyrmak*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- awtomatlaşdyrylan kompýuter maglumatlarynyň hyzmatlary, 63.99.10 seret*<br>*- telefon jaňlaryna hyzmat edýän merkezleriň hyzmatlary, 82.20.10-a seret* |
| | | | | 82.99.19 | Beýleki toparlara goşulmadyk telekeçilik işi bilen baglanyşykly gaýry dürli kömekçi hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- duşuşyklary, maslahatlary göni ýaýlyma berilýän hakyky wagtda (ýagny şol bir wagtda) şekilleriň arasynda titrleri ýazmak hyzmatlary*<br>*- salgylaryň kodlaryny ýazmak hyzmatlary*<br>*- ştrih kodlary ýazmak hyzmatlary*<br>*- şertnama esasynda ýa-da hak-heşdek tölemek bilen serişdeleri ýygnaýan guramanyň hyzmatlary*<br>*- tölegleriň tölenmändigi üçin serişdeleri çykaryp almak hyzmatlary*<br>*- awtomobilleriň goýlandygy üçin pul ýygnamak hyzmatlary*<br>*- arzanlatmalar we sowgat petekleri üçin petek öndürmek*<br>*- kazyýet prosesi bilen bagly bolmadyk bäsleşikli söwdalary geçirmek boýunça hyzmatlary*<br>*- ýyladyş, elektrik, gaz, suw hasaplaýjy enjamlaryň görkezijilerini almak hyzmatlary*<br>*- maglumatlary taýýarlamak hyzmatlary*<br>*- telekeçilik işi bilen bagly beýleki toparlara goşulmadyk gaýry hyzmatlar*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- bir wagtda ýazmakdan başga, titrleri ýazmak hyzmatlary, 59.12.16 seret*<br>*- mahabat we satuwlary ilerletmek bilen bagly hyzmatlar, 73.1 seret*<br>*- maglumatlary täzeden göçürmek hyzmatlary, 82.19.13 seret* |
| **O seksiýa** | | | | | **DÖWLET DOLANDYRYŞ WE HARBY HOWPSUZLYGY ÜPJÜN ETMEK ULGAMYNDA HYZMATLAR; HÖKMANY DURMUŞ ÄTIÝAÇLANDYRMASY BOÝUNÇA HYZMATLAR** |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bö-lüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| **84** | | | | | **Döwlet dolandyryş we harby howpsuzlygy üpjün etmek ulgamynda hyzmatlar; hökmany durmuş ätiýaçlandyrmasy boýunça hyzmatlar** |
| | 84.1 | | | | Döwletiň edara ediş (administratiw) hyzmatlary we bileleşigiň ykdysady we durmuş syýasaty ulgamynda hyzmatlar |
| | | 84.11 | | | Döwlet dolandyryşynyň umumy häsiýetli hyzmatlary |
| | | | 84.11.1 | 84.11.10 | Döwlet dolandyryşynyň umumy häsiýetli hyzmatlary (ählumumy) |
| | | | | 84.11.11 | Ýerine ýetiriji we kanun çykaryjy ulgamlarda hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- işiň ýerine ýetiriji we kanun çykaryjy ulgamlarynda merkezi, sebit we ýerli edaralar tarapyndan ýerine ýetirilýän hyzmatlar* |
| | | | | 84.11.12 | Maliýe we fiskal ulgamlarda hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- maliýe we fiskal meseleleri bilen bagly administratiw we gözegçilik hyzmatlary*<br>• *salgyt edaralarynyñ hereket etmegini üpjün etmek boýunça hyzmatlary*<br>• *haryt üçin paçlary we salgytlary ýygnamak boýunça hyzmatlary*<br>• *salgyt kanunlarynyñ bozulan ýagdaýlaryny derñemek boýunça hyzmatlary*<br>*- býujeti ýerine ýetirmek we döwlet gaznalaryny we döwlet bergisini dolandyrmak boýunça hyzmatlary* |
| | | | | 84.11.13 | Umumydöwlet ykdysady we durmuş meýilleşdirmesi we statistika ulgamyndaky hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- umumydöwlet ykdysady we durmuş meýilleşdirmäge degişli administratiw we dessin hyzmatlar*<br>*- dolandyryşyň dürli derejelerinde meýilleşdiriş we statistika edaralary tarapyndan ýerine ýetirilýän hyzmatlary*<br>*- umumydöwlet ykdysady we durmuş meýilnamalaryny we maksatnamalaryny işläp taýýarlaýan, utgaşdyrýan we köplenç olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän beýleki edaralaryñ, býurolaryñ we maksatnama birlikleriniñ hyzmatlary* |
| | | | | 84.11.14 | Düýpli barlaglar boýunça hökümet hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- hökümetiñ tebigy ylymlar, jemgyýet we gumanitar ylymlar we düýpli köpugurly ylmy barlaglar ulgamynda düýpli ylmy barlaglary maliýeleşdirmek ýa-da geçirmek boýunça çärelerine edaralar, býurolar, maksatnama birlikleri tarapyndan edilýän administratiw hyzmatlar*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- adamlaryň şahsy hal-ýagdaýyny gowulandyrmak üçin niýetlenen ylmy barlaglar we synag (eksperimental) işläp taýýarlamalar syýasaty we şunuñ bilen bagly serişdeler ulgamynda administatiw (edara ediş) hyzmatlary*<br>*- ykdysady netijeliligi we bäsleşige ukyplylygy* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *ýokarlandyrmak üçin niýetlenen ylmy barlaglar we synag (eksperimental) işläp taýýarlamalar syýasaty ulgamynda administatiw hyzmatlary, 84.13.1-e seret*<br>*- goranyş bilen baglanyşykly ylmy barlaglar we synag (eksperimental) işläp taýýarlamalar syýasaty we şunuñ bilen bagly serişdeler ulgamynda administatiw hyzmatlary, 84.22.1-e seret* |
| | | | | 84.11.19 | Döwlet dolandyryşynyň gaýry umumy häsiýetli (ähliumumy) hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- ýokardaky dört derejäni birine-de goşulyp bilmejek hökümet (döwlet) işleri bilen bagly administratiw, guramaçylyk we goşmaça hyzmatlary*<br>*- öz-özüni dolandyrmaýan we gözegçilikde bolýan çäkleriñ meselelerine degişli maksatnama birlikleriniň hyzmatlary*<br>*- saýlaw işleriniň geçirilmegine ýolbaşçylyk edýän maksatnama birlikleriniň hyzmatlary* |
| | | | 84.11.2 | 84.11.20 | Hökümet üçin goşmaça hyzmatlar |
| | | | | 84.11.21 | Hökümet üçin işgärler meseleleri boýunça umumy hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- olaryñ haýsydyr bir anyk wezipä (funksiýa) gatnaşygyna garamazdan, umumy işgärler meseleleri bilen bagly döwlet administratiw we dessin hyzmatlary*<br>*- seçip almaklygy we işde ýokary çekmekligi, hünär synagynyň usullaryny, wezipeleýin borçlaryñ beýanyny, bahalandyrmagy we klassifakasiýa bölmegi, döwlet gullugyna degişli düzgünleri amala aşyrmaga ýolbaşçylygy we şoña meñzeş meseleleri gurşap alýan işgärleriň meseleleri we düzgünleri boýunça umumy syýasaty işläp taýýarlamak we amala aşyrmak bilen bagly hyzmatlary* |
| | | | | 84.11.29 | Hökümet üçin gaýry kömekçi hyzmatlar |
| | | 84.12 | | | Durmuş ätiýaçlandyryşy ulgamyndan başga, saglygy goraýyş, bilim, medeniýet hyzmatlary hyzmatlary we beýleki durmuş hyzmatlaryny üpjün edýän edaralaryň administratiw hyzmatlary |
| | | | 84.12.1 | 84.12.10 | Durmuş ätiýaçlandyryşy ulgamyndan başga, saglygy goraýyş, bilim, medeniýet hyzmatlary hyzmatlary we beýleki durmuş hyzmatlaryny üpjün edýän edaralaryň administratiw hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- ylmy barlaglaryň we tejribe işläp taýýarlamalar we şu ulgamlar üçin olar bilen bagly serişdeler syýasaty ulgamynda döwlet administratiw hyzmatlary* |
| | | | | 84.12.11 | Bilim ulgamynda administratiw hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- dürli bilim edaralary üçin döwlet administratiw hyzmatlary*<br>*- ýolbaşçylyk etmek, hereket etmegini üpjün etmek, inspektirlemek we maliýeleşdirmek boýunça ähli görnüşli mekdeplere we beýleki bilim edaralaryna edilýän hyzmatlar*<br>*- hökümet departamentleri ýa-da ýörite maksatnama* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bö-lüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *birlikleri tarapyndan edilýän, tutuş bilim ulgamyna degişli bolan jemgyýetçilige maglumat bermek boýunça hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- bilim ulgamynda kömekçi hyzmatlar, 85.60.10-a seret* |
| | | | | 84.12.12 | Saglygy goraýyş ulgamynda administratiw hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- saglygy goraýyş ulgamynyň ähli işlerine we durmuş taýdan hyzmat etmek işlerine degişli döwlet administratiw hyzmatlar*<br>*- hassahanalara we umumy görnüşli diş bejeriş saglyk öýlerine, ýöriteleşdirilen hassahanalara we diş bejeriş merkezlerine ýolbaşçylyk etmek, hereket etmegini üpjün etmek, inspektirlemek we maliýeleşdirmek boýunça hyzmatlar, şeýle hem öýde bejergi alýan hassalara ideg etmek boýunça hyzmatlary*<br>*- saglygy goraýşyñ gan we plazma banklarynyň işine degişli hyzmatlar, keselleri ýüze çykarmak hyzmatlary, keselleriň öňüni almak boýunça hyzmatlar, derman serişdeleriniň hilini saklamak maksatnamalaryna ýolbaşçylyk etmek ýaly meselelerinde ýolbaşçylyk etmek, hereket etmegini üpjün etmek we maliýeleşdirmek boýunça administratiw hyzmatlar, çaga dogluşyna gözegçilik boýunça hyzmatlary we ş.m.*<br>*Köplenç, bu hyzmatlar hassahana, klinika ýa-da özbaşdak işleýän lukman bilen bagly bolmadyk ýörite toparlar ýa-da saglygy goraýyş pudagynda özbaşdak işleýän hünärmenler tarapyndan edilýär.*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- näsaglyk, göwrelilik we dogurmak ýa-da wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek puluny tölemek ulgamlaryna degişli administratiw hyzmatlary, 84.30.11-e seret*<br>*- adamyň saglygy bilen bagly bolan hyzmatlary, 86-njy bölüme seret*<br>*- durmuş taýdan kömek etmek hyzmatlary, 87.90-a seret* |
| | | | | 84.12.13 | Ýaşaýyş jaý gurluşygy we jemagat hyzmaty ulgamlarynda adminitstratiw hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- ýaşaýyş jaý gurluşygyna degişli we jemgyýetiñ ösüşi, suw üpjünçiligi, sanitariýa we köçeleri ýşyklandyryş ýaly meselelere degişli döwlet administratiw hyzmatlary*<br>*- ýaşaýyş jaý gurluşygyny we ýaşaýyş standartlaryny (gurluşyk standartlaryndan başga) ýaýbañlandyrma, bu pudaga gözegçilik etme we bahalandyrma degişli hyzmatlar*<br>*- öý ýa-da kärende tölegini we döwlet tarapyndan maliýeleşdirilýän ýaşaýyş jaýyna bolan hukuklary kesgitleýän kadalary düzgünleşdirmäge degişli administratiw hyzmatlary*<br>*- giň köpçülik we aýratyn zerurlyklary bolan adamlar üçin ýaşaýyş jaýy gurmak boýunça administratiw hyzmatlar*<br>*- ýaşaýyş jaý gurluşygyna degişli maglumatlary giň köpçülige ýaýratmak hyzmatlaryny* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | - *suw üpjünçiligine degişli düzgüneri işläp taýýarlaýan we ýolbaşçylyk edýän edaralaryň, müdirlikleriň we maglumat birlikleriniň ýerine ýetirýän hyzmatlary*<br>- *zir-zibili ýygnamaga we ýok etmäge, lagym ulgamyndan peýdalanmaga we köçeleri arassalamaga degişli döwlet administratiw hyzmatlary*<br>- *daşky gurşawyň hapalanmagyna degişli standartlar we daşky gurşawyň hapalanma derejesi baradaky maglumatlary ýaýratmak*<br>- *daşky gurşawy goramaga degişli maksatnamalar tarapyndan edilýän administratiw hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>- *lagym ulgamy, galyndylary ýok etmek we gaýtadan bejermek, 37,38,39 bölümlere seret* |
| | | | | 84.12.14 | Guramaçylykly dynç alyş, medeniýet we din ulgamlarynda administratiw hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>- *medeniýet çärelerini geçirmäge we aýry-aýry artistleri çagyrmaga goldaw etmäge, şeýle hem artistlere döwlet baýraklaryny bermek bilen bilelikde medeniýet işini ýaýbaňlandyrmaga mümkinçilik döretmek boýunça hyzmatlary*<br>- *döwlet, welaýat ýa-da ýerli derejedäki baýramçylyk çärelerini geçirmäge goldaw hyzmatlary we dini guramalaryň işlerine mümkinçilikler döretmek hyzmatlary*<br>- *medeniýet we dynç alyş pudagynyň işine maliýe goldaw hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>- *muzeýleriň we beýleki medeniýet pudagynyň hyzmatlary, 91 bölüme seret*<br>- *döwlet tarapyndan dolandyrylýan kitaphanalaryň we arhiwleriň hyzmatlary, 91.01.1-e seret*<br>- *sport çärelerini guramaga we geçirmäge ýardam etmek hyzmatlary, 93.12.10, 93.19.11-e seret* |
| | | 84.13 | | | Täjirçilik işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça administratiw hyzmatlar |
| | | | 84.13.1 | 84.13.10 | Täjirçilik işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça administratiw hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>- *ylmy barlaglar we synag işläp taýýarlamalar syýasaty we şu sektorda bu serişdeler bilen bagly meselelerde administratiw hyzmatlar*<br>- *goşmaça hyzmatlar we aşakdaky görkezilen meselelere degişli maglumatlary ýaýratma hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>- *ylmy barlaglar we synag taslamalar ulgamynda hyzmatlar, 72 bölüme seret* |
| | | | | 84.13.11 | Oba hojalygy, tokaý hojalygy, balyk tutmak we awçylyk bilen bagly administratiw hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>- *aşakdaky meselelerde döwlet administratiw hyzmatlary:*<br>• *ýer gurluşygy we ýer kadastry*<br>• *agrar özgertmeleri we ýerleri ilatlaşdyrmak* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | • *oba hojalyk bazarlaryny durnuklaşdyrmak*<br>• *weterinar gulluklary*<br>• *zyýan berijilere garşy göreş*<br>• *tokaý hojalygy*<br>• *balyk tutmak we awçylyk*<br>*-edaralar, býurolar we maksatnama birlikleri tarapyndan edilýän, şulara degişli administratiw hyzmatlary;*<br>• *oba hojalykda peýdalanylýan ýerleri gorap saklamak*<br>• *ýerleri özleşdirmek*<br>• *ýerleriñ meliorasiýasy we meýdanlary giňeltmek*<br>• *fermalar tarapyndan ýerine ýetirilýän weterinar hyzmatlary*<br>• *oba hojalygyna zyýan berijileri, parazitleri, ösümlikleriň kesellerini we beýleki zyýanly faktorlary ýok etmek we olara garşy göreşmek*<br>• *oba hojalyk ekinlerine we olaryñ gowulandyrylyşyna gözegçilik etmek*<br>- *şulara degişli administratiiw hyzmatlary:*<br>• *tokaý hojalygy pudagynda işleri düzgünleşdirýän düzgünnamalara degişli*<br>• *agaçlary çapmaga ygtyýarnama bermäge degişli*<br>• *tokaý serişdeleriniñ peýdalanylyşyny rejeli etmäge degişli*<br>• *tokaýlary dikeltmek boýunça işlere degişli*<br>• *awçylyk goraghanalarynyň hem-de balyk köpeldilýän ýerleriň hereket etmegini üpjün etmek we goldamak boýunça administratiw hyzmatlar*<br>• *düzgünnamalary, şol sanda aw awlamagy we balyk tutmaklygy ygtyýarlandyrmak we olara gözegçilik etmek boýunça düzgünnamalary işläp taýýarlamaga degişli administratiw hyzmatlar* |
| | | | | 84.13.12 | Ýangyn-energetika pudagy bilen bagly administratiw hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>- *edaralar we maksatnama birlikleri tarapyndan ýerine ýetirilýän, aşakdakylara degişli administratiw hyzmatlar:*<br>• *gaty ýangyja, şol sanda ony işläp taýýarlamaga ýa-da saklamaga degişli düzgünnamalara*<br>• *nebit we tebigy gaz*<br>• *mineral ýangyçlar*<br>• *ýadro we täjirçilik däl ýangyçlar, ýangyjyñ spirt, odun, agaç galyndylary ýaly görnüşlerini goşmak bilen* |
| | | | | 84.13.13 | Dag-magdan gazyp çykaryjy pudak, mineral serişdeler, işläp bejeriji senagat we gurluşyk bilen bagly administratiw hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>- *edaralar we maksatnama tarapyndan ýerine ýetirilýän, aşakdakylara degişli administratiw hyzmatlar:* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |

- *mineral serişdeleri gözlemäge, işlemäge, saklamaga, marketinge we beýleki önümçilik jähtlerine, şol sanda olary gözlemäge degişli düzgünnamalary işläp taýýarlamaga we olaryň amala aşyrylyşyna gözegçilige degişli hyzmatlary*
- *dag-magdan işiniň standartlaryna we howpsuzlygyna degişli hyzmatlary*
- *işläp bejeriji senagat kärhanalaryny ösdürmäge, giňeltmäge we olaryň ýagdaýlaryny pugtalandyrmaga gönükdirilen hyzmatlary*
- *gurluşyk standartlaryna degişli düzgünnamalary işläp taýýarlamak we ulanmak, işleri geçirmäge hukuk berýän şahadatnamalary bermek we meýdançalarynda howpsuzlyga degişli düzgünnamalaryň durmuşa geçirilişine gözegçilik etmek bilen bagly hyzmatlary*

***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***
*- mineral ýangyçlar bilen bagly administratiw hyzmatlar, 84.13.12-ä seret*

84.13.14 Ulag we aragatnaşyk bilen bagly administratiw hyzmatlar
***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***
*- awtomobil, suw ulaglary, demir ýol, howa ulaglary we aragatnaşyk bilen bagly döwlet administratiw hyzmatlar*
*- edaralar, býurolar we maksatnama birlikleri tarapyndan ýerine ýetirilýän we şulara degişli administratiw hyzmatlar:*
- *gara ýollary, awtomagistrallary we olara degişli desgalary meýilleşdirmek, taslamak, gurmak, degişli derejede saklamak we kämilleşdirmek*
- *ýol düşeklerini we olara degişli desgalary*
- *suw ulaglary üçin desgalary; demir ýollar; aeroportlaryň uçuş-gonuş meýdançalary, terminallar, angarlar, howa nawigasion enjamlary; howa ulagy bilen bagly beýleki hemişelik desgalar we enjamlar*
- *turbageçirijiler we beýleki gurluşlar*

*- görkezilen ähli işlere ýolbaşçylyk etmek we olary tertipleşdirmek, ýokarda agzalan ulag serişdeleriniň ähline we olara degişli desgalar üçin ulanyş düzgünnamalaryny işläp taýarlamagy we amala aşyrylyşyna gözegçilik etmegi*
*- aragatnaşyga degişli administratiw hyzmatlar, ýagny poçta, telefon, telegraf, kabelli we kabelsiz aragatnaşyklar we hemra aragatnaşygy*
*- aragatnaşyk ulgamlaryny meýilnamalaşdyrmak, kämilleşdirmek, peýdalanmak we döwrebaplaşdyrmak bilen bagly hyzmatlar*
*- bu ulgamlar üçin düzgünnamalary işläp taýýarlamak we olaryň ulanylyşyna gözegçilik etmek bilen bagly hyzmatlar*
***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***
*- awtomobil ýollarynda we suw ýollarynda polisiýa edaralary tarapyndan amala aşyrylýan hereketi düzgünleşdirme hyzmatlary, 84.24.11-e seret*

84.13.15 Paýlama we jemgyýetçilik iýmit pudaklary, myhmanhanalar we restoranlar bilen bagly administratiw

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bö-lüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>- *paýlamak, saklamak, ammarda ýerleşdirmek pudaklary, myhmanhanalar we restoranlar bilen bagly döwlet administratiw hyzmatlary*<br>- *aşakdakylara degişli edaralar, býurolar we maksatnama birlikleri tarapyndan ýerine ýetirilýän aşakdakylara degişli administratiw hyzmatlar:*<br>• *lomaý we bölek satuw söwdasyna, alyjynyň hukuklaryny goramak boýunça çäreler, bahalara bölek satuw ýa-da lomaý söwdagärleriň, saklanýan ýerleriň we ammalaryň, myhmanhanalaryň we restoranlaryň işiniň üstünden amala aşyrylýan paýlama ulgamlaryna gözegçilik, degişli düzgünnamalary işläp taýýarlamak we olaryň durmuşa geçirilişine gözegçilik etmek boýunça administratiw hyzmatlar*<br>- *myhmanhanalaryň we restoranlaryň jaýlaryny taslamak we gurmak bilen bagly administratiw hyzmatlar* |
| | | | | 84.13.16 | Syýahatçylyk meseleleri bilen bagly administratiw hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>- *syýahatçylyk we onuň ösüşine ýardam etmek bilen bagly döwlet administratiw hyzmatlary*<br>- *edaralaryň, býurolaryň we maksatnama birlikleriniň ýerine ýetirýän aşakdakylara degişli administratiw hyzmatlary*<br>• *mahabat çäreleri*<br>• *syýahatçylyk maglumatlaryny ýaýratma*<br>• *syýahatçylygy goldamak boýunça beýleki hyzmatlar*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>- *syýahatçylyk guramalarynyň hereket etmegini üpjün etmek boýunça hyzmatlary, 79.90.12-ä seret* |
| | | | | 84.13.17 | Ösüşiň köpmaksatly taslamalary bilen bagly administratiw hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>- *edaralaryň, býurolaryň we maksatnama birlikleriniň ýerine ýetirýän we köpmaksatly taslamalary meýilnamalaşdyrmaga, işläp taýýarlamaga, döretmäge, döwrebaplaşdyrmaga we amala aşyrmaga degişli administratiw hyzmatlary. Şeýle taslamalar adatça energiýa öndürmek, suw basmagyna garşy göreşmek, suwaryş, gämi gatnawlary we dynç alyş üçin niýetlenen toplumlaýyn desgalary döretmegi göz öňünde tutýar.* |
| | | | | 84.13.18 | Ykdysadyýet, söwda we işçi güýji meseleleri bilen bagly umumy administratiw hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>- *edaralaryň, býurolaryň we maksatnama birlikleriniň ýerine ýetirýän aşakdakylara degişli administratiw hyzmatlary*<br>• *umumy ykdysady syýasaty işläp taýýarlamak* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | • *umumy ykdysady işiň eksport we import, söwda bazarlary we paýnamalar bazary ýaly görnüşlerini düzgünleşdirmegi ýa-da goldamagy*<br>• *girdejilere umumy gözegçiligi*<br>• *umumy söwda işine ýardam etmegi*<br>• *monopoliýalaryň işini we söwdany we bazara çykmagy bökdeýän gaýry faktorlary umumy düzgünleşdirmek*<br>• *dürli täjirçilik sektorlaryny düzgünleşdirmek, ygtyýarlylandyrmak we düzgünleşdirmek*<br>*- patent edaralary, söwda markalary we awtorlyk hukuklary boýunça edaralar, howa maglumaty gulluklary, standartlaşdyrma edaralary ýaly institutlaryň işleri bilen bagly administratiw hyzmatlar*<br>*- zähmet şertleri, iş bilen üpjünçilik gulluklary, milli we sebit derejelerinde ösüş babatynda syýasaty amala aşyrmak ýaly işsizligiň derejesini peseltmäge we işçi güýjüniň ykjamlygyny höweslendirmäge gönükdirilen umumy syýasaty we işçi güýji ulgamynda düzgünnamalary işläp taýýarlamak we amala aşyrmak bilen bagly administratiw hyzmatlar* |
| | 84.2 | | | | Umumy jemgyýete hyzmatlar |
| | | 84.21 | | | Halkara gatnaşyklary ulgamynda hyzmatlar |
| | | | 84.21.1 | 84.21.10 | Halkara gatnaşyklary ulgamynda hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- tebigy betbagtçylyklaryň we konfliktleriň netijesinde bosgunlara halkara kömeklerini etmek boýunça hyzmatlary, 88.99.19-a seret* |
| | | | | 84.21.11 | Daşary işler bilen bagly hyzmatlar, daşary ýurtlarda diplomatiki we konsullyk hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- daşary işler ministrligi we daşary ýurtlarda ýa-da halkara guramalarynyň edaralarynda ýerleşýän diplomatik we konsulluk wekilhanalary üçin döwlet administratiw hyzmatlar*<br>*- daşary ýurtlardaky kitaphanalary, okalga otaglaryny we maglumat hyzmatlaryny goşup, milli çäklerden daşarda maglumatlary ýaýratmak maksady bilen, maglumat we medeniýet pudagynda hyzmatlar bilen bagly administratiw, funksional we goşmaça hyzmatlar* |
| | | | | 84.21.12 | Daşary ýurt ykdysady kömegi bilen bagly hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- olaryň halkara guramalarynyň üstünden amala aşyrylýandygyna ýa-da amala aşyrylmaýandygyna garamazdan, ösüp barýan ýurtlara ykdysady kömek bermek bilen bagly döwlet administratiw hyzmatlary*<br>*- edaralar, býurolar we maksatnama birlikleri tarapyndan ýerine ýetirilýän we ösüp barýan ýurtlara harby däl maksatnamalar bilen bagly administratiw hyzmatlary*<br>*- tehniki kömek bermek we hünär taýdan taýýarlamak we maliýeleşdirmek*<br>*- daşary ýurt hökümetleriniň ýanynda akkreditasiýa edilen missiýalaryň ykdysady kömek bermek boýunça işi* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bö-lüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | 84.21.13 | Daşary ýurt harby kömegi bilen bagly hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- edaralar, býurolar we maksatnama birlikleri tarapyndan ýerine ýetirilýän we daşary ýurt hökümetleriniñ ýanynda akkreditasiýa edilen ýa-da halkara harby guramalara ýa-da birleşmelere goşulan missiýalaryñ harby kömek bermek boýunça işi bilen bagly dolandyryş hyzmatlary*<br>*- harby kömegiñ çäklerinde pul kömekleri we karzlar*<br>*- parahatçylygy saklamak boýunça halkara güýçleriň işini üpjün etmek üçin gatançlar, şol sanda adam serişdeleri* |
| | | 84.22 | | | Goranmak ulgamynda hyzmatlar |
| | | | 84.22.1 | 84.22.10 | Goranmak ulgamynda hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- goranmak we onuň bilen bagly serişdeleri ulgamynda ylmy barlaglar we synag işläp taýýarlamalary meseleleri boýunça administratiw hyzmatlar* |
| | | | | 84.22.11 | Harby goranyş ulgamynda hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- harby goranyş meseleleri bilen bagly döwlet administratiw hyzmatlary*<br>*- administratiw, dessin hyzmatlar we gözegçilik boýunça aşakdakylara degişli hyzmatlar*<br>• *harby goranyş we goranyş güýçleri; ýerüsti, deňiz, howa we älem goranyş güýçleri*<br>• *inženerçilik üpjünçiligi ulag we aragatnaşyk*<br>• *añtaw (razwedka)*<br>• *maddy-tehniki üpjünçilik hyzmatlary, işgärler we beýleki harby däl (nestroýewoý) gurluşlaryň we gulluklaryň hyzmatlary*<br>• *goranmak departamentiniñ tabynlygyndaky ätiýaçlyk we kömekçi güýçler*<br>*- enjamlar, desgalar, maddy taýdan üpjün etmek, şeýle hem meýdan şertlerinde harby işgärleri lukmançylyk hyzmatlary bilen üpjün etmek boýunça hyzmatlar*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- daşary ýurt harby kömekleri bilen bagly hyzmatlary, 84.21.13 seret*<br>*- harby tribunal bilen bagly administratiw hyzmatlary. 84.23.11 seret*<br>*- ýöriteleşdirilen harby mekdepler we ýöriteleşdirilen harby-deňiz mekdepleri, institutlar we akademiýalar tarapyndan bilim pudagynda edilýän hyzmatlary, 85.3, 85.4 bölümçelere seret*<br>*- harby hassahanalaryň hyzmatlary, 86.10.1 seret* |
| | | | | 84.22.12 | Raýat goranyşy ulgamynyň hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- raýat goranyşy güýçleri bilen bagly administratiw, dessin we goşmaça hyzmatlar*<br>*- adatdan daşary ýagdaýlarda hereketleriň meýilnamasyny işläp taýýarlamak bilen bagly goşmaça hyzmatlar* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *- raýat institutlarynyň we ilatyň gatnaşmagynda tälim işlerini geçirmek* |
| | | | | | ***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:*** |
| | | | | | *- parahatlyk wagtynda betbagtlyk bolanda adatdan daşary ýagdaýlarda sarp etmek üçin öý hojalyk ätiýaçlyklaryny üpjün etmek bilen bagly hyzmatlary, 84.24.19-a seret* |
| | | 84.23 | | | Adalat we adyl kazyýet ulgamynda hyzmatlar |
| | | | 84.23.1 | 84.23.10 | Adalat we adyl kazyýet ulgamynda hyzmatlar |
| | | | | 84.23.11 | Adalat we adyl kazyýet ulgamynda hyzmatlar |
| | | | | | ***Bu kiçi dereje öz içine alýar:*** |
| | | | | | *- raýat we jenaýat işleri, harby tribunallar we kazyýet ulgamy boýunça kazyýetler üçin döwlet administratiw hyzmatlary* |
| | | | | | *- hökümetiň adyndan ýa-da hyzmatlar hökümet tarapyndan edilýän mahalynda beýleki şahslaryň adyndan kazyýetde wekilçilik etmek we maslahat beriş hyzmatlary* |
| | | | | | *- raýat işleri boýunça jedellere araçy kazyýetde seretmegi goşup, höküm çykarmak we kanunlary düşündirmek bilen bagly hyzmatlar* |
| | | | | | ***Bu kiçi dereje şeýle-de öz içine alýar:*** |
| | | | | | *- hökümetiň tabşyrygy boýunça we öz başlangyjy bilen kanunlaryň hem-de beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny taýýarlamak boýunça hyzmatlar;* |
| | | | | | *- ministrlikleriň pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň, ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna hukuk taýdan seljerme geçirmek we döwlet tarapyndan bellige almak boýunça hyzmatlar;* |
| | | | | | *- kanunçylygy ulgamlaşdyrmagy amala aşyrmak;* |
| | | | | | *- jemgyýetçilik birleşiklerini, gaznalary, dini toparlary we dini guramalary, syýasy partiýalary döwlet tarapyndan bellige almagy üpjün etmek boýunça hyzmatlar* |
| | | | | | *- kanunçylyga laýyklykda dolandyryş edaralarynyň üstüne ýüklenen gaýry meseleler* |
| | | | | | ***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:*** |
| | | | | | *- raýat, jenaýat işleri we beýleki işler bilen bagly maslahat beriş we wekilçilik hyzmatlary, 69.10.1 seret* |
| | | | | 84.23.12 | Jenaýatkärleri tussag etmek ýa-da we öňki hukuklaryny dikeltmek bilen bagly adminitstratiw hyzmatlar |
| | | | | | ***Bu kiçi dereje öz içine alýar:*** |
| | | | | | *- düzediş häsiýetli döwlet hyzmatlary* |
| | | | | | *- tussaghanalaryň ýanyndaky fermalar, düzediş-zähmet koloniýalary, kiçi ýaşly jenaýatçylar üçin düzediş edaralary we gonalgalar ýaly tussaghana we beýleki azatlykdan mahrum edilýän ýerler we jenaýatkärleriň hukuklaryny dikeltme bilen bagly administratiw we dessin hyzmatlar* |
| | | | | | ***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:*** |
| | | | | | *- tussaghana mekdepleriniň bilim ulgamyndaky hyzmatlary, 85 bölüme seret* |
| | | | | | *- tussaghana hassahanalarynyň hyzmatlary, 86.10.1 seret* |
| | | 84.24 | | | Jemgyýetçilik tertibini we howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça hyzmatlar |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bö-lüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | 84.24.1 | 84.24.10 | Jemgyýetçilik tertibini we howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>- *polisiýa barlaghanalarynyň işi, 71.20.19 seret*<br>- *harby ýaragly güýçler tarapyndan edilýän administratiw we dessin hyzmatlar, 84.22.11 seret*<br>- *döwlet häkimiýeti edaralary tarapyndan maliýeleşdirýän regulýar (tertipli) we kömekçi ýangyn toparlary tarapyndan ýangyn söndürmek we ýangynyñ öňüni almak bilen bagly administratiw we dessin hyzmatlar, 84.25.11 seret*<br>- *sil suwlaryna we beýleki tebigy betbagtçylyklara garşy göreş hyzmatlary, plýažlarda gözegçilik gulluklarynyñ hereket etmegini we suwda we daglarda halas ediş işlerini geçirmek boýunça hyzmatlary, şeýle hem ýangyn toparlarynyň şulara meňzeş işleri, 85.25.19 seret* |
| | | | | 84.24.11 | Hukuk tertibini goraýjy edaralaryň hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>- *döwlet häkimiýeti edaralary tarapyndan maliýeleşdirýän regulýar (tertipli) we kömekçi polisiýa güýçleri tarapyndan, şeýle hem port, serhet, kenarýaka gorag güýçleri we gaýry ýörite polisiýa güýçleri tarapyndan edilýän administratiw we dessin hyzmatlary*<br>- *polisanyñ ýol hereketini düzgünleşdirmek, daşary ýurt raýatlaryny bellige almak we polisiýa hasaba alnyşyny ýöretmek bilen bagly hyzmatlary* |
| | | | | 84.24.19 | Jemgyýetçilik tertibini we howpsuzlygyny üpjün etmek bilen bagly gaýry hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>- *umumy administratiw hyzmatlar, düzgünleşdirmek boýunça hyzmatlar we jemgyýetçilik tertibini saklamak we howpsuzlygy üpjün etmek we şunuñ bilen bagly syýasaty işläp taýýarlamak boýunça goşmaça hyzmatlar bilen bagly hyzmatlar*<br>- *parahatlyk wagtynda betbagtlyk bolanda adatdan daşary ýagdaýlarda sarp etmek üçin öý hojalyk ätiýaçlyklary bilen üpjün etmek hyzmatlary we ýokarda agzalan meseleler boýunça maglumatlary ýaýratma hyzmatlary* |
| | | 84.25 | | | Ýangyndan goramak hyzmatlary |
| | | | 84.25.1 | 84.25.10 | Ýangyndan goramak hyzmatlary |
| | | | | 84.25.11 | Ýangyndan goramak hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>- *döwlet häkimiýeti edaralary tarapyndan maliýeleşdirýän regulýar (tertipli) we kömekçi ýangyn toparlary tarapyndan ýangyn söndürmek we ýangynyñ öňüni almak bilen bagly administratiw we dessin hyzmatlar*<br>- *deňiz ýangyn gämileriniň hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>- *tokaý ýangynlaryny habar bermek we söndürmek hyzmatlary, 02.40.10 seret*<br>- *nebit we gaz ýataklaryndaky ýangynlary söndürmek hyzmatlary, 09.10.11 seret*<br>- *aeroportlarda ýöriteleşdirilmedik birlikler tarapyndan* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *edilýän ýangyn söndürmek we habar bermek hyzmatlary, 52.23.19 seret* |
| | | | | 84.25.19 | Gaýry ýangyndan goramak hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>- *ýangyn toparlarynyň beýleki hyzmatlary:*<br>• *sil suwlaryna we beýleki tebigy betbagtçylyklara garşy göreş*<br>• *plýažlarda gözegçilik gulluklarynyñ hereketi, suwda we daglarda halas ediş amallary*<br>• *harby we polisiýa güýçleri tarapyndan edilýän raýat goranyşy boýunça hyzmatlary*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>- *sil suwlaryna we beýleki tebigy betbagtçylyklara garşy göreş hyzmatlaryny, plýažlarda gözegçilik gulluklarynyñ hereket etmegini, suwda we daglarda halas ediş amallaryny üpjün etmek boýunça hyzmatlary, şeýle hem polisiýa güýçleriiň şuña meňzeş işini, 84.24.11-e seret* |
| | 84.3 | 84.30 | | | Hökmany durmuş ätiýaçlandyrmasy ulgamynda hyzmatlar |
| | | | 84.30.1 | 84.30.10 | Hökmany durmuş ätiýaçlandyrmasy ulgamynda hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>- *hökmany däl durmuş ätiýaçlandyrmasy boýunça hyzmatlary, 65-nji bölüme seret*<br>- *durmuş hyzmatlary we durmuş taýdan kömek boýunça (ýaşamagy üpjün etmek muña girýär), 88.10, 88.9-a seret* |
| | | | | 84.30.11 | Näsaglyk boýunça, çaga dogranlygy ýa-da wagtlaýyn zähmete ukypsyzlygy boýunça kömek pullary bilen bagly hökmany durmuş ätiýaçlandyrmasy hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>- *näsaglyk. çaga dogulmagy ýa-da wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk netijesinde girdejiniñ ýitirilmegi bilen bagly kömek pullaryny bermegi goşmak bilen, durmuş ätiýaçlandyrmagy meseleleri bilen bagly administratiw we dessin hyzmatlar*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>- *saglygy goraýyş ulgamynyň hyzmatlaryny dolandyrmak, 84.12.12-ä seret* |
| | | | | 84.30.12 | Döwlet gullukçylarynyň pensiýa üpjünçiligi maksatnamalary, garrylyk, zähmete ukypsyzlyk boýunça we ekleýjiden mahrum bolmak bilen bagly kömek pullary bilen bagly hökmany durmuş ätiýaçlandyrmasy hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>- *döwlet gullukçylarynyň pensiýa üpjünçiligi maksatnamalary, garrylyk, zähmete ukypsyzlyk boýunça we ekleýjiden mahrum bolmak bilen bagly döwlet gullukçylaryna tölenýänden başga kömek pullary bilen bagly döwlet administratiw hyzmatlary*<br>- *zähmet çekmäge ukybyny kem-kästleýin ýa-da doly ýitirmegiñ netijesinde hemişelik girdejiniñ ýitirilen böleginiñ öwezini dolmak üçin durmuş kömegi boýunça döwlet maksatnamalaryny goşmak bilen, iş başyndan gitmegi, pensiýa çykmagy we zähmete ukypsyzlygy bilen bagly döwlet gullukçylary we olaryñ ýitiren ekleýjisiniñ yzynda galan agzalary babatynda maksatnamalara degişli administratiw* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bö-lüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *we dessin hyzmatlar* |
| | | | | 84.30.13 | Işsizlik boýunça kömek pullary bilen bagly hökmany durmuş ätiýaçlandyrmasy hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- işsizlik boýunça kömek pullary bilen bagly döwlet administratiw, dessin we goşmaça hyzmatlar. Durmuş ätiýaçlandyrmasy maksatnamalaryna we işsizlik netijesinde adamlaryň ýitiren girdejisiniň öwezini dolmak boýunça döwlet maksatnamalaryna laýyklykda tölegler goşuldy* |
| | | | | 84.30.14 | Köp çagaly maşgalalar üçin pul kömekleri we çagany eklemek üçin pul kömekleri bilen bagly hökmany durmuş ätiýaçlandyrmasy hyzmatlary<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- eklenjinde çagalary bar bolan öý hojalyklaryna hem-de maşgalalara pul kömegini bermek boýunça döwlet administratiw, dessin we goşmaça hyzmatlar*<br>*- pul kömegi berilýän şahsyň maşgala agzasydygyna ýa-da däldigine garamazdan, eklenjinde çagalary bar bolan maşgalalara pul kömekleri*<br>*- zerurlyklara garamazdan, her çaga üçin öý hojalyklaryna pul kömekleri*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- çaga doglandygy üçin kömek pullary bilen bagly hyzmatlar, 84.30.11 seret* |
| **P seksiýa** | | | | | **BILIM ULGAMYNDA HYZMATLAR**<br>***Bu seksiýa şeýle-de öz içine alýar:***<br>*- fiziki ýa-da psihiki taýdan ýetmezçilikli okuwçylara ýörite bilim bermek, bilimiň her derejesinde* |
| **85** | | | | | **Bilim boýunça hyzmatlar**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:***<br>*- bilim boýunça hyzmatlar, ýurduň bilim standartyna laýyklykda, ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatory (YIGDK) bilen baglylykda seretmeli.* |
| | 85.1 | 85.10 | 85.10.1 | 85.10.10 | Mekdebe çenli bilim boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- adatça, mekdebe çenli çagalar edaralarynda, başlangyç mekdepleriň taýýarlyk synplarynda, mekdebe çenli bilim beriş edaralarynda, kiçi ýaşly çagalar üçin bilim berýän merkezlerde, mekdebe çenli ýaşly çagalara bilim berýän merkezlerde ýa-da başlangyç mekdepleriň ýörite bölümlerinde bilim boýunça hyzmatlar*<br>*Mekdebe çenli bilim (0 derejedäki BHSK) esasan, kiçi ýaşly çagalary mekdep gurşawy bilen tanyşdyrmak, ýagny öý bilen mekdebiň arasynda köpri döretmek üçin döredilen guramaçylykly gözükdirijiniň (instruksiýa) başlangyç döwri hökmünde kesgitlendi*<br>*- mekdebe çenli çagalar edaralary (çagalar bakjasy, çagalar bakja-bagy, çagalar bagy we beýlekiler), mekdebe çenli ýaşly çagalara terbiýe bermäge we olary okatmaga, beden we ruhy saglygyny goramaga we berkitmäge, şahsy gigiýenanyň esaslaryny we sagdyn durmuş endiklerini* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *öwretmäge, şahsy başarnyklaryny ösdürmäge maşgala kömek hökmünde ugrukdyrylan hyzmatlaryny hödürleýär*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- çagalara gündiz ideg etmek boýunça hyzmatlar, 88.91.1 seret* |
| | 85.2 | 85.20 | | | Başlangyç bilim boýunça hyzmatlar |
| | | | 85.20.1 | 85.20.10 | Başlangyç bilim boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- okuwçylara okamagyň, ýazmagyň we matematikanyň başlangyç esasy başarnyklaryny we endiklerini öwretmäge, şeýle hem taryh, geografiýa, tebigy we jemgyýetçilik ylymlary, sungat we saz ýaly gaýry dersler boýunça esasy bilimi bermeklige gönükdirilen maksatnamalary öz içine alýan BHSK -nyň 1-nji derejesinde göz öňünde tutulan bilim boýunça hyzmatlar*<br>***Bu kiçi dereje şeýle-de öz içine alýar:***<br>*- şu derejede ululara sowat bermek maksatnamalary amala aşyrmak boýunça hyzmatlar*<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- çagalara gündiz ideg etmek boýunça hyzmatlar, 88.91.1 seret* |
| | | | | 85.20.11 | Internet ulgamynda aralykdan başlangyç bilim boýunça hyzmatlar |
| | | | | 85.20.12 | Başlangyç bilim boýunça gaýry hyzmatlar |
| | 85.3 | | | | Orta bilim boýunça hyzmatlar |
| | | 85.31 | | | Umumy orta bilim boýunça hyzmatlar |
| | | | 85.31.1 | 85.31.10 | Umumy orta bilim boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- umumybilim berýän mekdepleriň, ýöriteleşdirilen umumybilim berýän mekdepleriň (hünärlerini görkezmek bilen), umumybilim berýän mekdep-internatlaryň we beýlekileriň hödürleýän hyzmatlary. Umumy orta bilimiň aýrylmaz düzüm bölegi hökmünde goşulan bilim boýunça hyzmatlar* |
| | | | | 85.31.11 | Internet ulgamynda aralykdan birinji tapgyryň umumy orta bilim ugrundan hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- köplenç halatda özüniň ýöriteleşen ugrundan sapaklary geçirýän belli bir ugurlarda ýöriteleşýän mugallymlaryň hyzmatyndan peýdalanmak bilen, maksady başlangyç bilim derejesindäki esasy endikleri we başlangyç derejede bilimleri öwretmegi tamamlamakdan durýan, BHSK-nyň 2-nji derejesinde Internet ulgamynda aralykdan okatmak ulgamynda hyzmatlar.*<br>*Bu hyzmatlar okuwçylary hünärleriň we sapaklaryň belli bir derejesi üçin göni görnüşde taýýarlamak ýa-da hünär ýa-da tehniki bilimiň mundan beýläkki maksatnamalaryny öwrenmek üçin niýetlenmedik okuwdan ybaratdyr*<br>***Bu kiçi dereje şeýle-de öz içine alýar:***<br>*- şu derejede ululara sowat öwretmek maksatnamalaryny amala aşyrmak boýunça hyzmatlar* |
| | | | | 85.31.12 | Birinji tapgyryň umumy orta bilim ulgamynda gaýry hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- köplenç halatda özüniň ýöriteleşen ugrundan sapaklary* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *geçirýän belli bir ugurlarda ýöriteleşýän mugallymlaryň hyzmatyndan peýdalanmak bilen, maksady başlangyç bilim derejesindäki esasy endikleri we başlangyç derejede bilimleri öwretmegi tamamlamakdan durýan, BHSK-nyň 2-nji derejesinde okatmak ulgamynda hyzmatlar*<br>*Bu hyzmatlar okuwçylary hünärleriň we sapaklaryň belli bir derejesi üçin göni görnüşde taýýarlamak ýa-da hünär ýa-da tehniki bilimiň mundan beýläkki maksatnamalaryny öwrenmek üçin niýetlenmedik okuwdan ybaratdyr*<br>***Bu kiçi dereje şeýle-de öz içine alýar:***<br>*- şu derejede ululara sowat öwretmek maksatnamalaryny amala aşyrmak boýunça hyzmatlar* |
| | | | | 85.31.13 | Internet ulgamynda ikinji tapgyryň umumy orta bilim ulgamynda hyzmatlar |
| | | | | 85.31.14 | Ikinji tapgyryň umumy orta bilim ulgamynda gaýry hyzmatlar |
| | | 85.32 | | | Tehniki we orta hünär bilimi ulgamynda hyzmatlar |
| | | | 85.32.1 | 85.32.10 | Tehniki we orta hünär bilimi ulgamynda hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine almaýar:***<br>*- dynç almak, gyzyklanma we özüňi kämilleşdirmek maksatlarynda derejesi boýunça kesgitläp bolmaýan bilim ulgamynda hyzmatlar, 85.5 seret*<br>*- sürüji hünärmenleri okatmak üçin niýetlenilmedik awtomobil sürüjilik mekdepleriniň hyzmatlary, 85.53.11seret*<br>*- iş ýerlerini hödürlemezden durmuş hyzmatynyň bir bölegi hökmünde işde okatmak hyzmatlary, 88.10.13, 88.99.13 seret* |
| | | | | 85.32.11 | Aralykdan tehniki we orta hünär bilimi ulgamynda hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- köplenç halatda özüniň ýöriteleşen ugrundan sapaklary geçirýän belli bir ugurlarda ýöriteleşýän mugallymlaryň hyzmatyndan peýdalanmak bilen, maksady başlangyç bilim derejesindäki esasy endikleri we başlangyç derejede bilimleri öwretmegi tamamlamakdan durýan, BHSK-nyň 2-nji derejesinde Internet ulgamynda aralykdan okatmak ulgamynda hyzmatlar*<br>*Bu hyzmatlar maksady okuwçylary goşmaça okatmazdan belli hünäre girişmekligi üçin taýýarlamakdan durýar. Bu maksatnamalar üstünlikli tamamlanandan soň zähmet bazary üçin möhüm hünär ele alynýar.* |
| | | | | 85.32.12 | Birinji tapgyryň tehniki we orta hünär bilimi ulgamynda gaýry hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- köplenç halatda özüniň ýöriteleşen ugrundan sapaklary geçirýän belli bir ugurlarda ýöriteleşýän mugallymlaryň hyzmatyndan peýdalanmak bilen, maksady başlangyç bilim derejesindäki esasy endikleri we başlangyç derejede bilimleri öwretmegi tamamlamakdan durýan, BHSK-nyň 2-nji derejesinde okatmak ulgamynda hyzmatlar*<br>*Bu hyzmatlar maksady okuwçylary goşmaça okatmazdan belli hünäre girişmekligi üçin taýýarlamakdan durýar. Bu maksatnamalar üstünlikli tamamlanandan soň zähmet* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bölüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | *bazary üçin möhüm hünär ele alynýar.* |
| | | | | 85.32.13 | Internet ulgamynda ikinji tapgyryň tehniki we orta hünär bilimi ulgamynda hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- 2-nji dereje bilen deňeşdirilende onda öz ugurlarynda ýokary hünär derejesi we ýöriteleşen ugry bolan mugallymlar bolan, ýöriteleşme derejesi ýokary (BHSK-nyň 3-nji derejesi) maksatnamalar boýunça Internet torunda aralykdan okatmak ulgamynda hyzmatlar.*<br>*Adatça şu derejede maksatnamalaryň dürli ugurlary we görnüşleri hödürlenýär. Hakykatda, 3-nji derejäniň biliminiň tamamlanmagy – bu ýokary bilimiň maksatnamalaryna girişmek üçin iň pes talap bolup durýar. Şu kiçi derejä goşulan hyzmatlar maksady okuwçylary goşmaça okatmazdan belli hünäre girişmekligi üçin taýýarlamakdan durýar. Bu maksatnamalar üstünlikli tamamlanandan soň zähmet bazary üçin möhüm hünär ele alynýar.* |
| | | | | 85.32.14 | Internet ulgamynda ikinji tapgyryň tehniki we orta hünär bilimi ulgamynda gaýry hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- 2-nji dereje bilen deňeşdirilende onda öz ugurlarynda ýokary hünär derejesi we ýöriteleşen ugry bolan mugallymlar bolan, ýöriteleşme derejesi ýokary (BHSK-nyň 3-nji derejesi) maksatnamalar boýunça Internet torunda aralykdan okatmak ulgamynda gaýry hyzmatlary*<br>*Adatça şu derejede maksatnamalaryň dürli ugurlary we görnüşleri hödürlenýär. Hakykatda, 3-nji derejäniň biliminiň tamamlanmagy – bu ýokary bilimiň maksatnamalaryna girişmek üçin iň pes talap bolup durýar. Şu kiçi derejä goşulan hyzmatlar maksady okuwçylary goşmaça okatmazdan belli hünäre girişmekligi üçin taýýarlamakdan durýar. Bu maksatnamalar üstünlikli tamamlanandan soň zähmet bazary üçin möhüm hünär ele alynýar* |
| | | | | 85.32.15 | Hünär taýýarlygy ulgamynda hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- bilim edaralarynyň, degişli ygtyýarnamasy bolan bilim ugurly bolmadyk kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň okuw bölümlerinde, umumybilim edaralarynda, diňleýjilere belli bir çylşyrymly bolmadyk işi, işler toplumyny, şeýle hem degişli hünär derejesi we ygtyýarnamasy bar bolan hünärmenlerden şahsy taýýarlyk tertibinde zerur bolan endikleri çaltlaşdyrylan görnüşde öwretmek hyzmatlary* |
| | | | | 85.32.16 | Başlangyç hünär bilimi ulgamynda hyzmatlar<br>***Bu kiçi dereje öz içine alýar:***<br>*- dürli görnüşli başlangyç hünär bilimi edaralarynyň (başlangyç hünär okuw mekdepleri, liseýler we beýlekiler), şeýle hem degişli ygtyýarnamalary bolan orta hünär we ýokary hünär bilimi edaralarynyň umumy orta bilimiň binýadynda jemgyýete peýdaly işleriň ähli esasy ugurlary boýunça zähmet çekmek üçin hünärleri bolan* |

1-nji görkezgijiň dowamy

| Bö-lüm | To-par | Klas | Dereje | Kiçi dereje | Ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
